**TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI**
**TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY**

# WARKA – GÜLŞA

## (Türkmen halk dessany)

**Çapa taýýarlan**
**Nury Seýidow**

**AŞGABAT «MIRAS» 2005**

**UOK 398+894.361**
**W18**

**W18** **Warka–Gülşa. (Türkmen halk dessany)**. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 — 160 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A.Mämmetjumaýew,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda ilkinji gezek okyjylara ýetirilýän «Warka – Gülşa» dessany halkymyzyň geçmişde döreden ajaýyp edebi-ruhy gymmatlyklarynyň biridir. «Warka – Gülşa» dessany Görogly beg Türkmen eýýamynyň irki döwürlerinden bäri bütin Gündogar halklarynyň hem-de türkmen halkynyň arasynda ýazuwly çeşmeleriň üsti bilen giňden ýaýrapdyr we dilden aýdylýan halk döredijilik eseri hökmünde hem meşhur bolupdyr. Okyjylar şu kitap arkaly «Warka – Gülşa» dessanynyň türkmen halkynyň arasynda bar bolan birnäçe nusgalary bilen tanşyp bilerler.*

**TMMMM №32**

**TDKP №109** **2004** **KBK 82+84Tür7**

© Warka–Gülşa, 2005 ý.
© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
© N.Seýidow, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# WARKA — GÜLŞA

## (Dessanyň ýazuwly nusgasy)

Hamd we sena edasyndan soňra, bihasap salawatlar aýdýarys. Habarlary hekaýat edijiler, eserleri rowaýat aýdyjylar taryhy seýr edip, söz miwelerini mejlis saçaklaryna häzirläp, many merjenlerini beýan riştelerine nazm edip düzüpdirler. Sagadat kitabynyň eýesiniň, älemiň jenabynyň on sekiz müň älemden saýlanynyň, «Pelekleri seniň üçin ýaratdym»[1] diýleniň[2] zamanynda beni şeýban atly bir musulman kabyla bardy. Olaryň iki sany mert, jomart, sahawatly we merhemetli serdarlary bardy. Olar mydama adalatyň ýolundan çykman hökümrowanlyk ederdiler. Biriniň ady Helal bawepa, ýene biriniň ady Hemam hoşlyka erdi. Atlary Helal we Hemam, jeň meýdanynda hemmelere serkerde, çapyksuwarlyk we oýunbazlyk meýdanynda gözleri ýanyp duran, ökde ok atyjylardy. Şeýbanlar kabylasy hökümdarlaryna tabyn we boýun erdiler.

Elgaraz, ikisiniň hatyny hamyladar bolup, gözleri röwşen we päk boldy. Olaryň garnynda çagalar täze we ter bolup öser erdiler. Dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat ötenden soň, bir gijede ikisi hem dogrup, gözleri röwşen boldy. Hemamyň

---

[1] Şeýle mazmunly hadys bar.

[2] Bu ýerde Muhammet pygamber göz öňünde tutulýar.

hatyny ogul, Helalyň hatyny gyz dogurdy. Ol gyz çaganyň adyna Gülşa goýdular. Oglanyň adyna Warka goýdular. Şol gijede bir eneke ikisiniň göbeklerini kesip, bir-birine peýwende kyldy. Kabylanyň şeýle däbi bardy, bir gijede doglan oglan bilen gyzy adagly etseler, göbeklerini bir-birine peýwent kylar erdiler we ikisini bir enekä terbiýelemek üçin berer erdiler. Bu iki çagany bu zamanda hiç kim görmändi we hiç bir dide şeýle hoşsurata düşmändi. Onuň üçin eneke bulary göz-dilden saklap, ähtiýaçlylyk bilen terbiýeläp, her tarapdan edep-tilsimler öwrederdi we gahar-gazapdan, betkärlerden gorap saklar erdi. Daşaryk çykmaga ejazat ýok erdi.

Indi yşk syrlaryndan beýan we aýan eýlesek, bu çagalar bir sagat bir-birlerini görmese, bahar ýagşy kimin zar-zar ýyglardylar. Baý-baý, eneden dogma yşk kimiň köňlüne täsir kylsa, ahwal zary şeýle bolar eken. Eger käte dil bile syryny aýdarga gurbaty gelmese, köňül bile syr yşgyny arz eýlärdiler. Bularyň ikisiniň boý-syraty şeýle bir görkana we gözeldi, eger bir kişi bir mertebe görse, geň galyp, barmagyny dişlärdi.

Bu iki serwi kamatly il içinde ösüp ýetişenmi ýa-da bagy Eremde terbiýet tapanmy?! Bularyň yşklary köňüllerinden aşyp, göýä çemenzarlykdaky bilbil bolup, bir-biriniň yşkynda saýraýyşlary, bir-birege Leýli-Mejnun kibi muştak boluşlary dogrusyndaky gürrüňler köp şäherlere ýaýrap, bütin arap kabylalarynyň mejlisleri bularyň gürrüňleri bilen röwşen we nurly bolardy. Hususan-da, beni şeýban kabylasy bulary görende şady-horram bolardylar.

Elkyssa, atalary bu iki çagany ylym-edep öwretmäge ussada tabşyrdylar. Üýtgeşik iki çagany ylym-edep bilen has-da nurlandyrmak üçin mekdebe eltdiler. Şeýlelikde, ikisi hemişe öýden mekdebe, ýene mekdepden öýe hemra bolup gelerdiler. Şol ýagdaýda olar gije hem gündiz hemradylar.

Şol kämil ussatdan  gazal, mugamma beýtler we şygyrlar öwrenerdiler. Hatlary misli gözeliň zülpleri kimin owadan boldy. Sowatlary doly çykdy.

Hemam bawepa ogluny uruş, jeň, naýza, şeşmir we tüpeň atmak hünärlerine ökde bolsun diýip, sypagärlige tabşyrdy. Erse, ol jananlar bu bahana bilen bir-birinden jyda düşüp, hijr we pyrak oduna ýandylar. Hary-zar bolup, bimarlyk bilen horlanyp, tamdyranyň tary kimin inçelip, hallari gara saç kimin gara boldy. Bir-biriniň wysalyndan jyda bolup, pyrkat ody bilen eda bolup, her zaman bir-biriniň ýüzlerini görmäge jan-dilden muşdak bolup ýyglardylar.

Erse, Helal hem Gülşany sypagärlik hünärine tabşyrdy, iki muşdagy bir-birege wysal etdiler. Ikisi hanjar, naýza oýnatmakda ökde bolup, örän uruşgan boldular. Olardan uçan guşlar gutulmazdy. Birnäçe wagtlardan soňra sypagärlik hünärini tamam edip, hünärment boldular.

Erse, göýä iki miwe bişip, barça kabylanyň gözlerine äşgär bolup, bir-birege jübüt etmeklige mynasyp gördüler. Kabylanyň uluglary ýygylyp, Helal bilen Hemama arz etdiler:

— Bu iki ömür bagynyň miwesi bişipdir, iki muşdak biri-biriniň yşk silinden ganyp, kemala ýetişseler ýagşy bolgaý – diýdiler. Erse, olar muny kabul etmekligi laýyk görüp, toý esbaplaryny taýýarlamaga meşgul bolup, toý etmäge bil bagladylar.

Hemme toý esbaplaryny taýýar etdiler. Barça kabylalara habar edip, suhangöýleri we bagşy-sazandalary jemlediler. Gijelerini hoşluk we noşluk bilen bezmler edip, gündizlerini desterhan ýazyp, elwan nygmatlaryny saçdylar. Gopuz, naý, tanbur, gyjak, berbet, rubap bilen hemme köňlüllerden gam zeňini sap etdiler. Bazygärler katlaryny rast kylyp, el we aýaklaryny hereketlendirip, raksa meşgul boldular.

Agşam Warka Gülşa näzenini tabşyrmakçydylar. Emma bular pelegiň keç hile-pirim häsiýetlerinden bihabardylar. Mähirhoşwagtlygyň ýerine gaýgy-hasratlaryň gelmeginden gapyldylar.

Beni şeýban kabylasynyň ýanynda beni sap atly bir betkerdar, ganhor, kapyr kabyla bardy. Ol kabylanyň serdary sütemkär we betbagt Beni Amr atly bir näletsiňendi. Oňa bir ýaramaz kişi Gülşanyň Warka bilen arasynda bolan wakalary beýan kyldy. Ol näletsiňeniň beýnisinde yşkyň ody tutaşyp, gaýybana görmezden aşyk bolup, seri mest boldy we aýtdy:

— Ony atasyndan talap kylar men. Eger-de bermese, tohum-tijini gyrar men – diýdi we:

— Köp sansyz leşger jem bolsun! – diýip jar çekdirdi.

Kämil ýaraglanan ýüz-müňlerçe leşgeri, pälwanlary jem kylyp, ýola düşdüler. Ýolda bir kişi ýolugyp, habar aýtdy:

— Şu wagt Warka bilen Gülşany nikalamaga toý edilip, hemme biçäreler han yhsanyndan razy bolup, ahyrky işi enjam tapyp galdy.

Erse, Beni Amr bu kyssany eşidip:

— Gülşany nikalap alyp, gunçasyny perişan kylgandan soňra, ol perişandan ne peýda – diýdi. Telbe we gamgyn bolup, gözünden ýaş akdyryp, ýyglamaga başlady. Adyny we namysyny arka taşlady. Pikire çümüp, ýylan kibi towlanyp baryp:

— Mundan ýagşy maslahat ýok, hüjüm edip, ol kabylanyň daş-töweregine sap-hatar çekeliň, meger Gülşany şeýdip, gola wasyl kylsak gerek – diýdi we:

— Hemme leşger ýaraglanyp taýýarlansynlar – diýip emr etdi.

Elkyssa, beni şeýban kabylasy duşmanlardan bihabar bolup, aýyş we rahatlyk bilen toýda hyzmata meşguldylar. Ol lagynlar

şeýle bir hüjüm kyla başladylar, hiç kimiň atlanyp, şol melgunlara garşy çykmaga pursaty bolmady. Hemmeler haýran we serasyma bolup, hiç zady zabt etmäge pursat bolmady. Hemme mal-mülk talaňa düşdi. Şol jeňde Gülşanyň alnyp gidileninden hemmeler bihabar galdylar. Gülşa biçäre özüni şol lagynlaryň golunda bendi görüp, nala we zar-zar bilen misli baharyň ýagşy kimin ýyglap, ol ýar janynyň wysalyny arzuw we towakga edip bu gazaly okady. Gazal bu turar:

Daryga, çarh janymga hemme jebri-jepa eýläp,
Gam-u hesret bile ýar-janymdan jyda eýläp.

Hudaýa, dost-hyşandan jyda düşgen perişan men,
Ki duşman destinde halym zabun mübtela eýläp.

Eýa, ýarym, uzak etdi pelek senden bu mahzunny,
Ki duşman muddagasyn hasyl etdi hem sapa eýläp.

Hyýaly wasyldyr, jany-dilimde muddagaýy hem,
Eger ýetgürse bizlerni pelek bize wepa eýläp.

Eý, bady-saba, aýgyl habar ol ýary-janymga,
Esiri-natuwan Gülşa janyny pida eýläp.

Elkyssa, ol lagyn hilegär bu biçäre Gülşany ýesir edipdi. Gülşany tanap: «Köňül maksady hasyl boldy» diýip, öz kabylasyna leşgeriň jylawyny yza öwürmäge emr eýledi.

Beni şeýban kabylasy bu perişan haldan özlerine gelip, Gülşany agtaryp görseler,ony duşman zabun kylyp alyp gidipdir. Birden hemmeler ahy-efgan kylyp, gözýaşlaryny gan mysaly

akdyryp başladylar. Kabylanyň hemme serdarlary jem bolup, emirleriniň gaşlaryna gelip, maslahat etdiler. Warka aýtdy:

— Leşger jem kylyp, yzyndan barar men – diýdi . Onda kowum serdarlary aýtdylar:

— Bu wagt garaňky, haýran bolup nirä bararyňy bilmersiň, hemme heläk bolar, sabyr etgil, gündiz bolanda hemme uly-kiçi jem bolup, duşmanyň damagyndan dud-damaryny çykaryp, ýene Gülşany özümiz alyp geleris. Takat we sabyr kylsak, ýagşy bolar. Bu gije içaly we aýýarlary iberip, habar alyp göreli, ol hilegäriň haýsy kabyladan we haýsy milletden ekenin bilip barsak, ýagşy bolar —diýip, aýýarlaryny hem şol gijede iberdiler. Gündiz bolmazdan aýýarlar habar getirdiler: «Ol kowum başbozar kabyla beni sapdan, kapyr, betbagt, betkerdarlar ekenler» diýdiler.

Erse, sabyr kyldylar. Erte bolup, gün äleme nur çaýdy, asman firuza reňkden doly boldy. Kabyla Hemam bilen Warkanyň serdarlygy bilen jem bolup, ýarag dakynyp, özlerini urşa taýýarlap, kemerlerini billerine mäkämlediler. Çapyksuwarlar jem bolup, her tarapdan pälwandarlykdan söz urup, surnaý, kernaý we nagara bilen sähralary owaza getirip, şol kowumdan jasuslaryň tutup getiren adamsyna ýol başlatdylar. Ýöräp şol dinsiz kowumlaryň duran sährasyna ýetip, çadyr dikip, ol ýerde dynç aldylar.

Emma onda Gülşa gözünden gan gatyşan ýaş döküp, sagat-ba-sagat yşk zaryny çekip aglardy. Melgun Beni Amr Gülşanyň gaşyna gelip aýtdy:

— Eý, näzenin now-nahal, gaýgy-hesret kylma, meni özüňe şol Warkanyň ornuna ýaru-hemdem kylsaň, görüp duran bu döwletiň we ululygyň hemmesi seniňki bolar. Ol Warkanyň muhabbetini köňlünden çykar, eger şeýtmeseň, başyňdan umy-

dyň bolmasyn. Ol Warka meniň ýanymda adammy? Meniň nökerlerim bilen hem barabar adam däldir.

Hernäçe şular ýaly sözler bilen Gülşany özüne imrindirmäge jan etse-de, Gülşa hiç bir mertebede oňa nazar etmän, aglamakdan gaýry söz aýtmady we onuň sowalyna jogap bermedi. Onda Beni Amr lagyn aýtdy:

— Eý, peri-peýker. Sen bu ýerde durgun, seniň gözüň alnynda ol Warkanyň ganyny döküp, köňlüňi ondan üzmesem bolmaz.

Beni Amr gaharlanyp, Gülşanyň gaşyndan çykyp, bargähine bardy. Serkerdeleri bilen şerap içmäge meşgul boldy. Ol melgunyň adamlaryndan bir kişi gelip habar berdi:

— Warka köp leşger bilen seniň bilen uruşmaga gelipdir. Häzir gaýra goýmak ýagşy däldir – diýdi. Ol melgun derhal emr etdi:

— Leşger bir jaýa jem bolsunlar!

Ol tarapdan Warkanyň leşgeri garşyma-garşy geldi. Iki leşger hatar düzüp durdular. Warka leşgerine:

— Tende jan barka uruşmaga jem-jäht boluň – diýdi.

Ol tarapda Beni Amr lagyn gazap bilen Gülşanyň gaşyna gelip aýtdy:

— Eý, peri roý, köp ýyglamagyl, gadamyňa altyn-kümüş, lagl, zümerret, göwher saçar men. Ýene baryp, gözüň alnynda Warkanyň işini tamam kylyp, ganyny döküp, başyny alnyňa getirer men – diýip, söz gazabyny kylsa hem, Gülşa oňa hiç bir jogap bermedi we oňa bir gezek hem seretmedi. Onda ol dinsiz lagyn gahary gelip:

— Eý, Gülşa, indi seni çadyra berk baglamasam, hetdiňden ötüp, meniň sözüme gulak asmaz sen – diýip, kementler getirip, çadyra mäkäm baglap goýdy. Gije bolsa onuň gaşynda nökerleri bilen ol peri-peýker hakynda näsaz sözler sözläp out-

rardylar. Dembe-dem hemle edip kast kylardylar. Emma Gülşa Haktagalanyň jenabyna töwekgel tamam kylyp, nala-zar ederdi. Nökerleri meý içip, käsesinde galanyny ol näzeniniň ýüzüne seperdiler. Hemme hemsöhbetleri çykyp, çadyr boşap galandan soň, Beni Amr Gülşa garap:

— Indi işiňni tamam kylar men – diýip, ýakyn bolmaga kast kyldy. Emma şerap oňa gaty täsir edip, özüni saklap bilmän, bihuş bolup ýykyldy. Gülşa bu melguny bu halda görüp, Allatagala nala-zary kylyp aýtdy:

— Eý, hemme yns-jansyň perwerdigäri! Bu men biçäre garybyň zalym golunda bendiligimi biler sen we meni bu agyr-mähnetden halas etmäge gudratly sen. Bu zarlygymy ol ýarjanyma ýetirgil.

Gije bolup, garaňky düşensoň, hemmeler uka meýil eden wagtynda ýüregi ýaraly Warka ýaraglaryny dakynyp, garaňky gijede tenha özi ol otparaz näpäkiň çadyryna rowana boldy. Hudawende äleme mynajat kylyp aýtdy:

— Eý, Hudawende jahandar, garyplara özüň gamhor sen, bu işimi özüňiň keremiň bilen haýr etgeý sen, ol habyp we dostuň Muhammet Mustapa sallallahy aleýhi wesellem üçin.

Warka biçäre Gülşanyň duran çadyryna ýakynlady. Garawullaryň owazlary ýok bolup, uka giden wagtynda çaltlyk bilen Gülşanyň duran çadyryna bardy, görse, Gülşa daňylgy bendi halda eken. Gülşa hem Warkany görüp, nala-efgan we perýat edip başlady. Onda Warka teselli berip:

— Ýuwaş bolgul, bu lagyn birden ukudan oýanmasyn – diýdi. Baryp Gülşany bentden azat edip, ony özüniň leşgeriniň arasyna getirdi. Mundan hiç kimiň habary bolmady. Leşger Warka bilen Gülşany görüp,hemmeler Warka «aperin» diýip, doga etdiler we şol wagtda şadyýanlyk owazlaryny tagty pelege ýetirdiler.

Beni Amr melgun ukudan oýanyp görse, Gülşany alyp gidipdirler. Bir tarapdan nagaranyň, kernaýyň owazy älemi tutupdyr. «Bu gowgalar ne üçindir?» diýip sorady. Dergazap bolup, leşgerlerine: «Uruş ýaraglaryny saz kylyň» diýip buýurdy. Leşgeri hem derhal meýdana rowana boldular. Bu tarapdan yslam leşgeri hem ýaraglaryny üpjün edip, meýdana geldi. Iki leşger bir-birine garşy durdular. Beni Amr lagyn at oýnadyp, meýdana gelip aýtdy:

— Meniň köňlümiň mydary, ýar-janymy ogurlan Warka kaýdadyr?! Meýdana gelsin, oňa zäherli şeşmerimden ölüm şerbetini dadyraýyn.

Warka uruş ýaraglaryny dakynyp, meýdana barmakçy bolanda, Gülşa näzenin gunça kibi lebleri bilen aýtdy:

— Eý, näzenin ýigit, siz sabyr kylsaňyz, men baryp ol melgun bihaýanyň kärini kylaýyn.

Onda Warka:

— Siz sabyr ediň, bu işi men serenjam kylaryn– diýip, hernäçe ýalbarsa-da täsir etmedi. Gülşa naýza we şeşmer dakynyp, ýüwrük at münüp, meýdana rowana boldy. Ol melgunyň ýolun tutup:

— Haý-haý, eý, melgun betkerdar, owwalda meni gaflatda wagtym bent kyldyň. Indi rehimsiz gylyjymyň tygyndan janyňy halas etjegiňi hyýalyňdan çykar – diýip hemle urdy. Emma bir hemlesin, iki hemlesin, üç hemlesin ret kyldy. Ýene ol lagyn Beni Amr näzenin Gülşany ýesir etdi. Gülşa näsaz sözler, sögünçler aýtdy.

Warkanyň janyna ataş düşüp, çydam-ygtyýary gidip, meýdana barmakçy boldy. Onda Warkanyň atasy:

— Eý, gözümiň nury we köňlümiň serweri, sen barmagyl, ol melgun güýçde rüstemdir, indi men oňa baraýyn, menden

soňra ýurt we serdarlyk saňa bolar – diýip, meýdana rowana boldy we duşmanyň ýolun tutdy. Beni Amr lagyn aýtdy:

— Owwalky hüjüm seniňki, hüjüm kylgyl.

Hemam päkden üç ýola hüjüm etdi, ol melgun ret etdi.

Elkyssa, arada kyrk hüjüm ret boldy. Ahyry ol melgun Hemamyň atynyň aýagyna urdy. At ýykyldy. Pursatyny tapyp ol Hemamy şehit kyldy. Warka atasynyň gana boýalyp, toprakda ýatanyny görüp, ýüz nala-zar bilen baryp, atasyny meýdandan getirdi.

Ol melgun bihaýa:

— Eý, Warka, ataňa ýyglamagyl, meýdanyma gelseň, saňa hem ölümiň şerbetini içirip, ataňyň ýanyna iberer men – diýdi.

Warka atyna atlanyp, meýdana bardy we garşy durup:

— Eý, melgun! Ol meniň atam garran adamdy. Indi menden görersiň, başyňda näme heňňamlar bolar, sen munuň ýaly hetdiňden aşyp sözläp, lap kylma, bir garryny öldüreniň bilen meýdan merdi bolanyň ýok– diýdi.

Ol melgun bu sözi eşidip, gazaby başyna çykyp, atyny urup, Warka naýza bilen hüjüm etdi. Warka ret kyldy. Ýene hüjüm etdi. Ony hem ret kylyp, galkan tutup durdy. Ýene gylyç bilen hüjüm etdi. Ony-da ret kylyp, Warka hem üç ýola hüjüm etdi. Ol hilegär duşman ret etdi. Gün jahan zeminiň üstüni örtüp, gije gara çadyrasyny älem nuruna perde etdi. Şol wagt iki tarapdan owaz geldi. Iki pälwan her haýsy öz leşgerine rowana boldy.

Beni Amr baryp, dynç alyp:

— Gülşany getiriňler – diýip emr etdi. Nökerleri Gülşany getirdiler. Ol melgunda hiç takat galmady. Gülşa garap:

— Eý, näzenin, peri-roý, göwnüň näme bilen hoş bolsa, men kemine guluň oňa tagalla edip, amala getireýin. Başyňa zer we göwherlerden täç goýup, ýüpek matalar, atlaslar bilen

zynat kylaýyn. Islegiň näme bolsa ony bitireýin, bir sagat maňa boýun bolup, şirin söz bilen köňlümi awlasaň, gulam kibi hyzmatyňda mäkäm duraýyn. Eger ýagşylygy isleseň, bet islegim bolmaz – diýen ýaly sözler bilen arzyny beýan etdi.

Gülşa bir hile etmese, özüne zyýan boljagyny bildi we:

— Eý, pälwan, sen ýaly güýç-kuwwatly batyr bolmaz. Maňa dünýäniň simu-zeri gerekmez, emma seniň dek meýdanyň merdi, kerem-yhsanly ýagşy kişi gerek. Emma men aýal, seni dost tutunsam hem Warka dogrusynda köp endişede durar men —diýdi.

Ol dinsiz bu sözleri eşidip, wagtyhoşlugyndan Gülşanyň başyna göwherler seçip aýtdy:

— Eger isleseň, bir demde Warkanyň ömrüni gysga edeýin ýa-da diriligine bent edip gaşyňa getireýin, ýer bilen ýegsan edeýin. Senin razylygyň näme bolsa, ony ýerine salaryn.

Bu sözleri aýdyp, ol gije sabyr edip, ertire çenli dynç aldy.

Älemi ýagtyldyjy gün asman giňişliginden gara gijäni kowlap, nur saçyp ugrady. Iki leşger bir-birine garşy durdular.

Indi ikinji gezek hilegär pelek bu iki aşyk-magşuga kast edip, başlaryndan mähnetler getirdi. Beni Amr lagyn at oýnadyp, meýdan sary rowana boldy. Bir mert meýdan talap edip aýtdy:

— Warka meniň zor güýjümi gördi, özüne garap, ýaraglaryny dakynsyn, soňra puşeýman bolmasyn – diýdi.

Onda Warka ýüwrük aty zerteň-zeberteň kylyp, onuň üstüne münüp, birnäçe oýunlar bilen naýza we şeşmer oýnadyp, meýdana merdanalyk äşgär kylyp geldi. Beni Amr lagyn muny görüp, haýbatlanyp, däli-lerzan boldy.

Elkyssa, iki arlaýan şir bir-birine garşy at çapdyryp geldi. Warkanyň aty bir çukura düşüp ýykyldy, Warka pyýada galdy. Her tarapdan kementler taşlap, Warkany zary ýesir edip al-

dylar. Muny bu halda Gülşa görüp, bedeninde takat galmady. Gülşa zary-biygtyýar bolup, ýyndam at münüp, çadyrdan çykyp, Beni Amr lagynyň gaşyna baryp aýtdy:

— Eý, meýdanyň merdi, güýjüň-kuwwatyň zyýada bolup, duşmanlaryň sernegüwn bolsun! Bu başbozary ajap kylyp bent kyldyň. Muny meniň goluma berseň, men ony ýüz hili azap bilen ganyny döküp, jan näpäkinden älemi päk kylaýyn. Çünki bu Warkadan jepa-azarlar gören men. Onuň jezasyny häzir kylaýyn, äleme ybrat bolsun.

Onda Beni Amr munuň sözüni rast pähim kylyp, Warkany Gülşaga tabşyryp, öz çadyryna rowan boldy.

Gülşa Beni Amryň bir guly bilen Warkany alyp gelýärkä, ýolda Warka birnäçe näsaz sözler sözläp kemsitdi. Onda Warka biçäre bu işlere haýran bolup aýtdy:

— Ýa, Rep, bu niçik ters gelen bagt, men bu Gülşany magşugym diýip, özüme munça bela we mähnetleri ygtyýar etsem, munuň maňa wepasy beýle bolarmy?! Hatynlaryny Allatagala aslynda egri ýaratmyş, bularyň hyýalyndan wepa tama edip bolmaz. Beýik-beýik ezizler sözi bar, üç zatdan wepa tama edip bolmaz. Biri hatyndyr, seniň bilen elli ýyl barabar hemhana bolup, ömrüne sabr kylsa, senden soňra bir gerdeni ýogyn ýigidi tapsa, onuň bilen bolup, aýş-eşret eýlär. Ýene biri atdyr, seniň goluňdan bäş ýyl, on ýyl tagam iýip semrese hem, bir ogry münse, onuň astynda çapyp gider. Ýene biri gylyçdyr, sen ony hernäçe ätiýaç bilen saklap goýsaň hem bir duşman gelip, ony özüňe çapsa, kesmän durmaz.

Bu mazmunlaryň pikirinde Warka biçäre misli mar kibi towlanyp durdy. Gülşa ol gulama aýtdy:

— Maňa bu gylyjyňy ber, men munuň başyny kesip, köňlümi dynç kylmasam bolmaz – diýip, golundan gylyjyny alyp, onuň özüne şeýlebir urdy welin, gulam iki bölek bolup,

ýere düşdi. Derhal Warkany bentden halas edip, ol gulamyň atyna mündürip, goluna gylyç bilen naýzasyny berdi. Onda Warka Allatagala hamdu-senalar aýdyp, ol bidinlere şeýlebir hüjüm etdi welin, dag-sähralarny duşmanlardan depe-depe edip taşlady. Mundan Beni Amr habarly bolup, meýdana girip, garşy çykdy. Warka bir zarp bilen onuň hem işini tamam edip, ýalňyz özi şunça duşmanlara özüni urup, şeýle bir hüjüm etdi welin, hiç kim takat kylyp bilmän, hemme duşmanlar dag-sähralara gaçdylar.

Bulara olardan köp baýlyklar galyp, şady-horramlykda öz jaýlaryna ýeňiji bolup rowana boldular. Iki ýar hemdem Warka we Gülşa duşmandan köňülleri arkaýyn bolup, gözleri bir-birleriniň didarlaryna röwşen bolup, karar aldylar. Beni şeýban kabylasynyň hemmesi hoşhallyk bilen niçe wagt rahatlykda ýaşadylar. Näçe günden soňra kabylanyň uluglary ýygnanyp maslahat etdiler:

— Indi ketdämiz Helala arz kylyň, Gülşa peri-asany Warka rüsteme nika kylsyn – diýşip, Helalyň gaşyna gelip, habarlaryny beýan etdiler. Onda Helal:

— Men hem şol hyýaldadym. Emma hatynyma hem bir maslahat edeýin, ondan ne söz çykar – diýip, mekir hem aýýar hatynyna bu sözleri aýtdy. Onda ol näkes kemakyl aýtdy:

— Howa, Warka bilen Gülşany adagly kylypdyk. Emma Warkanyň atasy ölüp, dünýäliginden zat galmady. Toýuň harajatlaryna puly ýokdur. Bizler hem gyz berip, hem özümiz lazym zatlary etmesek ýagşy bolmaz, tä pul tapýança men ony kabul etmerin.

Onda Helal:

— Eý, hatyn! Owalky ähte wepa kylmak lazymdyr. Beýle sözleme, ýagşy däl – diýip, hernäçe nesihat etse hem kär etmedi. Bulary bu jedelde goýuň.

Warka «Gülşanyň enesi senden pul talap edýär» diýip habar berdiler. Onda ol Warka zar-zar ýaz ýagşy kimin ýyglap:

— Daryga, Hemam dek atamdan aýryp, dünýäde simu-zere mätäç edip, ýetimlik derdini başyma salyp, meni pelek beýle zary-binowa kyldy —diýip, öz-özi pikire batdy. Ýadyna düşdi, Ýemen şäherinde Selim şa diýen daýysy patyşady. Özüne aýtdy:

— Şol daýyma gulamymy ibersem, ondan mal-mülk getirse, Gülşanyň enesine berip, Gülşany nikalap alsam – diýip, gulamyny çagyrdy.

Oňa:

— Indi sen Ýemen baryp, Selim şa daýymdan Gülşanyň toýuna derkar boljak sim-zer getir —diýdi. Onda ol gulam bendelik kemerini biline mäkäm baglap, Ýemen tarapa barmaga karar etdi. Derhal sapar esbaplaryny taýýarlady. Warka daýysyna nama ýazdy. Owwaldan tä ahyra çenli habaryny beýan we aýan edip, özüniň ýetim bikesligini we pakyr binowalygyny äşgär edip, namany orap, gulunyň goluna tabşyrdy. Gulam Ýemen sary rowana bolup gitdi.

Bu ýerde Warka ol gulamyň ýoluna hemişe garardy. Ýemen tarapdan mal-kerwen gelse, munda umyt gunçasy açylmazmy diýip, bir tarapdan intizarlygy, bir tarapdan şowuk ýary bolup, alty aý geçirdi. Emma gulamdan hiç bir habar bolmady. Adamlar: «Gulam Ýemende ýok bolup gitdi» diýip, teýene edip başladylar. Warka bu sözleri eşidip, säherler ah tartyp ýyglardy. Muny Gülşa görüp, ol hem gözünden ganly ýaşlaryny döküp ýyglardy. Ahyry Warkanyň takaty tak bolup, özi Ýemen tarapa sapar kylmakçy bolup, sapar esbaplaryny taýýarlamagyň aladasyny etdi. Onda Gülşa Warkanyň hereketinden pähimläp, gözünden ýaşyny akdyryp, arz-ahwalyny Warka aýtdy:

— Eger seniň wysalyňdan bir sagat jyda bolsam, jisimimde jan galmaýar we bir dem aram mende bolmaýar. Senden aýrylyp, niçik diri bolaýyn – diýip, köp ýyglady.

Onuň nala-zaryna Warkanyň köňli bozulyp:

— Eý, ýary-mähribanym we tenimde janym! Men ol ýere baryp, simu-kümüş, zer-altyn hasyl kylyp gelmesem, eneň maňa seni bermez. Bolmasa, öz ygtyýarym bile senden asla jyda bolmaz men. Näme ederin, Allatagala kysmaty şeýle edipdir, meni atamdan jyda kylyp, men biçäräni binowa kylyp, köňlümi ýüz ýerden çäk-çäk etdi—diýdi.

Şular ýaly sözler bilen ikisi biri-biri bilen sözleşdi. Ahyry Gülşa:

— Sen gideňsoň, ýadyma düşeniňde köňül ýarama melhem bolar ýaly ýadygär üçin bir zat berseň, ony görenimde ýüregimiň köýügine suw sepilen ýaly bolar – diýdi.

Warka aýtdy:

— Meniň hem umydym şoldy. Sen hem ýadygär bolar ýaly bir zat berseň. Maslahat şu, men bir ýüzügimi saňa bereýin. Sen ýüzügiňi maňa ber.

Onda Gülşa ýüzügini Warka berip, Warkanyň ýüzügini goluna salyp aldy. Gülşa Warka rugsat berip:

— Indi seni Allatagala amanat tabşyrdym—diýip, Warkany Ýemen sary rowan kylyp, ýüz agy-hesret bilen ýyglap galdy.

Warka atyny mäkäm zerteň-zeberteň kylyp, özüne ýaraglaryny dakynyp, Gülşa bilen hoşlaşyp, gözünden ganly ýaşlar akdyryp, Ýemen sary rowan boldy.

Warka gije-gündiz ýeke özi Hudaýa bil baglap, nala-zary bilen ýol ýöredi. Bir ýandan ýaryndan jydalygynyň derdi, ýene bir tarapdan özüniň garyplygynyň gam-gussasy jigerini kebap kylyp, gije-gündiz menzilleri we ýollary ýöräp geçdi. Tötänden

ýolda bir kişi uçrady. Warka ondan Ýemeniň ahwalyndan we Selim şanyň ýagdaýyndan habar sorady. Onda ol kişi:

— Ýemeniň we ýene Selim şanyň ahwalyny ne üçin sorar sen, menden onuň ahwal-zaryny soramagyl, onuň şäherini Antar şa diýen otparaz sansyz leşger bilen gelip gabady. Antar şa Selim şany altmyş serkerdesi bilen tutup, zyndana salyp goýupdyr. Selim şanyň weziri biraz leşger bilen galanyň içinde gabalyp galdy. Bu gün ýa erte onuň şäherini dyr-pytrak edip alar – diýdi we Warkadan:

— Eý, nowjuwan ýigit! Rast aýtgyn, haýsy jaýa ýöriş kylyp gidip barar sen? – diýip sorady.

Warka:

— Men ajaýyp şäherleriň tomaşasy Ýemene azym-sapar kylyp barar men – diýdi we Ýemeniň ýoluny sorap, atyna gamçy urup, kä ýyglap, Hudaýa nala-zary edip baryberdi. Warka:

— Bu nähili bagtsyzlyk bolar, bir ýandan ýar näzeniniň jydalygy we bir ýandan ýoldaky nähoş habar, men keminäniň ýanan jigerini bu gamlar para-para kylyr – diýip ýöräp, ýary gijede Ýemen şäheriniň etrapyna bardy. Görse, gala we derwezeler berk ýapyk eken. Hemme tarapyndan sansyz leşger gabap alypdyr. Gijäniň ýarynda derwezäniň astyna baryp owaz etdi:

— Derwezäni açyňlar, men size ildirin, duşman däldirin.

Onda derwezeban:

— Bu ýerde biraz togap kyl– diýip, weziriň ýanyna baryp habar berdi:

— Galanyň düýbüne bir nowjuwan ýigit gelip: «Men size dost men, duşman däldirin» diýer – diýdi.

Onda wezir ornundan turup, derwezäniň üstüne gelip, arkan sallap, Warkany alyp, onuň nurana ýüzüne nazar kylyp:

— Ne ýerden geldiňiz, ýurduňyz haýsy şäherdedir, aslyň, kabylalaryň ne bolar – diýip, her bapdan sowal berdi. Onda Warka jogap berdi:

— Men beni şeýban kabylasyndan, atamyň ady Hemam, özümiň adym Warka. Selim şa maňa daýydyr.

Wezir onuň aýagyna özüni taşlap:

— Sizlerge köp namalar iberdim. Emma berlen jogap bolmady. Bu gören dinsiz otparazlaryň Selim şany altmyş emiri bilen ýesir edip, bende saldy. Biziň ahwallarymyz köp zabundyr. Indi alaçsyz gaçyp, galanyň içinde galyp ýatyrys. Seni görüp, köňlümiz dok, ýüreklerimiz abat boldy – diýdi. Warkany orda alyp baryp, teýine zerrin kürsüler goýdy. Onda Warka aýtdy:

— Men bu hallardan habarly däldim. Kerwenlerden bir kişi bu hallaryňyzdan habar aýtdy.

Wezir aýtdy:

— Indi maslahat näme bolar? Biziň başymyzdaky wakalaryň enjamyny nähili tapar siz? – diýip, arzy-halyn beýan etdi. Onda Warka:

— Enşalla, erte gün äleme çykanda, gije gündize geçende, şäherden çykyp jeň esbabyn taýýarlap, ol kapyr lagynlaryň başyna kyýamat salar men – diýdi. Hemmeler şady-horram bolup, daň atýança çeng, rubap bilen nagma, sazlar edip bezm etdiler.

Älemi yşyklandyryjy gün dogup, gijäniň garaňkylygy gidip, gündiziň röwşenligi münewwer boldy. Erse, hemme leşger jem bolup, şäheriň derwezesini açyp, Warka bilen ol leşgere garşy durdular we tebil jeňiniň sedasyny ýedinji pelege ýetirdiler. Bu sedalar Mälik Antaryň gulagyna ýetdi.

— Bu niçik gowga? – diýip geň galyp, haýran bolup sorady. Weziri jogap berdi:

— Eý, patyşahy älem! Döwlet size ýar bolsun! Ol Ýemeniň leşgeri, şalary we emirleri bize ýesir bolansoň, olaryň hemmesi özlerinden umytlaryny üzüp, şäherden daşary çykyp, her tarapa gidip, janlaryny biziň gylyjymyzdan halas etjek bolup, gowga turuzýarlar.

Onda ol Antar bidin gaharlanyp:

— Leşgeriň hemmesi baryp, olaryň ýollaryny tutup, birini goýmany öldürsinler – diýip emr etdi.

Leşgerler gelip garşy durdular. Uruş dessurlaryny düzdüler. Bu tarapdan Warka at oýnadyp, niçe hünär we bazylar kyldy welin, iki leşger hem täsin we aperin kyldylar. Warka owaz edip aýtdy:

— Eý, bidinler! Biliň we habarly boluň. Meniň adyma Warka Hemam ogly diýerler. Beni şeýban kabylasyndan men. Hany, meýdan merdi kim bolsa, meniň meýdanyma gelip, zäher suwy berlen gylyç dadyp, jähennemiň tagtynda otursyn – diýip, pälwan talap etdi.

Onda Antar patyşanyň gahar-gazaby göterildi. Onuň bir pälwany bardy. Oňa:

— Ol nowjuwan ýigidiň kärini kylgyn – diýip emr etdi.

Ol pälwan ýaraglanyp, taýýarlanyp, meýdana baryp, Warkanyň ýoluny tutdy. Warka gylyjy bilen onuň biline şeýle bir urdy welin, ol iki bölek bolup, ýer bilen ýegsan boldy. Warka ýene pälwan talap etdi. Ýene biri garşysyna çykdy. Onuň hem başyna şeýle bir urdy welin, aty bilen dört bölek boldy. Gepiň keltesi, ol gün Warka tä gijä çenli altmyş pälwany toprak bilen barabar kyldy. Gije bolup, aram tebilini urdular. Iki leşger öz düşleglerinde karar tapdylar. Wezir Warka köp täsinler we aperinler bilen:

— Seni Hudaý ýaman göz we ýaman nepesden öz çäksiz hemaýatynda hemişe aman saklap, döwletiňi biziň başymyzdan

uzak etmesin. Ata-babalaryňy Allatagala öz rehmetine ýakyn etsin. Sen ýaly döwrüň seýrek pälwany olardan doglup, bizlere saýa-saýawan bolup dur – diýdi.

Olar şähere girip, derwezäni mäkämläp, sazandalary getirip, gije bezme meşgul boldular. Ol tarapda patyşa Antar ýüz ahynala we efgan bilen bergähinde aram aldy. Gepiň gysgasy ýagşy, iki leşger öz jaýlarynda dynç aldy. Ýene gün dogup, älem röwşen, gündiz boldy. Iki tarapdan bir-birinden öçli leşger sap düzüp, tebil jaňyny kakdylar. Birden Warka jeň meýdanyna atyny oýnadyp gelip birnäçe hünär we bazy bilen pälwan talap etdi. Mälik Antar tarapyndan birnäçe meýdan mertleri gelip, tyg ýarasy bilen älem panydan älem bakyga göçdüler.

Elkyssa, Warka ýüz pälwany ýok etdi. Onsoň Warkanyň meýdanyna hiç kimiň gelmäge bogny ysmady. Warka neda kylyp:

— Eý, Mälik Antar! Bu iberen adamlaryň hemmesini jähenneme odun kylyp iberdim. Indi ne üçin özüň çadyrda ýatyrsyň!? Meniň meýdanyma gelseň, seni hem olaryň jaýyna ibersem – diýdi. Onda Mälik Antar gazaba münüp, leşgerine garap:

— Ol näzenin zyba ýigide birden hemmäňiz hüjüm ediň – diýdi.

Onsoň niçe müň duşman Warkany orta alyp, birden hüjüm etdiler. Warka leşgeriň köplüginden gorkman, ýeke özi şunça leşgere özüni urdy. Käsini bedryg tygy bilen iki bölek edip, käsini naýza bilen jäheneme iberdi, käsini ýaý bilen urdy. Gepiň keltesi, onuň ýaly jeň we onuň ýaly uruş hiç ýerde hiç wagt bolmandy. Şeýle jeň bäş güne çenli boldy. Gijesi aram alardylar. Gündizi jeň bolardy. Ýene tebil aram uruldy, hemme jaý-jaýlaryna baryp, aram aldylar. Ol tarapda Mälik Antar, Selim şa, bu tarapda wezir we ýene Warka. Wezir Warkanyň aýagyna baş urup:

— Eý, pälwan! Roýy-zybanyňa gert melamat bolmasyn! Bu gije biraz aram algyl – diýdi we astyna zerrin kürsi getirip, köp hormat bilen Warkany zerrin kürsüde oturdyp, birnäçe sazandalary jem edip, şeraplar getirip, aýşy-bezmlere meşgul boldular.

Ol tarapda Mälik Antaryň bir ýehudy dana weziri bar erdi. Çözülmesi kyn meseleler onuň aýdany bilen çözülerdi. Mälik Antar ol wezire:

— Eý, wezir dana! Bu pälwan nownahal uruş tälimlerinde göýä Zalyň asly ýaly. Nädip we nireden bu ýerde peýda boldy, ýalňyz özi meniň hemme pälwanlarymy ýer bilen barabar kyldy – diýdi.

Wezir betbagt derrew jogap berdi.

— Bu nowjuwan pälwan, Rüstem nyşan Selim şanyň jöwherzadasy bolar. Onuň ady äleme Warka pälwan diýlip meşhurdyr. Warka çar tarapa at salyp, daýysy Selim şany talap kylar. Bu hüjüm, jeň-jedel şol daýysy üçindir. Indi maslahat şol, erte gündiz bolanda bir perman kylyň, jeň meýdany tarapda bir dar dikip, Selim şany emirleri bilen dara asyň. Şonda Warka daýysynyň ölenini görüp, howalasy pür bolup, bulary taşlap gider – diýdi. Şeýle maslahata gelip goýdular.

Bu tarapda Warka wezire aýtdy:

— Erte bolanda maňa iki ýüz meýdan merdi ýigitleri beriň, olar meniň yzymdan at goýsunlar. Allatagala ýar bolsa, Selim şany emirleri bilen halas ederin – diýip karara geldiler.

Gün dogup, gije gündize öwrüldi. Ol tarapdan Mälik Antaryň leşgeri hatar düzüp, bu tarapdan wezir bilen Warka sag we çep tarap leşger düzüp çykdylar. Birdenkä meýdanyň öňünde ol duşmanlar dary taýýar edip, Selim şany emirleri bilen daryň astyna getirdiler. Warkanyň bulary görüp, durara takaty galmady. Allatagala mynajat kylyp aýtdy:

— Perwerdigär-ä, özüň biçäreleriň dadyna ýetiji sen.

Allatagalanyň hezretine sygnyp aýtdy:

— Eý, leşger! Häzir pursat ganymatdyr. Iş işden geçensoň, puşman peýda etmez – diýdi.

Onda wezir:

— Eý, Warka şir-jyýan! Özüňiz ýagşy bilersiňiz. Daýyňyz ornuna bize ýol görkeziji siz. Näme perman kylsaňyz, permanyňyzdan boýun towlamarys. Emrleriňize boýun bolup, ýerine ýetireris – diýdi.

Warka:

— Gijeki taýýar eden iki ýüz adama emr eýläň. Hemme ýaraglaryny dakynyp, taýýar bolup dursunlar. Men duşman leşgerine özümi uraryn. Allatagala ýar bolsa, olaryň patyşasyny bendi alar men. Selim şa bilen emirlerini halas etmäge uruş etsinler – diýip, wezirden pata alyp, «Halylla Alla» diýip, jigeri ýakyjy bir nagra urup, özüni sansyz leşgere urdy. Göýä goýna böri degen dek, haýsy tarapa özüni ursa, ol tarapyň çaňyny asmana çykarardy. Käte tyg bedarygy bilen niçeleriň başyny teninden jyda ederdi, käte naýza abdary bilen parran urup, syha kebap düzen dek ederdi, käte tyg bilen synasyna urardy welin, arkasyndan parran öterdi.

Ol iki ýüz meýdan merdi hem otparaz bidinler bilen urşup, Selim şa we emirlere ýetip baryp, şol altmyş emiri halas etdiler. Emma Selim şany halas etmäge pursat bolman galdy. Uruş wagtynda Warka patyşa Antar duçar boldy. Warka tyg bedarygy bilen ony aty bilen iki bölek etmek isläp, bir hüjüm etdi. Emma ol lagyn özüni atdan ýere taşlady. Tyg baryp ata degdi, atyň boýnundan iki bölüp taşlady. Warka derhal çaltlyk bilen kemende patyşany bent edip, jeň meýdanyndan süýräp alyp gitdi. Kim onuň ýoluny tutsa, iki bölüp taşlady. Meýdan jesetleriň ganyndan gülgün boldy.

Warka şa Antary ýesir edip, weziriň huzyryna getirdi. Wezir:

— Aram tebilini uruň! – diýip, emr etdi. Iki leşger bir-birinden jyda bolup, öz jaýlarynda karar tapdylar.

Wezir Warkanyň başyndan tylla teňňeler seçdi:

— Berekella, pälwan, Rüstem döwran! Bu zamanda sen ýaly pälwany hiç kim gören däldir, belki hiç kim eşiden däldir. Allatagala seni ýaman gözden saklasyn – diýip, birnäçe dogalar bilen ýat etdi.

Şäheriň hemme halky bilen goşun gijeden tä sähere çenli hoş bolup, gowga etdiler. Ol tarapda şa Antaryň weziri bilen leşgerleri haýran bolup, çäresiz näme etjeklerini bilmän galyberdiler. Hemme esgerler ol wezir dana gelip aýtdylar:

— Biziň işimiz nähili bolar, indi maslahat näme bolar. Bir tarapdan patyşamyzyň gamy, bir tarapdan bu pälwan nowjuwanyň bize zarby niçik bolar?

Onda ol wezir ýehudy:

— Olara men bir mekirlik ederin, şahymyz halas bolar. Erte gün çykyp, gündiz bolsa, söze ussat dana adamlary ilçilige ibereris. Olar şeýle diýerler: «Eger patyşalaryňyzdan umytlaryňyz bolsa, biziň patyşamyzy beriň we siz hem patyşaňyzy alyň». Maslahaty bir ýere jemläp, karar edip goýdular.

Erte bolup, gün älemi münewwer we röwşen kyldy. Hilegärlikde, mekirlikde baryp ýatan ussat adamlardan birnäçesini ilçi edip, Warkanyň tarapyna iberdiler. Ol adamlar efsun kitabyň bap, fasyllaryny okap aýtdylar:

— Eger-de siz biziň şahymyzy alyp baryp, Selim şany alyp gaýtsaňyz, biz şahymyzy alyp, bu ýerden göçüp gideris we ýene size il bolup, hiç bir jähtden duşmanlyk etmeris, belki dostlugy yzhar ederis. Eger-de biziň aýdanymyz ýaly etmeseňiz, biz derhal Selim şanyň ganyny dökeris – diýdiler.

Onda wezir aýtdy:

— Bularyň maslahaty ýagşy maslahatdyr.

Şa Antary berip, Warkany ibermekçi boldular. Ilçiler aýtdylar:

— Indi il bolanymyzdan soňra biri-biriň gaşyna ýaragsyz barmak ýagşy bolar.

Warka köňlüne ynanman, içinden ýaragyny dakynyp, olar bilen ýöredi. Olar ýolda birnäçe jeň adamlaryny gizläp, ýolda goýupdylar. Bular Selim şany halas edip alyp gelýärkäler, olaryň elinden ýene Selim şany ýesir almalydylar. Şeýle hile bilen öz şalaryny halas etjekdiler we Selim şany ozalky ýaly ýesirlige aljakdylar. Emma ykbal bularyň hilesiçe bolmady.

Warka içinden şeşmerini gizläp bardy. Ýolda Selim şany getirýän wagtynda olar birden hüjüm etdiler. Warka pyýada ýalňyz özi şeşmerlerini gynyndan çykaryp, hüjüm edip başlady, göýä goýna böri ýeten dek, ol melgun mekkarlary bir-birine goşman, hemmesini haýrana goýup uruş etdi. Hemme kapyrlar öz başyny gutarmaga razy bolup, gaçmaga başladylar.

Warka sag-salamat Selim şany getirdi.

Hemme leşgerler, wezir emirler Warka tähsin edip we aperin aýdyp, doga etdiler:

— Bu nowjuwan ýigidi Allanyň özi ýaman gözden, asmanyň we ýeriň apatyndan hemme wagt aman saklap, arzuwyna ýakyn pursatda ýetsin – diýdiler. Selim şa Warkanyň boýnundan gujaklap, maňlaýyndan posa kylyp aýtdy:

— Hoş geldiň, meniň hassa janyma şypa bolduň! Eger sen sebäp bolmadyk bolsaň, biz bu bidinleriň golundan heläk bolardyk.

Warka köp hormatlar edip, zerrin kürsi getirip, onuň üstünde oturtdylar. Selim şa hem tagtyň üstünde oturyp, başyna zynatly täjini, egnine ýüpek-atlas lybaslaryny geýip, aýşy-para-

gata meşgul boldular. Ol tarapda şa Antar bidin leşgerleriniň hemmesini jemläp, maslahat edip başlady. Ol hilegär wezire garap:

— Bu namysa meniň asla etagatym ýokdur. Eger gaýdyp gidäýsem, hemme şalaryň arasynda ygtybarsyz we masgara bolaryn. Eger-de gitmän jeň etsem, ol nowjuwan we pälwan hemme leşgerimi ýok eder. Bütin älem meniň leşgerimden gorkup, lerzana gelerdi. Bir adamdan heder edip, gaçyp gitmek namys-ar bolar. Munuň maslahatyny ediň – diýdi. Onda ol wezir:

— Men bir pikir edip durun, orta atsam neneň bolar? – diýdi.

Şa:

— Aýdyň, näme pikir edýäň?

Wezir ýehudy:

— Gije bolanda meýdanda bir oý-çukur gazyp, üstüni basyryp goýarys. Leşgerler biri-birine hüjüm eden wagty, elbetde, ýigit hemmeden öň at oýnadyp meýdana geler we pälwan talap eder. Biz tarapdan bir adam çykyp, gören ýoly bilen baryp, oňa näsaz sözler sözläp gaçar, Warka onuň yzyndan kowup gelip, hendege ýykylar. Oňa her tarapdan kement taşlap, tutup alarys – diýdi.

Erse, hemme birden weziriň maslahatyna aperinler diýip, ony laýyk bildiler. Gije boldy. Birnäçe adamlar meýdana baryp, bir hendek gazdylar. Hendegiň üstüni ot-çöp bilen basyrdylar.

Erte daň atyp, gün çykyp, älem röwşen boldy.

Ol bidin lagynlar tebil jeňini kakdylar, hemmeler ör turup, aýaga galdylar. Bu ýandan Selim şa, wezir we Warka leşgerleri bilen sap-sap bolup, meýdany tutdular. Iki leşger bir-birine garşy durupdylar. Warka şir dek, at oýnadyp, meýdana geldi.

Her hili oýunlaryny, uruş tälimlerini görkezip, pälwan talap etdi. Emma hiç bir pälwan Warkanyň meýdanyna çykmady. Mälik Antaryň tarapy jansyz adamlar dek hiç bir hereket etmäge ýagdaýy ýokdy. Ahyry Warka gaýratyna bäs edip bilmän, ýeňlen leşgere özüni urmak üçin at oýnadyp baran wagtynda, atynyň aýagy ol hendege düşüp, Warka atyň üstünden hendege ýykyldy. Mälik Antar ony görenden, birden at goýup, her tarapdan kement taşlap, Warkany bendi edip aldylar. Selim şa Warkanyň ýesir düşenini görüp, köp hesret we gam-pyrkatlar bilen şähere tarap at goýdy. Ýüz gam-külpet bularyň başlarynda. Müň aýşy-paragat ol duşmanlarda. Olar gijeler uklaman hoşluk bilen aýşy-eşrete meşgul boldular. Mälik Antara şerap täsir edip, mest bolup, gazaby gelip, gaharlanyp, ýarym gije jellatlaryny çagyryp, Warkany görkezip:

— Munuň başyny teninden jyda ediň – diýdi we Warka garap näsaz sözler aýtdy:

— Eý, akmak, meniň niçeme pälwanlarymy näme etdiň? Indi görgül, seniň başyňa nähili heňňamlar düşer.

Onda Warka Mälik Antara jogap berdi:

— Eý, melgun! Meni hile-mekir bilen bent etdiň. Bu işi erkek adam etmez. Bu hatynlaryň işidir. Men meýdana gelip, pälwan talap etdim. Sen mekir-hile bilen hendege düşürip, hendege saldyň. Enşalla, Allatagala öz gazan çukuryňa özüňi düşürer. Emma sen meni öldürersiň diýip gorkmaryn. Goluňdan näme gelse, şony et. Men saňa boýun bolup ýalbarmaryn we ölüm howpundan gorkmaryn. Sen bir hatyndan hem kemräk, itden ýagşyrak otparaz melgun sen – diýdi.

Onda ol lagynyň gahary zyýada bolup, jellatlaryna buýurdy:

— Muny tiz alyp baryp, ganyn döküň.

Ol zaman Warka öz-özüne nala-zar edip:

— Eý, daryga! Ol ýar janymy görmän, onuň wysalyna gowuşman we ondan bir mertebe köňül islegine ýetmän, ýüz hesret-gam bilen didar kyýamata galana meňzeýär – diýip, Allatagala arzyn köňlünde eda kyldy. Jellat hanjaryny çaljak bolup eglendi we munuň nala-zaryna rehimi gelip tagapyl edip:

— Eý, ýigit! Bu halda munça nala-zary çekmegiň ne üçindir, maňa aýtgyl, köňlüňde näme arzuwlaryň bar – diýende, Warka:

— Eý, jellat! Dünýäde aşyk we magşuk sözüni eşiden we görenmi sen ýa-da birine aşyk bolduňmy, dertsizler aşyk biçäräniň halyny näbilsinler! – diýdi.

Jellat:

— Eý, nowjuwan ýigit, sen özüňi, aslyňy we nesliňi aýtgyl – diýdi.

Warka:

— Meniň adym Warka Hemam ogly. Menzil mekanym Mekge etraplarynda durar. Gülşa diýen aý ýüzli, Ýusup surata aşyk men. Öljegime gam iýmes men, emma ol ýary janymdan jyda düşmekden nala-zar çeker men – diýdi.

Onda ol gulam bir ah bilen jiger daglap, Warkanyň aýagyna ýykyldy:

— Eý, janymyň garaňkylygyna çyrag we eý, ýüregimiň ýarasyna melhem. Men seniň Selim şa nama ýazyp iberen şol gulamyň. Men näçe menzil ýol söküp, Ýemene geldim. Görsem, şäheriň töweregine leşger dolup, gabap ýatyr. Selim şa bilen görüşmek mümkin bolmady. Bu esgerleriň içinde galyberdim. Mälik Antar meniň şekil-şemaýylymy görüp, özüne ýakyn nöker edip, jellatlyk emel berdi. Şondan bäri şu ýerde men – diýip, Warkanyň bentlerini çözüp, özi leşgeriň içinden iki sany ýyndam at getirdi. Soňra:

— Owwal şähere baryp, Selim şany seniň gamyňdan halas edeli, ol seniň derdiňden bagry birýan, ýüregi suzandyr. Emma onuň ýanyna sowgatly barmak gerek bolar. Bisowgat barmagymyz ýagşy bolmaz – diýip, Warka bilen ikisi Antaryň bergähine kast edip barsalar, hemme leşgerler jansyz adam ýaly gatap galypdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan Mälik Antaryň çadyryna bardylar. Görseler, Mälik Antar meslikden bihuş bolup, ýykylyp galypdyr. Şol sagat jan alyjy şemşir bilen başyny kesip, torba salyp aldylar. Galanyň astyna gelip, derwezebanlary çagyryp, özleriniň gelenlerinden nyşan berdiler. Onda olar:

— Kim bolar siz? – diýende, Warka:

— Men Warka, Hallak älem meni bentden halas etdi – diýdi. Hemmeler birden Selim şaga:

— Warka bir gulam bilen galanyň teýinde dur – diýip habar berdiler.

Selim şa bu hoş habardan göýä ölülikden direlen ýaly boldy. Derhal derwezäni açdylar. Bular girdiler. Selim şa ylgap gelip, Warkanyň boýnundan gujaklap ýüzünden posa aldy we :

— Eý, janymyň melhemi! Halyň niçik we ahwalyň nähili? Ol melgunyň bendinden niçik halas bolduň? – diýdi.

Warka:

— Allatagala meni bentden halas etdi – diýip, Mälik Antaryň başyny orta taşlady.

Selim şa doga edip:

—Ylahy dünýä ahyr bolýança ömrüň baky bolgaý! Ýaman gözden we ýaman nepesden tä kyýamata çenli Allatagala özüniň hemaýatynda saklasyn! – diýip, şäher adamlaryna emr etdi:

— Hemmeler ellerinie şem alyp, derwezeleriň üstüne çykyp oýun etsinler.

Hemme halaýyklar ellerine şem aldylar. Şäheriň içi göýä, gündiz dek röwşen we münewwer boldy. Oýun, şatlyk tebilini kakdylar.

Ähli kapyrlaryň leşgerleri ukudan oýanyp, haýran bolup, şanyň bergähine baryp görseler, şanyň teni bar, emma başy ýok. Hemmeler ýakalaryny ýyrtyp, gözlerinden ýaşlar akdyryp, başlaryna toprak saçdylar. Bütin leşger şol wagtda öz başyny alyp, her tarapa gitdiler. Musulmanlar bolsa,şol gijäni şatlyk bilen ötürdiler.

Erte görseler, hemme kapyrlar gaçyp gidipdirler. Hemme aldyranlaryny alyp, kapyrlar tarapdan Selim şanyň köňli ynjaldy. Ähli oljalaryny Warka berdi. Warka:

— Eý, daýy mähribanym! Maňa indi rugsat berseňiz, tizräk ol ýar dildarymyň didary bilen gözüm röwşen bolsa – diýdi.

Onda Selim şa:

— Eý, gözümiň röwşeni! Sen geleniň bäri bir dem hem dynç almadyň. Men hem gam mähnetinden gutulyp, seniň köňlüňi şat edebilmedim. Indi arkaýyn bolup, seni köp zyýapatlar bilen köňlüň gam poslaryny aýryp, hoş we horram bolup, birnäçe wagt rahatlyk ederis – diýip jogap berdi.

Warka bialaç bu şäherde bir aý tagapyl etdi. Indi bulary bu ýerde aýş-paragatda goýuň, birnäçe sözi Şam patyşasyndan eşidiň.

Şamda bir patyşa bardy. Oňa Muhsyn diýerdiler. Özüniň adyna laýyk haýyr-yhsan bilen meşhurdy. Onuň saçak-yhsanyndan şa-geda minnetdardy. Özi hudaýparaz, ybadata maýyl ýagşy patyşady. Günlerde bir gün şu patyşa uly baýram we mejlis etdi. Ol mejlise her ýerden köp ýerleri sapar eden, ýagşy-ýamany köp gören adamlar ýygnandy. Mejlisde her hili habarlar, gürrüňler edip we ajaýyp, geň-täsin sowallar atyşyp oturdylar. Ahyry söz haýsy ýurtda we haýsy memleketde owa-

danlykda seýrek, deňi-taýy bolmadyk gyzlara ýetdi we şol hakda sözleşdiler. Mejlisdäkileriň içinden bir kişi ornundan turup, patyşa arz etdi:

— Eý, patyşahy azym we eý, häkim! Pylan jaýda pylan hili gözel gyz bar – diýdi. Ýene bir özgesi bir sahypjemalyň tarypyny etdi. Şeýlelikde, mejlisdäkileriň her haýsy bir ýagşy mahbuby taryp etdiler. Olaryň içinde bir zyba ýigit bardy. Ol ýerinden turup, ilki patyşanyň hakyna birnäçe öwgi we taryp aýdyp, soňra arz eýledi:

— Eger şahy älem ejazat berseler, bir mahbubyň tarypyny eşitdirsem – diýip, Gülşanyň şeýle bir tarapyny etdi welin, Muhsyn patyşa jan-dilden Gülşa gaýybana aşyk boldy. Şeýlelikde, Gülşanyň tarypyny şeýle beýan kyldy:

— Mekge-Mukerremiň etrabynda beni şeýban atly kabyla bar. Ol kabylanyň iki serkerdesi bar, biriniň ady Hemam we ýene biriniň ady Helal. Helalyň bir gyzy bar, dilberikde aý mysaly, ýagşylykda gün mysaly, özi şeker leb, şirin häsiýetli, kamaty serwi, ýörän wagty käkilik ýaly ýa-da tawus ýaly, sözleýşini eşitseler, totular şermende bolar. Eger periler ýüzüni görseler, barmagyny dişlär. Sümmül saçly, gözel häsiýetli, şeker sözli, gumry ýüzli, gara gözli, käkilik gylykly, serwi boýly, perişde hüýli, dür dişli, müşk ysly bir näzenin jahan gözelidir. Men şunça ýedi yklymy syýahat edip, isle derýa bolsun, isle beýewan bolsun, seýr edip, ol kibi owadan gyzy görmedim we menden özge hem gören däldir. Eger ýüz gün onuň waspyny etsem, müňden birini hem aýdyp bilmerin – diýip taryp etdi.

Erse, Muhsyn şaga Gülşanyň yşkynyň leşgeri hüjüm kylyp, köňlüni ýesir aldy, bisabyr we bikarar etdi.Muhsyn şa ygtyýaryny golundan aldyryp:

— Eý, täjir dana! Meniň indi ýagdaýym nähili bolar, janyma bir täze ot salyp, akylymy hazan uran öý etdiň. Bu täç-tagt, baýlyklar hergiz gözüme görünmez – diýdi.

Söwdagär:

— Ony göreýin diýseň, bir ýyl bu watany terk edip, söwdagärlige goşulyp, meniň bilen Mekge şäherine sapar edersiňiz – diýdi.

Patyşa sapar esbaplaryny taýýar edip, her hili ýagşy geň harytlary, her hili jöwher şaý-sepleri we müşk-anbarlary atlara, gulamlara ýükledi. Köp hazynalar, tylla teňňeler we lagl-zümmeretleri sanaçlara salyp aldylar. Birnäçe kümüş beden we şeker sözli hüýrleri hemra edip we birnäçe gyzyl düýeleri jemläp, Şam mülkünden Käbe tarapa sapar edip çykdylar. Hemme dogan-garyndaşlary we kowumlary bularyň yzyndan hoşlaşyp galdylar.

Patyşa Muhsyn haýyr-yhsanda Hatam Taýdan zyýadarakdy. Her menzilde düşen ýerinde ol ýerdäki dul biçärelere köp sahawat ederdi, şondan soň hergiz pakyrlary görmezdiler. Birine tylla teňňe, birine ýüki bilen aty, ýene birine hatar düýeleri üstüniň ýüki bilen engam bererdi. Şeýdip, engam we yhsan bilen ýol-menzilleri geçerdi. Bu şa yhsanyň owazasy hemme kabylalara ýaýrap, mejlislerde Muhsyn şanyň tarypy meşhur boldy. Eşidenleriň hemmesi Muhsyn şanyň didaryna muştak bolup: «Biziň kabylalarymyza menzil kylarmykan?» diýerdiler.

Elkyssa, şeýle haýyr-yhsan we engam bilen Mekge mugazyma ýakyn bardylar. Beni şeýban kabylasy hem «Bir sahy we çäksiz kerim söwdagär köp mal bilen gelýärmiş, düşlän ýeriniň adamlary oňa gulam we hyzmatkärmişler» diýip eşitdiler.

Muhsyn şa beni şeýban kabylasyna ýakyn geldi. Iki parsaň ýol galanda Helal garşylamaga çykdy. Hormat we ekram bilen kabylanyň jaýyna getirdiler we bir ýagşy ýere düşürdiler. Muh-

sun şa kerwenlere: «Mallary-zatlary çykaryň» diýip emr etdi. Mallaryny taýýar etdiler. Ol Helala her dürli zatlardan, baýlyklardan, ýagny tylla, teňňe, dür, merwerit, jöwher, lagl, zümerret, ýüpek, atlas bagyş etdi welin, olaryň hasabyna hiç kim ýetip bilmedi. Şeýle yhsan bilen Helaly hoşal edip, soňra başgalara hem yhsan we engamy hetden aşyrdy. Köp wagtlap yhsan paýlap durdy. Onsoň Helal bir bossan jennet nyşan düzüp, oňa köp sazanda-bagşylary her ýerlerden getirip, dürli-dürli tagamlary taýýar edip, Muhsun şany zyýapata çagyrdy.

Muhsyn şa Helalyň zyýapatyny kabul edip, birnäçe gün aýş-eşret kylyp, ýene jaýyna gaýtdy. Jaýlaryna baryp dynç alyp, birnäçe akylly we dana adamlary ýygnap, Gülşany dilemäge ibermekçi boldy. Bulara birnäçe syrly sözlerini sözläp, Helalyň öýüne iberdi. Bu adamlaryň her haýsy Eflatun zybandylar. Ilki her zatdan söz başlap, soňra maksatlaryny beýan edip:

— Gülşany şol nowjuwan sahyp-yhsana berseňiz, çünki ol her bapdan size muwapyk geler. Nesepde hem, hesepde hem, mertebede hem, derejede hem siziň bilen barabardyr. Kabul etseňiz bolýar – diýip, sözlerini tamam etdiler.

Onda Helal:

— Bu sözüňizi bir mertebe aýdyň, ikinji mertebe bu hili sözi maňa sözlemäňler, çünki men Gülşany Warka atly agamyň ogluna berdim. Biriniň adaglysyny başga bermek mynasyp däldir. Häzir Warka toý esbaby üçin Ýemen tarapyna gitdi, eger gelse, men ony oňa bererin – diýdi.

Ol adamlar gidip, Muhsun şa habaryny beýan etdiler. Gaýtam onuň köňlüne ataş düşüp, takaty galmady. Şa hemişe ol Gülşanyň yşkynda nala-zar ederdi. Bir gün Muhsun şa gulamlaryny jemläp, birnäçe tabaklara lagl-jöwherleri dolduryp, üstüne altyn bilen matalardan goýup aýtdy:

— Muny Helala alyp baryň. Aýdyň: «Biziň hojaýynymyz: «Allataga maňa köp mal-mülk beripdir, hasabyny özi biler, men bilmerin. Emma mende hiç hili bu mallara eýe durar ýaly dogan-garyndaş ýokdur. Indi umyt edýärin, siz meni giýewilige kabul etseňiz, siziň döwletiňiziň saýasynda aram alsam» diýer» – diýip, bulary iberdi.

Bular Helalyň hyzmatyna baryp, tabaklaryny üstüniň matalary bilen onuň öňüne goýdular. Hojaýynlarynyň aýdan sözlerini başyndan ahyryna çenli gaýtaladylar.

Helal tabaklary hatynynyň ýanyna getirdip açdy. Görse, hemmesi lagl-göwherlerden doly. Hatynyna habaryň başdan-aýagyna çenli sözledi. Onda hatyny aýtdy:

— Sen Warkany agzyňdan goýaňok, Warka pul tapyp bilmän Ýemendäki daýysyna hyzmatkärini iberdi. Hyzmatkäri gelmedi. «Kyrk günde gelerin» diýip, özi yzyndan gitdi. Alty aý bolupdyr, emma derek ýok. Eger haýatda diri bolsa, bir sagat jydalyga takaty ýokdy. Diri bolsa, bu wagta çenli hergiz durmazdy. Ýa ölendir, ýa-da daýysy pul beren däldir. Utanjyndan gelip bilýän däldir.

Helal:

— Men bir gyzy iki äre berip bilmerin. Eger siziň hojaýynyňyz älemiň hemmesini mala doldursa hem maksady hasyl bolmaz. Men bu jöwher-lagyllara mätäç däldirin. Bulary yzyna alyp baryň – diýip, gulamlara jogap berdi.

Gulamlar lagl-jöwherli tabaklaryny taşlap, gaçyp gitdiler. Baryp şa:

— Atasy hergiz razy bolmaýar – diýip aýtdylar.

Muny eşidip, şa gam-mähnetde galyp, çala ölen ýylan kibi towlanyp aglady. Hiç aglamasyny goýmady. Birden bir garry hatyn girip, şanyň gam-mähnet bilen aglap oturanyny gördi we:

— Eý, ýigit! Munça köp mal-mülk bilen näme üçin gamgyn görünýärsiň? Köňül maksadyňy maňa beýan et, men onuň alajyny edeýin – diýdi.

Şa ol garry aýala birnäçe nepis zatlary engam edip, ýürek syryny yza bilen beýan etdi. Onda kempir aýtdy:

— Näçe jöwher-lagllaryňyz, mata-harytlaryňyz bolsa, maňa beriň. Men baryp dogurlap geleýin – diýdi.

Şa derhal lagl-jöwherleri, nepis matalary jem edip, kempire tabşyrdy. Ol garry hatyn mekir we hile işiklerini açyp, Helalyň hatynynyň ýanyna bardy, getiren zatlaryny görkezdi. Bulary görüp, Gülşanyň ejesi:

— Baryp aýtgyl, Gülşa gerek bolsa, hatyrjem bolsun. Onuň giýewligini men kabul etdim – diýdi.

Şa köp şat bolup, kempire senalar aýtdy:

Helal öýüne gelende hatyny aýtdy.

— Gülşany şol söwdagäre bergil, ol gidip galsa, soňra puşmanyň peýda etmez.

Onda Helal:

— Gülşany Warka nämyrat etsek bolarmy? Ikisi ýaşlykdan bir-birine adaglydyr we ýene söýgüsi bir-birige mynasypdyr. Nädip jany tenden jyda edip bolar? Eger olary bir-birine gowşurmasak, pyrak ody olaryň janyny köýdürer. Olary jyda etmeklik zulum bolar. Kyýamatda Allatagala bizden munuň sowalyny sorar. Nädip jogap bereris. Bu hyýaly köňlüňden çykar. Bolmajak işe gadam urma – diýdi.

Onda hatyny:

— Allatagala hemişe keremlidir. Biziň günämiz onuň kereminiň ýanynda bir şaýam däldir – diýdi. Ýene-de Helal:

— Goý, bu iş enjamy ýagşy däl, eger Warka gelse, seniň we meniň müň janymyzdan birini goýmaz – diýdi.

Hatyny:

— Warkany endişe pikir etmegin, men oňa bir hile ederin, ne senden, ne menden güman bolar – diýdi.

Helal:

— Ol hile nämedir? – diýende, hatyny aýtdy:

— Gülşany şol söwdagäre berip goýberip, soňra şol gije bir goýny öldürip, kepen edip, «Gülşa öldi» diýip, pygan-nalalar ederis. Erte bilen ol goýny alyp baryp, göre depn edip, jynazasyn berjaý ederis. Ol topragyň astynda galar. Hiç kim onuň goýundygyny ýa Gülşadygyny bilmez. Warka gelse «Indi kysmat beýle eken. Takdyra ten bermeli» diýip aýdarys.

Şeýle sözler we mekirlik bilen hatyny ahyryn Helaly razy edip, söwdagäre Gülşany berip, ondan köp mal-mülk almakçy boldy.

Bularyň gürrüňlerini Gülşanyň jorasy eşidip, baryp Gülşa habar berdi:

— Eý, Gülşa, Warkadan mahrum bolup galdyň. Ataň bilen eneň seni şol täjire bermekçi boldular.

Muny eşiden zaman Gülşa özünden gidip, bihuş bolup ýykyldy. Ýene huşuna gelip, ýüzüni ýyrtyp, ýakasyny çäk edip, köp nala-zary etdi welin, asmandaky perişdeleriň hem oňa rehimi geldi. Daň atýança käte aglardy, käte aýralyk ataşyna köýerdi.

— Eý, hilegär keçpelek! Meni ol janandan jyda etdiň. Men indi nädip sabyr-takat edeýin, onuň näzenin ýüzüni sagatba-sagat görüp bilmesem?! – diýip, Gülşa şeýle sözler bilen ahy-zar etdi.

Onuň bitakatlagyny enesi eşidip gelip görse, gözünden ýaş ornuna gan döküp oturypdyr. Ol betpäl we sütemkär hatyn gaharlanyp, ejiz Gülşa sögüp başlady. Ol ejiz biçäre enesinden gorkup, aglamasyny goýdy. Emma köňli bilen Allatagala nala edip aýdardy:

— Bu nähili sütem, janyma apat, başyma kyýamat boldy. Indi meniň ol ýar bilen hemra bolup sözleşmedigime näçe gün geçendir. Beýle hijrana pelek meni mübtela kyldy.

Şunuň ýaly şikaýatlaryny aýdyp aglady. Emma enesinden gorkunjyna hiç sözlemedi. Özi ýaly gyzlar köňlüne teselli berip:

— Eý, Gülşa! Saňa ezelde Allatagala şeýle takdyry ýazan eken. Bu takdyrdan hiç kim gutulyp bilmez – diýiseler hem, bularyň sözlerine gulak salmady, işi hemişe aglamak boldy.

Elkyssa, Gülşanyň nala-zaryna bakman, toý esbaplaryny taýýar edip, hemme kabylalara näçe gün tagam, köp engamlar berip, soňra Gülşany söwdagäre nikalap berdiler. Biçäre Gülşa gamgyn bolup, aglaý-aglaý kabul etdi.

Birnäçe günden soňra şa Muhsyn aýtdy:

— Eý, kabylanyň serdarlary! Meniň aslymy bilseňiz, men söwdagär däl, meniň adyma patyşa Muhsyn diýerler. Şam welaýaty maňa tabyndyr. Birnäçe welaýatlara meniň abraýym meşhurdyr. Maňa bu ýerlerde galmak mümkin däldir. Eger-de jogap bolsa, men şäherime rowana bolaýyn.

Onda bu kabylanyň uluglary köp tagzym we hormat bilen:

— Ygtyýar patyşanyň özündedir – diýdiler.

Muhsyn şa sapar esbaplaryny taýýarlap, gitmek bilen boldy.

Gülşanyň syr ynanýan bir gyzy bardy. Näme syry bolsa, ol gyzyň gulagyna aýdardy, ondan başga hiç kime aýtmazdy. Ol gyz hemişe Gülşa hemrady. Gülşa oňa:

— Saňa bir amanat tabşyraýyn. Gördüň, bu sapar maňa hiç hili ygtyýar bolmady. Hiç ýere gaçmaga mende gaýrat bolmady. Warka gelse, onuň ahwalyna ýagşy syn etgin, ol gelende men bolmaryn. Ol sergezdan aşyk biçäre hemişe aglap, gije-gündiz dynman, bikararlykda bolsa, şu amanat tylla ýüzügi oňa tabşyrarsyň. Eger ol kä aglap, kä gülüp we oýnap ýörse, bilgin,

ol hakyky aşyk däldir. Onda bu ýüzügi oňa bermegin we menden salam hem ýetirmegin – diýip, köp wesýetler etdi. Ol gyz hem Gülşanyň permaýyşlaryny jan-dilden kabul etdi. Gülşa onuň bilen hoşlaşyp, gözlerinden ýaş ornuna ganlar döküp aýtdy:

— Eý, syrdaşym, gije-gündiz hemram, ol jiger ýakyja, azap çekijä we näçe bela, mähnetlere duçar bolana meniň dek biçäre, kowum-garyndaşdan jyda, ol ýar janymdan uzak düşenden, aglap-aglap gidip, özüni dert-gama berenden salam aýdarsyň we ýüz hesret-nedamat bilen, müň ah-efgan bilen öz diýaryndan çykyp, Şam welaýatyna gitdi diýersiň.

Şondan soň zerrin kejebelere münüp, Şama tarap ýola düşdüler. Muhsyn şa maksat eden ýaryny goluna alyp, heniz onuň ysyndan bähre alman ýola rowan boldy. Niçe menzil ýollary ýöräp, Şama ýakyn bardylar. Şamyň uludan-kiçä hemmesi garşylamaga çykyp, başlaryndan altyn-kümüşlerini seçip, uly hormat bilen Şama alyp girip, olary tagtda oturtdylar. Hemme uluglar we jemagat gutlamaga gelip, hal-ahwal soraşdylar. Ondan soň patyşa:

— Bezm esbaplaryny taýýar ediň – diýip perman berdi.

Onsoň köp akyldarlar we sazandalar jem bolup, gije-gündiz bezme meşgul boldular. Mundan soňra köpçülik halaýyga desterhanlar ýazyp, aşlar berip, toýy tamam etdiler.

Gije bolanda patyşa Gülşanyň wysalyna ýetmek üçin onuň gaşyna gelip, oňa ýakyn bolmak isledi. Gülşa goluna hanjar alyp, özüne hanjary dogurlap aýtdy:

— Patyşahy älem! Şerigatda bir hatyna iki är bolmak barmydyr?! Eger maňa ýakyn bolup, köňül islegiňi hasyl edeýin diýseň, häzir ganymy aýagyňyň astyna dökerin. Meniň Warka diýen aşyk janym bar, ol meniň talabymda sergezdan bolup giden we bu şähere hem geler.

Onda patyşa:

— Eý, näzenin! Seniň üçin men şeýle köp mähnet we muşakgatlar çekip, alyp geldim. Emma ynsabym bilen senden umydymy üzüp, sen ejizi hemşire etdim. Wysalyňa ýetmesem hem didaryňa ýetdim. Aperin, seniň şeýle wepalylygyňa, şunça döwlet-baýlygy nazara alman, aşygyňa beren ähdi-peýmanyňy bozmadyň. Indi meniň serimde aýşy-eşrete meşgul bolmak pikiri tamamdyr. Belki, ol sergezdan biçäre aşygyň gelse, oňa kömek ederin – diýdi.

Onda Gülşa şady-horram bolup, patyşa doga edip aýtdy:

— Eý, patyşahy adyl! Döwletiňi Allatagala mundanam artdyrsyn, duşmanlaryňy ýyksyn.

Patyşa çykyp gitdi. Gülşa Şam welaýatynda aram alyp galdy.

Elkyssa, Gülşany munda goýuň, ol aşyky zardan, yşk ody bilen dilefgärden birnäçe keleme söz eşidiň.

Warka Ýemen mülkünde niçe wagt durdy, teni Ýemende bolsa, jany jananynyň gaşyndady. Warka Selim şadan rugsat sorady. Selim şa oňa dört ýüz düýä mal-baýlyk, atlas-şahy matalar ýükläp, her düýä bir gulam berkidip, bir müň batyr esgerler goşup, hoşlaşyp, Warkany öz ýurduna iberdi.

Warka bular bilen köp menzilleri söküp, öz kabylasyna bir günlük ýol galanda esgerlerine jogap berip, gaýtaryp iberdi. Ýalňyz özi kabylasyna ýakynlady. Görse, kabylanyň hemme adamlary gara geýnen, hemmeler ýasda. Onuň ýanyna gara geýnen Helal geldi.

Warka:

— Biziň kabylalarymyzda ne waka boldy? – diýip sorady.

Helal aglap, ah çekip, köňli dertli bolup:

— Siziň magşugyňyz özüňizden soňra öýden çykyp, öýe gelip, bitap bolup, älem panydan älem bakyga göçdi. Ony erte

bilen toprak astyna aý jaýlan dek goýduk. Ondan bäri ne mende, ne enesinde takat ýokdur. Bütin kabyla hem bize köňüldeşlik edip, yza çekýär. Näme alaç ederis, indi şeýle kysmat maňlaýymyza ýazylan eken – diýip, zar-zar ýaş döküp aglady.

Munuň wakasy şeýledi. Ol hilegärler mekirlik edip, Gülşany ýaşyryn Muhsyn şa berip goýberdiler. Şol gije ol Gülşanyň mekir enesi bilen bir goýny öldürip, ony özi ýuwup we kepen dikip: «Gülşa öldi» diýip, ýakasyn ýyrtyp, ýüzün dyrnap, nala-efgan edip, kabyla «Gülşanyň jynazasy» diýip jynaza okadyp, gömdüripdi. Ondan bäri ýas tutup otyrdylar.

Elkyssa, Gülşanyň ölenini eşidip, Warkanyň huşy başyndan uçup, bihuş bolup ýykyldy. Huşuna gelip, şeýle bir ýyglamaga meşgul boldy welin, pelekdäki melekler hem bitakat bolup ýyglaşdylar. Göýä gözüniň ýaşy Nuhuň tupany ýaly akdy.

Warka:

— Eý, kowum! Meni ol dilefgärimiň mazaryna alyp baryň – diýdi.

Onsoň ony ol goýun gömlen göre alyp baryp görkezdiler. Onda Warka biçäre hyýalynda:

— Men ol ýar mahbupsyz niçik diri bolaýyn – diýip, goluna hanjar alyp, özüne urmakçy boldy welin, hemme kowum ýygylyp, ondan näme ýaraglary bolsa aldylar. Her tarapdan nesihatlar berip başladylar, emma nesihat gulagyna girmedi, aglamakdan bir zaman hem saklanyp bilmedi. Oňa her kim aýdardy:

— Eý, Warka! Bendäniň yzyndan özüni heläk eden barmy? Takdyra, Allatagalanyň kazasyna razy bolup, belasyna sabyr etmek bendäniň işidir. Allatagala näme üçin beýle etdiň diýip bolmaz. Eger diýseň günäkär bolarsyň, saňa aglamakdan ne peýda? Aglanyň bilen Gülşa gaýdyp direlmez. Bipeýda nala we zardan saňa hiç peýda bolmaz. Gel, özüňiň ýaşaýşyň bilen bolgun!

Ondan soň Warka biraz köşeşdi. Ýene-de nesihat berip aýtdylar:

— Allatagala her kime bir wagtda ajaly taýýar edýändir. Ondan bir zaman we bir dem hem kemeldip bolmaz. Ony üýtgetmegi diläp, aglasaň, höküme razy bolmadyk günäli bolarsyň.

Emma bu nesihatlaryň täsiri bolman, Warka gije-gündiz aram alman, kelam sözlemän, sabyr-kararsyz ýarynyň ody bilen zar-zar aglap ýörerdi. Hiç bir takaty bolman arzyn Allatagala aýdardy:

— Meniň ol ýary dilefgärimiň didary kyýamata galdy. Ondan jyda bolanymdan meň hem dirilik perdesini göterip, dost-dosta wysal bolmak ýagşyrakdyr – diýip, nala bilen telbe ýaly serasyma bolup, köýüp-ýandy. Ne ukusy bar, ne tagama ygtyýary bar we hiç kim bilen sözleşmäge hem mydary ýokdy.

Elkyssa, şol Gülşanyň wesýet eden syrdaş gyzy Warkanyň reňkini görüp, sadyk köňül bilen onuň aşyklygyny pähim edip, bir gije Warkanyň hazan uran külbesine azaply gadam urup geldi. Warkany gamdan azat edeýin diýip:

— Eý, Warka! Munça nala-zar derkarmy indi? Saňa syrly sözlerim bar. Gaşyňda beýan eýläýin, seniň köňlüň şat bolsun – diýdi.

Onda Warka aýtdy:

— Eý, gyz! Menden uzak durgun, eger seniň jemalyň äleme meşhur bolsa hem, ýüz peri-peýker bolsaň hem saňa meýlim ýok. Menden umydyňy üzgün.

Gyz aýtdy:

— Gülşadan bir nyşana bar, saňa bereýin – diýdi.

Warka haýran bolup, ol gyzyň gaşyna gelip:

— Eý, Hudaý! Meniň bu halymyň zabunlygyna rehim kylgyl – diýdi.

Gyz:

— Eý, Warka! Gülşanyň nirä gidenini we näçe mähnetler çekinini bilýärmiň? – diýdi.

Onda Warka:

— Maňa ol perizadyň ahwal-zaryn beýan eýlegin – diýdi.

Gyz:

— Eý, Warka! Aşyklykda sadyk däl ekeniň, eger aşyk sadyk bolsaň, onuň görün köwläp görerdiň. Bu pygan-nalany näme üçin edip ýörsüň? Indi bilmeseň, habarly bolgun. Bu sütemkär mekirler bir goýny öldürip, ony göre gömüp, «Gülşa öldi» diýip, ýalandan nalalar edip, bikär yzalar çekip, şeýdip seniň köňül zaryňy sowadyp we ýene özleri hem Şam patyşasynyň köp mallaryny alyp, oňa berip goýberdiler. Bilseňiz, Helal mekir hatynynyň sözüne gidip, şeýle mekir-hileleri etdiler – diýip, şol tylla ýüzügi berdi.

Onsoň Warka ol gyza köp dogalar edip, baryp ol göri köwläp gördi, görse, bir goýny gömüpdirler. Ol goýny çykaryp taşlap gelip, Helala:

— Eý, naýynsap! Allatagaladan gorkup, halkdan utanç etmediňmi? Haýsy şerigatda bir hatyny iki äre bermek bardyr. Kyýamatda Allatagalanyň alnynda näme jogap berersiň ? – diýdi.

Helalyň başyny ýerden götermäge, bir söz diýmäge mydary galmady. Ondan soňra Warka biçäre ýene sapar esbaplaryny taýýar etdi we Şam welaýatyna sapary ygtyýar etdi. Ýaraglaryny dakynyp, ýyndam atyň üstüne münüp, gamçyny ata urup, Şam tarapa rowana boldy. Oňa ne hemra bar, ne kerwen bar.

Ýalňyz özi töwekgellik edip, ýola rowana bolup, niçe menzil ýol ýöränden soň, Şamyň serhedine ýakyn geldi. «Ýara ýakyn geldim» diýip, köňli şat bolup, ýöräp barýardy. Birden bir ýigit peýda bolup, onuň ýolun tutup aýtdy:

— Eý, nowjuwan! Eger janyňdan umydyň bolsa, atdan düşüp, at bilen ýaraglaryňy maňa berip, öz janyňy gutargyn. Eger şeýtmeseň, on janyňdan bir janyň hem galmaz.

Warka:

— Atym bilen ýaraglarymy näme edersiň?

Ol ýigit:

— At bilen ýaraglaryny berip gidiber – diýdi.

Warka:

— Beýle sözleriňi öýüňde çarh egirýän hatynyňa sözlegin. Men erkekdirin, özüme ýaraşýan kuwwatym bar – diýdi. Ol ogry derhal kemanyna ýaý okuny häzirläp, Warka tarap atdy. Onda Warka çaltlyk bilen onuň hüjümini ret edip, atyna jöwlan etdirip, ok-ýaýy bilen birnäçe gezek urdy welin, onuň janyny dowzah sakçysyna tabşyrdy. Şol wagt ýene bir ogry duçar boldy. Ony hem bir ok bilen ýegsan etdi. Görse, bular kyrk zeňňi ogry eken, her birisi müň meýdan merdini ýykar eken. Birden kyrkysy at goýdy. Warka Allatagalanyň hezretine bil baglap, şeýle bir hüjüm etdi welin, aç böri goýna degen ýaly, dogry gelenini ýer bilen ýegsan etdi. Olardan otuz ikisi ýokluk mülküne sapar etdi. Diri galanlaram takat edip bilmän gaçdylar.

Bu biçäre Warka birnäçe ýerinden ýaradar bolup, ysgyny galman, atynyň ýalyna ýapyşyp, bihuş bolup, atynyň jylawyny goýberdi. At janawer gijesi bilen şäher tarapa ýöräp, säher wagty bir otluk, çemenlik jennet bagynyň bir daragtynyň aşagyna Warkany taşlady. Ol bag Muhsyn şanyň bagydy. Şa käte-käte çykyp, ol baga tomaşa ederdi. Elgaraz, bu gun hem Muhsyn şa säher bilen bag tomaşasyna çykyp ýördi. Görse, bir daragtyň astynda bir nowjuwan bihuş bolup ýatyr, hemme agzalary ýaraly, gara gan bolup, toprakda ýatyr. Emma onuň ýüzün-

den pälwanlyk alamaty görünýär. Patyşa onuň ýanyna baryp, köp gynanyp:

— Haýp, şeýle owadan ýüzli toprakda gana bulaşyp ýatyr. Baryp gör, damarynda jany barmykan?! Eger-de jany bolsa, onuň alajyn edeliň – diýip, bir ýigide emr etdi.

Ol ýigit dykgatly nazardan soň, şa garap:

— Jany bar eken, emma bedenleriniň köp ýeri deşilen, okuň ýarasy bar – diýdi.

Şanyň oňa rehimi gelip, derhal tebip häzir edip, ýaralaryny melhem bilen baglatdy. Gan togtady. Warka gözüni açdy. Görse, töwereginde adamlar jemlenipdir.

Warka:

— Meniň bilen näme işleriňiz bar?! – diýdi.

Olar aýtdylar:

— Eý, ýigit! Ähtiýaçly bolup sözlegin, ýanyňda Şam patyşasy Muhsyn şa dur – diýdiler.

Onda Warka öz ýanyndan oýlandy: «Gülşany alyp giden şu bolmaly. Eger özümi bildirsem, maňa zäher berip öldürer» diýip, özüni tanatmady:

— Men Bagdat şäherinden, Ýahýa atly söwdagärdirin. Ýolda maňa kyrk zeňňi ýolugyp, meniň bilen uruş etdiler. Ahyry olaryň otuz ikisini öldürdim. Diri galanlaram takat edip bilmän gaçdylar. Özüm köp ýerimden ýaradar bolup, bihuş bolup, atyň jylawyny goýberdim. At men garyby şu daragtyň astyna taşlap gidipdir. Indi men bu ýerde hossarsyz galdym – diýip, gözünden çabga deýin ýaş akdyryp başlady. Onda patyşa geň galyp, içinden aýtdy: «Bu söwdagär däl, belki bir pälwan batyr ýigit bolsa gerek. Çünki onuň ýüzünde şazadalygyň alamaty äşgär bolup dur».

Patyşa şunça leşgeri bilen ol kyrk zeňňiden ejizdi. Hiç bir alaç edip bilmezdi. Şa aýtdy:

— Bu hossarsyz bolup, şu ýerde galypdyr. Hossarsyzlara hormat etmek sogapdyr – diýdi we emr etdi:

— Eý, tebip! Bu nowjuwana ýagşy garap sagaltsaň, saňa köp engamlar bererin, hormat ederin. Eger-de biperwaýlyk edip, ýagşy etmeseň, sen hem bu dünýäde ýörmersiň. Meniň myhmanymy alyp baryp seretgin!

Tebip Warkany şa myhmanhanasyna alyp baryp, ýagşy jaýlarda ýatyryp, astyna atlas şahydan düşekler düşedi. Warka ynjalyp, ukusy gelip uklady.

Şa Muhsyn şol zeňňi ogrulara birnäçe leşger iberip barlatdy, özi öýüne girip, Gülşanyň gaşyna bardy we bu hekaýaty aýtdy:

— Men säher çagynda bag gülüstany seýl edip ýördüm, bir daragtyň astynda bir nowjuwan ýaş ýigit gana läle ýaly boýalyp ýatyr. Bedenleriniň köp ýerleri ýara bolan, göýä öli ýaly ýatan eken. Şol wagt tebibi getirip, ýaralaryny baglatdym, gany togtady. Özüne gelip, gözüni açdy. Onuň ahwalyny sorap: «Nireden gelýärsiň, haýsy gülzaryň güli sen we haýsy gülüstanyň bilbili sen, kimden saňa beýle azaplar ýetdi?» diýenimde, şeýle jogap berdi: «Men Bagdatdan bolaryn, Ýahýa atly söwdagär men. Ýolda mallarymy zeňňi aldy. Olar bilen uruş etdim. Otuz ikisini öldürdim. Şeýdip ýaradar bolup, atymyň jylawyny goýberip, bihuş bolup, şu ýerde özümi gördüm». Ony owadanlykda, kady-kamatda, şekil şemaýylda, eý, Gülşa, saňa ogşatdym. Onuň muhabbeti ýüregime ornap, ony oňat jaýlarda goýup, tebibe «eger ony ýagşy etmeseň, seni bu älemde goýmaryn» diýip höküm etdim.

Onda Gülşa içinden aýtdy: «Maňa Warkadan başga hiç kim ogşamaz. Meger ol Warkadyr».

Tebipler Warka kyrk gün perwerişler etdi. Warkanyň ýaralary ýagşy boldy, ýöne Gülşanyň didaryna meýli zyýada bolup,

syryny kime aýan etjegini bilmän, haýranda bolup ýördi. Eneke hatyn oňa şerbet getirerdi. Şerbeti içenden soňra köňlünde «Ýüzügi şol enekeden berip ibersem» diýdi we ol enekä arzy-halyn beýan etdi. Onda ol eneke:

— Eý, bihabar we kör nemek! Sen göýä ölüdiň, seni şa ýagşylyk edip, ýaralaryňy düzetdi. Indi şanyň haremine şeýle hyýanat edermisiň? Akmak we nadan adam ekeniň sen. Şeýle kör nemekligiňden Allatagala şol bela mübtela eden ekeni. Eger sen raýyňdan gaýtmasaň, şa bilse, saňa gaty jezalar berse gerek – diýdi.

Warka derhal tylla kemerini çözüp, ol eneke aýala berdi:

— Eý, ene! Saňa bu kemer bendimi engam kyldym. Indi patyşanyň hareminde meniň işim ýokdur, emma bu ýüzügi başga bir adam beripdi: «Gülşa alyp bar» diýip. Onuň hyzmatyny eder men diýip şeýle belalara duçar boldum – diýdi.

Onda ol eneke kemer bendi alyp aýtdy:

— Ol ýüzügi nädip bererin – diýdi.

Warka:

— Gülşa haýsy wagtda şerbet diýse, şerbetlik käsesine salyp berersiň. Gülşa bu ýüzügi görende bu hakda sorar. Şonda oňa aýtgyn: «Ol garyp nowjuwan bitapa şerbet alyp barypdym. Şerbeti içensoň, bu ýüzük onuň golundan şu käsä düşüp galypdyr» diýersiň. Mundan Gülşa habarly bolsa, mal-zerler berer – diýdi.

Eneke ýüzügi köşge alyp baryp, süýt bilen hurmany ezip, şerbet edip, käsä ýüzügi salyp, Gülşa berdi. Gülşa şirin lebleri bilen ol şerbeti içip görse, onda mahbubynyň ýüzügi bar. Onsoň bir ah urup, özüni tagtdan ýere taşlap, bihuş bolup ýykyldy. Näçe wagtdan soň özüne gelip, ol enekä aýtdy:

— Bu ýüzügiň eýesi kimdir?

Eneke:

— Ol mysapyr ýigide şerbet alyp baranymda, bu käsä ondan düşüpdir – diýdi.

Onda Gülşa:

— Eý, ene! Meniň başym seniň aýagyň astynda bolsun. Ony şu köşgüň astyna getirmegiň pikirini we endişesini etgin. Şeýtseň, saňa uly sogap bolgaý. Men bu ýüzügiň eýesiniň nirdedigini bileýin – diýdi.

Eneke ýüwrüp, Warkanyň ýanyna gelip:

— Tizräk öýden çykyp, jemal bakemalyňy ol perizat Gülşa görkezmeseň, ol diwana bolup, heläk boljak – diýdi.

Şol wagt Warka hem tizlik bilen ornundan turup, öýden çykyp, köşgüň astyna gelipdi. Gülşa Warkany gören zaman özüni köşgüň üstünden taşlap, bihuş bolup ýykyldy. Warka ol magşugynyň kümüş tenli, ýaş başyny dyzynyň üstüne alanda Gülşanyň gül ysy damagyna doldy. Warka hem beýhuş bolup ýykyldy. Ikisini eneke hatynlar görüp, biri gülap, ýene biri atyrlary olaryň ýüzlerine sepdiler. Bular özlerine gelip, ýene ýykyldylar. Ahyry alaçsyz şa habar etdiler. Şa gelip, bulary bu halda görüp, rehimi inip, olary niçe dermanlar bilen özüne getirip, Gülşadan sorady.

Gülşa:

— Bu ýigit meniň tenimdäki janym we köňlümdäki bar armanym, bostanym, gülüstanym Warka atly ýigit bolar. Meniň üçin bu biçäre sergezdan, men onuň üçin bu ýerde hemişe didäm ýaşly, bagrym gandyr. Eý, patyşa, eger bu janan bu dünýäde bolmasa, meniň hem bu dünýäde durmagym mümkin däldir. Täleý meni ondan jyda edipdi. Häzir tenime jan girdi – diýdi.

Şa derhal tagtyna baryp oturyp, bu ikisini çagyryp alyp baryp, myhmanparazlyk enjamlarynyň aladasy bilen boldy. Şa ikisine şeýlebir myhmandarlyk etdi welin, elwan nygmatlaryny

aşa we hasapdan uzak etdi. Zyýapatdan soň, ikisini hylwata çagyryp, Warka aýtdy:

— Eý, nowjuwan pälwan! Maňa öň özüňi tanatmadyň. Eger bilen bolanymda saňa hyzmaty geregiçe has laýyk ederdim. Menden aýyp etmersiňiz. Indi menden köňlüňe asla ýaman endişe gelmesin, men seniň amanatyňa hyýanat etmedim. Elhamdulilla, Warka, seni görenimde iki jähtden hursant boldum. Biri, Gülşanyň nala-zaryndan gutuldym, ikinjisi, amanatyňy salamat tabşyrdym. Ikiňize gulam men, mundan soňra günüňizi aýşy-eşretler bilen ötüriň – diýip, ikisini bir hylwat öýe goýup çykyp, şol öýüň deşiginden bularyň yşky ýalanmy ýa hakyky ekenligin bilmek üçin synlap ýatdy.

Bu öýde olaryň ikisi ýalňyz galypdy. Bir-biriniň ahwalyn soraşyp, käte aglaşdylar we käte Warka başdan geçirenlerini, çeken mähnet-muşakgatlaryny bir-bir beýan ederdi. Käte Gülşa enesiniň eden jebri-jepalaryny, mekir-hilelerini sözläp aglardy, käte gollaryny urup, gözlerine sürterdi. Şeýdip daň atyrdylar. Şa Muhsyn bulardan ýaman iş çykmajagyny bildi, diňe gözýaş dökmekden başga zat bolmady. Patyşa bularyň päkligine täsin we aperin etdi. Erte bilen patyşa gelip, bularyň ahwallaryny sorady:

— Ýagşylyk bilen gözleriňiz bir-biriňiziň ýüzleriňe röwşen bolup turduňyzmy? – diýdi.

Bular patyşanyň bu hili sözlerini eşidip:

— Şanyň döwletleri zyýada, ömürleri uzyn bolsun. Hemişe siziň maksadyňyz hasyl bolsun diýip, doga etdik – diýdiler.

Patyşa ýene olary zerbap halatlar bilen şat edip, başlaryna zynatly täç goýup, hormat etdi. Warkanyň ýüzünde ýüz owadanlyk zyýada bolup, şeýdip, eşret bilen ýene kyrk gije-gündiz galdy. Munda hem bulary şanyň özi peýledi, emma olardan

bagry ýangynlykdan özge iş görmedi. Şeýdip, şa bulara ýagşylyk-keremler etdi we alty aýlap Şamda boldular.

Bir gün Warka Gülşa arz etdi:

— Indi maňa rugsat berseň, men öz welaýatyma gidip, ol ýerde dogan-gyryndaşlarymy görüp, ýene gelerin – diýdi.

Onda Gülşa aglap, nala-zary edip, Warka aýtdy:

— Men seni asla ýanymdan goýmaryn. Meniň zaryma rehm edip, gaşymdan jyda bolmagyl. Meni munda nädip taşlap gidersiň. Garyp we hijran, pyrkat dertlerine mübtela edip gitmäge köňlüň bolarmy? – diýip, zar-zar aglady.

Warka:

— Eý, ýary-janym! Senden bir dem jyda bolmaga meniň takatym ýokdur. Emma patyşa hakynda köp pikirde men. Her näme etse-de rakypdyr, belki bir gün raýy üýtgäp, gazap etmegi ahmaldyr. Emma şanyň köp rehimi we sahy ekenligini bilýärin. Seniň eneň seni oňa nikalap beren. Indi sen maňa haram, patyşa halalsyň. Şeýle bolsa-da, şanyň hakykat keremi seni maňa goşup goýupdyr. Emma men onuň köňlünde näme hyýalynyň bardygyny bilmerin. Adamzat bir ýagdaýda durmaz. Älemde bir halda we ähtde durýan bir Hudaýy tebärek Tagaladan özge hiç kim bolmaz. Şeýle yzzat bilen gitmegim ýagşy bolsa gerek. Bu ýerde hemişe duranymdan, ýene Allatagala takdyr kylsam, nesibe bolsa, gadam poslaryňyza gelerin – diýdi.

Gülşa jogap berdi:

— Eý, nowjuwan ýigit! Biraz togap etseňiz, men şany synag edeýin, şa şol keremliginde berk durarmy ýa durmazmy? Ýene siz gidip galsaňyz, şanyň gahary gelip, maňa betgüman bolmasyn.

Onda Warka ýene rugsat sorap:

— Jogap berseňiz, irteräk baryp, ol ýerde urug-garyndaşlarymy görüp, ýene işikleriňizi öpmeklige gelerin – diýdi.

Gülşa Warkanyň pikiriniň berkdigini bildi we aýtdy:

— Eý, ýary janym! Senden aýrylyp, nädip diri bolaýyn? Bu gama nädip takat edeýin? Emma men ejiz natuwanyň, bir gysym toprak deý ejiziň umydy şol, meniň ýary keremimden kyrk gün bu ýerde togap kylsaňyz, wasalyňyz bilen gözümi röwşen etsem.

Onda Warka:

— Meniň bu ýerde duranymdan ne peýda bolar? Irteräk jogap berseňiz, çünki bu ýerde köp melul men – diýdi.

Gülşa görse, söz täsir etmeýär, onuň üçin gitmek lazym bolup dur. Gülşa bir ah urup, özünden gidip, bihuş bolup ýykyldy. Özüni tagtdan ýere taşlap, aý ýüzüne goly bilen urmaga başlady. Onsoň Warka hem ýürekden pygan we nala bilen ah urup başlady. Ikisiniň owazyny ýakyndaky adamlar eşidip, şa habar etdiler: «Gülşanyň däliligi ýene gaýdyp gelip, ýagdaýy beterläp, özüni bilmän gowga edýär».

Şa tagtyndan düşüp gelip görse, bu ikisi mejnun bolup, hiç zady bilmän pygan-nala edýärder. Şa gelip sorady:

— Size ne boldy?!

— Warka öz welaýatyna sapar etmäge hyýallanýar, şonuň üçin mende karar we takat galmady, diwana ýaly özümi her ýana urup, nala edýärin – diýdi.

Onda şa Warka nesihat edip aýtdy:

— Eý, Warka! Sen bu ýerde galgyl, mal-dünýäden kemiň bolmaz, men hakda bolsa, asla köňlünde zerre ýamanlygy güman getirmegil. Gülşa meniň hemşiräm, men seniň agaňdyryn. Eger isleseň, Şam mülküniň şalygynyň möhürini saňa tabşyryp, özüm bir çetde Allatagala gulluk edip, doga edip ýataýyn, Gül-

şany saňa nikalap bereýin. Onuň bilen nähili aýşy-eşret isleseň, döwran sür.

Onda Warka:

— Eý, patyşahy älem! Döwletiňiz mundan hem zyýada bolsun. Siziň eden ýagşylyklaryňyzyň aňyrsyna ýetip bilmerin. Şunça wagt saçak yhsanlaryňyzdan iýip, kemine gullaryňyzyň hatarynda boldum. Indi jogap berseňiz ýurduma baryp, garyndaş uruglarymy görsem, Allatagala islese, ýene hyzmatyňyza gelerin. Şu saparyň söwdasy başyma düşüpdir. Barmasam bolmaz – diýip, jogap sorady.

Patyşa söz täsir etmejegini bilip, näalaç jogap berip aýtdy:

— Tizräk gelgeý sen.

Warka şadan jogap alyp, Gülşanyň gaşyna ýene gelip aýtdy:

— Eý, ýary janym! Şadan hem jogap aldym, indi hoş gal.

Gülşa köp nala-zary etdi welin, onuň nalasy pelekdäki melkelere hem nala getirdi.

Warka hoşlaşyp, bir gulam bilen Şamdan sapara atyna münüp gidiberdi. Gülşa onuň yzyndan köşgüň içki galasynyň üstünde gözi ýaşly, köňli ganly garap galyberdi. Warka näçe ýalbarmalara garaman ýardan jyda bolup, yşk ataşyna köýüp gitdi. Gülşa Şamda galdy, Warka Mekgä gitdi.

Şeýdip, Warka zarlyk-horluk bilen barýardy. Ýolda bir kişi duşup aýtdy:

— Eý, nöwjuwan ýigit! Seniň näme keseliň bar, reňkiň solup gidipdir, eger-de keseliň bolsa, men hekimdirin, em edip ýagşy eder men.

Onda Warka:

— Howa, meniň keselim bar, ony barlap görgül, nämeden eken.

Ol hekim damaryny tutup görüp aýtdy:

— Seniň hiç keseliň ýok, diňe yşkyň keseli bar eken. Emma bu keseliň dermany ýokdur.

Onsoň ondan ötüp, bir çemenzarlyga bardy. Şonda Warka gulamyna:

— Sen bu aty otladyp durgul. Men biraz aram alaýyn, niçe wagtdan bäri uklamok – diýip, bir çete baryp, ýüzüni ýere sürtüp, Allatagala nala-zary edip, mynajat eýläp aýtdy:

— Eý perwerdigär älem! Meni ol ýary-janymdan jyda edip, hijran oduna dagladyň. Günümi gara edip, köňlümi garaňky kyldyň.

Köp aglap, özüne ölümini diledi. Ýüregi köýüp, bir ah urup, jany Haka gowuşdy. Ol gulam Warkanyň ýanyna gelip görse, Warka topraga bulaşyp, janyny Haka tabşyrypdyr. Gulam gözünden ýaş döküp aglady. Birden uzakdan iki adam peýda boldy. Gulam olaryň ýanlaryna baryp aýtdy:

— Meniň hojaýynym bu ýerde wepat boldy. Ony depn etmäge haýran bolup durun. Ony ýuwmaga we kepenlemäge ýardam beriň.

Onda olar soradylar:

— Ol ölen hojaýynyň ne türli adamdy?

Gulam jogap berdi:

— Meniň hojaýynym aşyk sadykdy. Mahbubyndan jyda düşüp, hijrana takat edip bilmän jan tabşyrdy. Onuň meşhur ady Warkady.

Ol iki kişi gulam bilen hemra bolup, bu biçäre aşygyň ahwalyna köp aglaşdylar, soňra ýuwup, kepenläp, topraga goýdular we öz ýollaryna gitdiler. Olaryň yzlaryndan garap, gulam sorady:

— Byradarlar, nirä barýarsyňyz?

Olar aýtdylar:

— Şama barýarys.

Onda gulam aýtdy:

— Eger Şamda Gülşanyň köşgüniň ýanyndan ötseňiz, Warkanyň ölenini Gülşa habar etseňiz, köşgüň ýanyndan öteniňizde belent owaz bilen «Warka öldi» diýip aýdyň. Eger Gülşanyň gulagyna owazlaryňyz ýetse, Gülşanyň özi sizden sorar. Şonda bu ýerdäki wakany beýan edersiňiz.

Bu iki adam Şama baryp, Gülşanyň köşgüniň ýanyndan belent owaz bilen: «Daryga, ýüz haýp, Warka pälwan älem panydan älem bakyga ryhlat etdi» diýip gygyrdylar.

Gülşanyň gulagyna gaýypdan şeýle owaz geldi. Gülşa «Bu kimiň owazy» diýip, bitakat bolup, özüni her tarapa urup, mejnun ýaly aglady. Onuň owaz pygany hemme ýeri tutdy. Mundan bar kişi habardar bolup, ahyry şa habar ýetirdiler. Şa Gülşanyň gaşyna gelip:

— Indi saňa näme boldy? – diýdi.

Onda Gülşa gözünden ýaş akdyryp aýtdy:

— Eý, keremli şa! Warka sährada bikeslikde we biçärelikde başyny topraga bulap, janyny Haka tabşyrypdyr. Indi men nädip diri bolaýyn, ony janymdan ýagşyrak görerdim. Näme üçin men ony golumdan goýberdim, men indi kyýamata çenli onuň didaryny görüp bilmerin.

Onda şa:

— Sen bu hyýalyňy köňlüňden çykar, Warka diridir, ölen däldir. Bu owaza üns bermegil – diýip, köp teselliler berip, nowazyşlar etdi.

Gülşa:

— Şahy älem! Gadamyňyzyň topragyna başym bolsun. Meni özüňiz hemra kylyp, alyp baryp, şol jaýy görkezip gelmeseňiz, köňlüm tesellli tapmaz – diýdi.

Şa:

— Iki düýe getiriň – diýip emr etdi. Ol düýelere kejebeler baglap, oňa Gülşany salyp ugradylar. Şol ýolda galan gulam olara delil boldy. Dogry Warkanyň gabyrynyň üstüne alyp bardy. Gülşa biçäre magşugynyň görüni görüp, perwana dek özüni göre taşlap, nala-zary kylyp aýtdy:

— Indi sensiz bu jahanda dirilik gerek däl – diýip, kükregine bir hanjaryny urdy welin, baryp janyna täsir edip, jananynyň baran jaýyna bu hem gitdi. Şa gelip görse,Gülşanyň kükreginden tyg ötüp, arkasyndan parran çykyp ölüpdir. Gana gül kibi boýalypdyr. Muny görüp, şanyň huşy başyndan uçup, ygtyýary özünden gidip, bu ikisiniň hallaryna köp nala-zary edip, ýakasyny ýyrtdy, göýäki diwana bolup, serasyma, akyl-huşundan jyda bolup galdy. Hemme döwlet emeldarlary jemlenip gelip, şa nesihat edip aýtdylar:

— Munuň ýaly bisabyrlyk we bitakatlyk etmäň, memleketiňiziň nyzamyna zeper ýeter. Kynçylyga sabyr etmeklik Allatagalanyň halanydyr. Patyşalara sabyrlylyk ýaraşar.

Onsoň patyşa aglamakdan saklandy.

— Warkanyň görüni açyp, ýanynda Gülşany goýuň! – diýip emr etdi. Onuň permanyny berjaý edip, ikisini bir göre hemra edip goýdular. Ol gabryň üstüne belent ymarat etdiler we ýene şa özi üçin beýik ymaratlar saldyrdy. Şäherden çykyp, hemme esbaplaryny we köpçülik, garyndaşlaryny ol ýere getirip, ymaratlar döretdiler, bag-bossanlar etdiler. Ol gabryň garşysynda bir eýwan bina kyldyryp, onda özi gözüni gabyrdan aýyrman oturardy. Ol iki namyradyň gabrynda dertliler gelip zyýarat etse, dertlerine şypa bolardy. Ýa-da bu ýere gelip, hajatyny talap eden adamyň derhal hajaty hasyl bolardy.

Elkyssa, bir güni Muhammet Mustapa sallallahu tagala aleýhywesellem hezreti Aly weli razyalla tagala bilen sapar etdiler. Olar sapardan gaýdyp gelýärkäler ýollary Şam şäheri-

niň üstünden düşdi. Onsoň şa Muhsyn baryp, hyzmatlaryna howlugyp, şahanalar kylyp, arz etdi:

— Aşyk-magşuklar köňül myratlaryna ýetip bilmän ikisi hem hijrany gamdan janlaryny Haka tabşyrdylar, olara ymaratlar etdirdim – diýdi.

Onda Hezreti pygamber huda sallallahu tagala alaýhywesellem aýtdy:

— Bular şehit yşk ekenler. Şehitine zyýarat etmek köp sogap bolar we ýene ýüz ýyllyk günä kiparat bolar – diýip, hemme sahabalary bilen zyýarata baryp, doga patyha kylandan soňra, sahabalar we çaryýarlar jemlenip, Muhammet pygambere arz etdiler:

— Ýa, Resulalla! Bu iki biçäre aşyklaryň hakyna doga etseňiz, Allatagalanyň dergähinde kabul bolup, ikisi direlip, ýene myradyna ýetseler ajap bolmazmy?

Hezreti pygamber bulara aýtdy:

— Bularyň ömri tamam bolup ölüpdir.

Onda emir-ul mömini hezreti Aly weli kerremulla aýtdy:

— Ýa,Resulalla! Meniň galan ömrümden näçe galan bolsa bir sagada çenlisini bu iki aşyk biçärä berdim.

Onda Hezreti Jebraýyl Emin beýik rebbil älemin derhal ýetip aýtdy:

— Ýa, Muhammet, Allatagala salam aýtdy. Ondan soňra aýtdy: «Alynyň sahawaty maňa mälim boldy. Men özümiň hazyna bakeremimden bularyň her haýsyna kyrk ýyldan ömür bagyş etdim, doga etsinler» diýip kerem kyldy.

Onsoň Hezreti pygamber Huda Hezreti Jebraýyldan bu habary eşidip, başlaryny sejdä goýup, mynajat edip aýtdy:

— Eý, haýýy dana we eý, kadyr nätuwana! Sen gudratyňdan bu iki biçäre aşyklara jan bagyş edip, bir-birege wasyl

edip, şat etgeý sen, özüň ýakymly keremiňe alyp, meniň dogamy kabul kylgaý sen! – diýip, doga etdi.

Hemme sahabalar gol açyp, «Ämin!» diýdiler. Derhal Haktagala dogalaryny kabul etdi. Gabyr ýarylyp, ol ikisi gabyrdan başyny göterip görseler, pygamber Huda ýaranlary bilen gabyr üstünde durupdyrlar. Derhal turup, pygmaber Hudanyň aýaklaryna başlaryny goýup, zar-zar aglap, ýaňadan iman getirdiler. Bularyň direlenini şa Muhsyn görüp, Allatagala köp şükürler aýtdy. Soňra aýtdy:

— Eý, Seýit älemin! Bu ikisini mübärek nepesleri bilen nika kylsynlar.

Pygamber Huda ikisni nika kylyp, bu ýerden göçdüler.

Bu ýerde bu ikisi eşretler bilen ýene kyrk ýyl ömür sürdüler. Kyrk ýyl ötenden soňra, ýene bir günde wepat etdiler. Patyşa hem älem panydan älem baka ryhlat kyldy. Emma bulara hyzmat eden sebäbinden Allatagala oňa jennetden jaý bagyş kyldy.

# WARKA — GÜLŞA

## (Dessanyň bagşy nusgasy)

Rawylar şeýle hekaýat aýdýarlar: gadym zamanda Arabystan ýurdunda, şeýban kabylasynda bir patyşa ýaşapdyr. Onuň Helal we Hemam atly iki ekiz ogly bolupdyr. Patyşa garrap, dünýeden ötensoň, kabylanyň aksakallary ýygnanyşyp, «Şeýban kabylasyna bu iki şazadanyň haýsysyny patyşa götereris» diýip, maslahat edýärler. Ahyry Helaly patyşa, Hemamy ilagasy göterdiler. Şeýdip, Helal bilen Hemam şeýban kabylasynda biri patyşa, biri ilagasy bolup ýaşaberdi. Aýdan aý, ýyldan ýyl geçip, Helal bilen Hemam kyrkdan aşyp, garrylygyň ysyny aldylar. Emma şu wagta çenli bular hatynlaryndan perzent görmändiler. Bir gün Helal bilen Hemam dünýeden biperzent ötüp barýandyklarny aýdyşyp, derdinişip: «Eger Hudaý ikimize perzent berse, ogul bolsa, dost bolup, gyz bolsa, dogan bolup ýörerdiler, eger biri ogul, biri gyz bolsa, ikimiz guda bolardyk» diýişdiler. Şondan soň aradan birnäçe aýlar ötüp, Helalyň hatyny bir gyz, Hemamyň hatyny bir ogul dogurdy. «Ikisem bir günde doguldy» diýşip, şa Helal bilen ilagasy Hemamyň ýanyna baryp, söýünjiläp, söýünjilerini aldylar. Ýedi gün ötenden soň, enekeler bu iki çagany sallançaga salyp, Helalyň gyzyna Gülşa, Hemamyň ogluna Warka diýip, at goýdular. Gülşa bilen

Warka ýaşlygyndan bir-birini ýagşy görüp, dostlaşyp ulalyberdiler. Bular ýedi ýaşyna ýetende, Warkanyň atasy Hemam keselläp, tebipler hernäçe däri-derman etseler-de, peýdasy bolman dünýeden ötdi. Şeýdip, Warkanyň enesiniň başyna gara günler düşüp, oglunyň ýetimligini bildirmän, bilini pugta guşap, kyn bolsa hem Warkanyň üst-başyny Hemamyň bar wagtyndaky ýaly edip, Gülşa bilen bile mekdepde okadyberdi. Kabylanyň adatynda gyz oglanyň boýy sähel ösensoň, ony daşary çykarmazdylar. Şol adata görä, on iki ýaşyna girensoň, Gülşanyň ejesi gyzyny mekdepden alyp galdy. Warkanyň ejesi bolsa ogluny mekdepde okatmak bilen birlikde, at çapmak, göreş tutmak, ok atmak hünärlerini öwrenmäge berdi. Şeýdip, Warka diňe bir ak-garany bilýän molla bolup galman, pälwan, sypah, urşujy bolup, är çykdy. Enesi Warka Helal şa bilen atasynyň arasynda bolan gepleri owwaldan aýdypdy. Indi Gülşa bilen Warka ýetişipdi. Emma şu wagta çenli Warkanyň enesi garyp düşüp galypdy, maldan diňe bir araby tulpar bilen Warkanyň ýarag enjamlary galypdy. Şonda-da Warkanyň enesi Helal şanyň kereminden umyt edip, bir gün onuň huzuryna baryp, merhum Hemam bilen ikisiniň arasynda bolan gepi ýadyna saldy. Onda Helal şa:

—Juda ýagşy, Warka köp akylly, pälwan ýigit. Menem şu haýyrly işi oýlap ýördüm. Sen mundan gep açdyň. Ertir toý edip, Gülşany Warka nikalap bererin – diýende, aýaly jenjelläp:

— Hä, men gyzymy bikäre besläp ýöremok. Meniň gyzymyň başga gyzlardan kem ýeri barmy? Warka meniň gyzymy talap edýän bolsa, galyň bersin. Ýa-da Warka arap kabylasyndan çykyp, ajam bolupmy? Helal şa kim, Helal şanyň gyzy

kim?! – diýip, Helal bilen Warkanyň enesiniň keýpini uçurdy. Helalyň hatynynyň sözüni şeýban aksakallary hem makullap:

— Hawa, gyz galyňsyz bolmaz – diýişdiler. Hemamyň ornuna bolan ilagasy:

— Hawa, kempir, uýalyň ahyry. Hiç bolmasa, ýigrimi müň tylla tapyp gelseňiz, soň Gülşanyň toýy bolar – diýip, Warkanyň enesine jogap berdi. Onda Warkanyň enesiniň başy aýlanyp, niçe wagtdan soň özüne gelip:

— Bolmasa, ogluma üç aý möhlet beriň. Kyrk gün barmaga, on gün durmaga, kyrk gün gelmäge. Warka Ýemene baryp, Selim şa daýysyndan ýigrimi müň tylla ýardam alyp gelsin – diýdi.

Helal şa ilagasynyň garşylygyna bakman, Warkanyň enesiniň sözüni makullap:

— Bolýar, Warka pälwana üç aý möhlet bereýin. Eger üç aýda Ýemenden ýigrimi müň tylla alyp, gaýdyp gelmese, soň menden öýke etme – diýdi.

Enesi öýüne gelip, bolan wakalary Warka bir-bir beýan edip, bir söz diýdi:

Yza gaýdan döwlet gaýta dönmeýär,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.
Bagt guşy başa aňsat gonmaýar,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.

Tyllaň ýok, geçdiler asly zatyňdan,
Galmady dünýälik närse atаňdan,
Sapar kylmak boldy geçip ýurduňdan,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.

Gaýrat edip, Ýemen ýolun ýöregin,
Kerwenlerden Selim şany soragyn,
Şa daýyňdan tylla teňňe soragyn,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.

Söz sorasa, enem gözi ýolda – diý,
Syndyk mätäçlikden Şeýban ilde – diý,
Köňlüm özgede däl, Gülşa gülde – diý,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.

Senem gyzlar zer käkilin daraýdyr,
Şalygyň şöwketi tylla saraýdyr,
Selim daýyň hajatyňa ýaraýdyr,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.

Men aglaýan gije-gündiz ahy-zar,
Sen gidensoň didaryňa intizar,
Selim şa sözlegin derdiňi äşgär,
Aman-esen bargyn Ýemen ýurduna.

Warka bu sözleri enesinden eşidip, Ýemene baryp Selim şa daýysyndan ýigrimi müň tylla ýardam alyp gelmegi karar edip, araby tulparyny eýerlemäge başlady. Şol wagt Warkanyň enesi Selim şa agasyna bir hat taýýarlap, horjuna kyrk külçe, azyk-owkat salyp, agzyny gözäp, Warkany Ýemene ugratmakçy bolup, sypanyň ýanynda duruberdi. Warka hem araby tulparyny taýýarlap, ýarag enjamlarny dakynyp, sypanyň ýanyna geldi. Enesinden haty alyp berkledi, horjuny alyp, eýere baglady, enesiniň getiren donuny geýip, bilini baglady, köňlüni sapara çaglady. Şeýdip, Warka enesi bilen hoşlaşyp, Selim şa daýy-

synyň ýurduny yzlap «Nirde sen, Ýemen şäheri» diýip, ýola düşdi. Şeýbanda enesinden başga hiç kim Warkanyň Ýemene gidenini görmän galdy.

Warka Şeýbany yzda galdyryp, at gamçylap, dynman çapyp baryberdi. Dört aýakly janaweriň ganaty ýok, şonda-da tulpar guş deý uçup, jandan geçip, atylan ok bolup, uzak suwsuz çöli menzilme-menzil külterläp barýardy. Uzak ýollary, suwsuz çölleri söküp, kyrk gije, kyrk gündiz ötüp, Warka Ýemen ýurduna ýetip bardy. Warka pälwan Ýemeniň derwezesiniň ýanyna gelip görse, galanyň üstünde oturan ýemen gyzlaryndan başga hiç kim ýok. Derweze bolsa gulply durdy. Warka haýran galyp, «Näme-de bolsa, derwezeban babany çagyryp göreýin» diýip, aýagyny üzeňňä diräp, at üstünden bir söz diýdi:

Uzak ýoldan Ýemen diýip gelermen,
Derwezeban, derwezäni açawer.
Çöl aralap, aryp, ýadap gelermen,
Derwezeban, derwezäni açawer.

Mundan geldim, sansyz depe aralap,
Ýüzlerim saraldyp, köňlüm ýaralap,
Ahyr ýetdim Ýemen ýurdun soraglap,
Derwezeban, derwezäni açawer.

Sözläbersem, eda bolmaz sözlerim,
Elkyssa, dört boldy çölde gözlerim,
Munda galyp, saralmasyn ýüzlerim,
Derwezeban, derwezäni açawer.

Warkanyň solmasyn gül deý jemaly,
Jan baba, dep etgin bu gamgyn haly,
Ýurduňa gonaýyn bilbil mysaly,
Derwezeban, derwezäni açawer.

Garry derwezeban garasa, bir nowjuwan, behiştde gulman, astynda araby haýwan, sypaty pälwan ýigit: «Açgyn derwezäni» diýip, üzeňňä aýagyny diräp gygyryp dur. Görnüşinden juda uzakdan gelýän ýigide meňzeýär. Garry derwezeban bu duran pälwan sypat ýigidiň ýow ekenligini, il ekenligini bilmän haýran bolup: «Gel, näme bolsa hem bu ýaş ýigidiň özünden soraýyn, gepine garap jogap bereýin» diýip, bir söz diýdi:

Köpi görüp, köpi bilen çaldyryn,
Nirden perwaz edip geldiň, ýaş ýigit?
Duşmana ýow, dost diýene ildirin,
Nirden perwaz edip geldiň, ýaş ýigit?

Ýaş oglan sen, ýagşy akyl-huşuň bar,
Ýa bilmedim, munda köňül hoşuň bar,
Bu şäherde, bilmen, kimde işiň bar?
Nirden perwaz edip geldiň, ýaş ýigit?

Eý, juwanym, asyl ýurduň sorar men,
Myhman bolsaň hatyraňy gorar men,
Ildigiňi bilsem, şähre ibär men,
Nirden perwaz urup geldiň, ýaş ýigit?

Döwletiňde goşa-goşa narmydy?
Nar üstüne ýüküäp goýan zarmydy?

Täjirmi sen, malyň-mataň barmydy?
Nirden perwaz urup geldiň, ýaş ýigit?

Baharda açylan bagda gülmi sen?
Aslyň asylzada, Huda gulmy sen?
Derwezeban diýr, ýowmy ýa ilmi sen?
Nirden perwaz urup geldiň, ýaş ýigit?

Warka seretse, derwezeban özüniň nähili adamdygyna ynanman dur. Onsoň Warka pälwan: «Bu garry derwezebana ýene anyklap, söz aýtmasam bolmaz» diýip, bir söz aýtdy:

Bir zary iş bilen munda gelermen,
Derwezeban, meni munda saklama.
Öz ilimden hoşwagt bolup gelermen,
Derwezeban, meni munda saklama.

Beni Şeýban atly ilu-ýurdum bar,
Menzil söküp, gala aşan atym bar,
Selim şaga alyp gelen hatym bar,
Derwezeban, meni munda saklama.

Daýym seniň bilmegeniň bildirer,
Hanjar urup, gara bagryň dildirer,
Ajalyňdan bäş gün burun öldürer,
Derwezeban, meni munda saklama.

Bir gep bilen çykyp geldim ilimden,
Köp söz bilen goýma meni ýolumdan,

Derhal gelip, namany al golumdan,
Derwezeban, meni munda saklama.

Däli derýa kimin daşyp dolar men,
Açmasaň ýolumy indi öler sen,
Öz ölmüňe özüň sebäp bolar sen,
Derwezeban, meni munda saklama.

Warka pälwan Selim şaha ýegendir,
Gülşa atly gül perini söýendir,
Malsyzlykdan bagrym, başym köýendir,
Derwezeban, meni munda saklama.

Warka sözüni tamam edip, uly-uly daşlary derwezeden aşyryp zyňyberdi. Garry derwezeban näme ederini bilmedi. Eger gelen nätanyş ýigidiň hemme gepleri rast bolsa, derwezeban köp günäli boljakdy. Eger nätanyş içaly bolup, hilegärlik bilen içeri girip gitse, ýene köp günäli boljakdy. Garry derwezebanyň akyly çaşyp, huşy gidip, kellesini tutup, dodagyny dişläp, maňlaýyny ýumruklap, ahyry oýlanyp-oýlanyp, derwezäniň deşiginden goluny çykaryp, Warka pälwanyň elindäki hatyny aldy. Hata çala göz gezdirip görse, çyndanam Selim şa ýazylan nama. Muny bilip, garry derwezeban derhal derwezäni açdy.

— Hä, ýegenim, «tanamadyk sylanmaz» diýlenleri eken. Ýemene hoş gelipsiňiz, barymyz size hyzmatkär, gulluk! – diýip, Warkany içeri goýberdi. Derwezebanlygy ogluna tabşyryp, özi hem bir ata münüp, Warkany tirkeşdirip, şäheriň ortasyna garap ugrady. Hälki galanyň üstünde oturan hilal gaşly arap gyzlary Warkanyň arkasyndan gül çemenler atyp galdylar. Köşküň işigagasy gelen myhmany Selim şanyň huzuryna alyp

bardy. Warka daýysy bilen görşüp, enesiniň hatyny oňa berdi. Selim şa haty okap:

— Eý, ýegenim, hoş gelipsiňiz, bu ýerde bir-iki gün bolup, biziň ýurdumyzyň belent-peslerini görüp gidersiň. Emma biziň başymyza bir müşgül iş düşüp dur. Eliňden gelse, ýardam edersiň – diýip, Ýemende bolup duran wakalardan habardar etdi.

Şu günlerde başga bir ýurtdan bir patyşa ýetmiş müň esger bilen Ýemeniň üstüne çozup gelip, Ýemeni öz döwletine goşmakçy bolup, Selim şany bolsa ölüm zyndanyna salmakçy bolup, birnäçe günden bäri uruş edýärdi. Ýemenliler köp zyýan görüp, Selim şa näderini bilmän, ahyry ýigrimi günlük möhlet sorady. Daň atsa, şol ýigrimi günlük möhleti tamam bolýardy. Ertesi ýa Alla, ýa nesipdi. Duşmanyň Ýemen halkyny ýetim-ýesir etjegine hemmäniň gözi ýetikdi. Leşgerler möhletiň tamam bolmagyna garaşyp, şäheriň eteginde öz çadyrlarynda dem-dynç alyp ýatyrdylar.

Warka bu wakalary eşidip:

— Ertir ýalňyz özüm meýdana çykyp, duşmanlary gyryp taşlaryn – diýip, Selim şa daýysynyň köňlüni göterdi. Şeýdip, Warka pälwan bu gije Selim şa daýysynyňkyda ýatdy. Gije geçip, daň atdy. Duşman patyşasynyň gije taýýar bolup duran leşgerleri Ýemeniň derwezesiniň ýanyna gelip, sap düzüp, surnaý-kerneý çalyp, şowhun ediberdi. Bu tarapda ýemenliler näderini bilmän, telpek diýip, yştan geýip, yştan diýip telpek geýip, hemme janyndan umydyny üzüp, biri aglap, biri gygyryp, şeýle bolsa-da eziz topragyna bigänäniň gadam goýmagyny islemän, her kim öz başyna, tertipsiz halda jeň meýdanyna häzirlenip başladylar. Hemmäniň başynda huşy ýok, hiç kimiň hiç kim bilen işi ýok. Warka hem teblehana girip, yzlap, bu ýerden öz atyny tapyp aldy. Şu ýerde Warkanyň köňli

bozulyp, bagry ezilip, bu ýerlere gelmegini ýatlap, zar-zar aglap, ýürek-bagryny daglap, özüne özi teselli berip, bir söz diýdi:

Gülşa yşkyna ýanar men,
Bu gün jeňe atlanýaryn.
Ajap däli-diwana men,
Bu gün jeňe atlanýaryn.

Gülşa wysal bolarmykan,
Hazynalam dolarmykan,
Gülşa aýy alarmykam,
Bu gün jeňe atlanýaryn.

Gije-gündiz dynman ýördüm,
Garyplyk ýamandyr, gördüm,
Gülşa diýip jeňe bardym,
Bu gün jeňe atlanýaryn.

Belent daglar duman boldy,
Bu aýralyk ýaman boldy,
Gaýdyp barmak güman boldy,
Bu gün jeňe atlanýaryn.

Duşmanlary ýegsan etsem,
Warka aýdar, Gülşa ýetsem,
Razy men ölüp gitsem,
Bu gün jeňe atlanýaryn.

Warka sözüni tamam etdi. Ýene ýalňyzlygyny ýat edip, atynyň maňlaýyndan sypalap:

— Eý, janawer, bu ýagdaýda meniň senden başga hemram ýok. Men arzymy saňa aýtman kime aýdaýyn. Eger bu uruşda ajalym ýetip, ölüp gitsem, meniň üçin Gülşanyň daşyndan ýedi gezek aýlanyp, etegini öpgün – diýip, gözünden ýaş akdyryp, atyna garap bir söz aýtdy:

Ýaşlygymdan bile ösen ýoldaşym,
Salamymy jananyma ýetirgin.
Bu ýerlerde batsa, meniň kuýaşym,
Salamymy jananyma ýetirgin.

Duşmanlar gelipdir Ýemen kastyna,
Leşger taşlap ýatmyş gala astyna,
Ejiz bolsam, alar meni destine,
Salamymy jananyma ýetirgin.

Diri galsam, seniň bilen gider men,
Şadan alan möhletime ýeter men,
Maglup bolsam, hasrat bilen öter men,
Salamymy jananyma ýetirgin.

Allahym ýar bolsa, duşmany gyrsam,
Polat hanjar bilen aýaman ursam,
Betpäl duşmanlaryň jezasyn bersem,
Salamymy jananyma ýetirgin.

Täleýim ters gelip, golum boşaşsa,
Eder işim bilmän aklym azaşsa,

Ýa takdyrym ganym goluna düşse,
Salamymy jananyma ýetirgin.

Ganat baglap, menzil çöllerden aşgyn,
Aýagyň jüp taşlap, Şeýbana gaçgyn,
Dostdan dosta ilçi bolup ulaşgyn,
Salamymy jananyma ýetirgin.

Owal baryp, agla atam başynda,
Ondan soňra durgun enem gaşynda,
Edep saklap, aýlangyn oň daşynda,
Salamymy jan eneme ýetirgin.

Bozulan köňlümni eýle ymarat,
Ýemende öldi diýip, kylgyn yşarat,
Basan yzlaryny edip zyýarat,
Salamymy jan eneme ýetirgin.

Ondan soňra bargyn Gülşaň gaşyna,
Zülplerin sürtgi kyl gözde ýaşyňa,
Warkanyň arzyn aýt içu-daşyňa,
Salamymy öz ilime ýetirgin.

Warka pälwan sözüni tamam edip, ýarag-enjamlary dakynyp, atyna münüp, sansyz duşman bilen uruş etmäge baryberdi. Ýolda öz-özüne şu sözleri aýtdy:

Yşk ýolunda duşman bilen
Uruşar men, ölüşer men.

Köp zeňňi pähliwan bilen,
Gylyç, naýza salyşar men.

Hezret Ýusup bilen Perhat,
Boldum siz dek yşka ussat,
Züleýha, Şirin—perizat,
Gülşa, yşka ulaşar men.

Daglar görünmez gözüme,
Ýowlar bäs gelmez özüme,
Duşman baka bilmez ýüzme,
Agyp-dönüp, döwüşer men.

Boldum huşumdan bigäne,
Yşk oduna ýana-ýana,
Gyzgyn uruş meýdanyna,
Duşman bilen alyşar men.

Warka söweşe atylar,
Jeňimden asman tutular,
Kim gutular, kim tutular,
Gaçan bilen yzlaşar men.

Warka sözüni tamam etdi. Jeň meýdanyna bardy. Sap-sap bolup duran duşman leşgerine hiç kim garşy çykyp bilmän duran wagtynda, Warka pälwan mest iner dek arlap, haýbatyndan daglar sarsdyryp, elinde naýza parladyp, at oýnadyp meýdana girdi. Atynyň ýüzüni duşmana öwrüp, aýagyny üzeňňä diräp, duşman pälwanlaryna garap: «Kim döwüşse, munda meýdana gelsin» diýip, bir söz diýdi.

Pälwan menem, deňiz bolup daşar men,
Kim döwüşse, munda meýdana gelsin.
Bedew münüp, menzil-meýdan aşar men,
Kim döwüşse, munda meýdana gelsin.

Zorlaryna görkezerin güýjümi,
Daýym üçin alaryn men öjümi,
Alla asan eder meniň işimi,
Kim döwüşse, munda meýdana gelsin.

Ýemen ile menzil söküp gelipsiz,
Il-halkyň malyny olja alypsiz,
Şeýdip, belli ganym duşman bolup siz,
Kim döwüşse, munda meýdana gelsin.

Mert gelse, bolarmy namart dermany,
Jähenneme gider, elbetde, jany,
Hiç kimiň galmasyn köňül armany,
Kim döwüşse, munda meýdana gelsin.

Bahar bolsa dagdan duman aýrylmaz,
Batyr bar ýerinde ýolbars darymaz,
Warkanyň gözüne leşger görünmez,
Kim talapgär bolsa, meýdana gelsin.

Warka sözüni tamam etdi. Bu sözi eşiden duşman pälwanlarynyň biri:

— Eý, pişijek, köp maýawlama. Piliň ýanynda pişige durmak bolmaz. Seniň haýbatyndan gorkýan kişi ýok. Biz öňden ýemenlileri gyrmaga gelen, sen we saňa meňzeş ýemenlileriň

müňüsini ýenjip taşlamak bir meň özümiň elimden gelýär – diýip, atylyp meýdana girdi. Onda Warka pälwan:

— Eý, betbagt, dünýäde özüňden başgany adam diýmersiňmi? Ilki güýjüňi görkez, soň öwün – diýip, at oýnadyp baryp, hälki pälwanyň çigninden tutup, atdan agdaryp, ýere urdy. Duşman pälwanynyň jany jähenneme gitdi. Warkanyň şeýle pälwandygny gören duşmanlar:

— Munuň bilen ýekeme-ýeke urşup bolmaz. Muňa leşger bolup, at goýup, birden hüjüm etmek gerek – diýdiler. Duşman patyşa leşgerlerine garap:

— Alyň, aldyrmaň – diýip, hüjüme buýruk berdi. Duşmanlar ýapyrlyp, Warkanyň üstüne hüjüme başladylar. Atlar çapyldy, gylyçlar parlady. Dünýäni tozan-duman tutdy. Duşmanlar şowhun edip, Warkanyň töweregini aldylar. Warka kem-kem joşup, kä sagyndan, kä solundan, kä öňünden, kä yzyndan gelýän duşmanlary gylyçdan geçiriberdi. Muny gören duşman akylyndan azaşdy. Warkanyň gaýraty daşyp, duşman leşgeriniň aňyrsyna çykdy. Köpüsiniň jany jähenneme gitdi, köpüsi jeň meýdanyny taşlap gaçdy. Şir dek nagra urup, duş gelen kişiniň janyny alyp gelýän Warka pälwany görüp, duşman patyşasy leblerini dişledi. Onuň mertligine, gylyçbazlygyna haýran galdy. Gorkup gaçmaga hyýal etdi, emma mejaly bolmady. Şol wagt Warka pälwan ýetip gelip, naýzasy bilen patyşany sanjyp, asmana göterip, bir beýigiň üstünde duruberdi.

Duşman goşunlary bir garasa, Warka pälwan serdarlaryny naýza sanjyp, asmana göterip dur. Patyşanyň aýagy ýokarda, başy aşak bolup, asylyşyp dur. Duşmanlar muny görüp: «El aman-da, el aman» bolşup, naýza-gylyçlaryny ýere taşlaberdiler. Ölmän galanlaryna şükür edip, top-tophanalaryny ýygnap, gaýdyp Ýemene gelmezlige kasam içip, öz ýurtlaryna gaýtdylar.

Yzdaky sapda gelýän Selim şa orta gelip, atyndan düşüp, Warka ýegeniniň öňünden çykdy. Warka hem atdan özüni taşlap, daýysy bilen gujaklaşyp görüşdi. Selim şa wezir-wekilleri bilen Warka hormat-sylag edip,galasyna getirip, saz-söhbet, zyýapat bilen ony hezzetledi. Selim şa kyrk müň tyllany getirip, Warkanyň öňünde goýdy. Şol wagtda wezir wekiller, ýurduň abraýly kişileri kimse üç müň, kimse bäş müň, kimse on müň, kimse ýigrimi müň tylla getirip, Warkanyň öňünde goýuberdiler. Onda Warka:

— Men ýigrimi müň tyllany Selim şa daýymdan karz alyp gitmekçidim. Siziň bu harman tylla-teňňeleriňiziň maňa näme geregi bar – diýdi. Ýigrimi müň tyllany sanap alyp, Selim şa daýysyndan gaýtmaga ejaza sorady. Ondan soň Selim şa wezirleri bilen saz-söhbet edip, zyýapatlar beriberdiler. Warkanyň öňüne gül taşlap geçýän ýemen gyzlarynyň yzy üzülmeýärdi. Şeýle hoş zyýapatlar, hoş söhbetler bilen on gün hem tamam bolup, Warkanyň möhletinden kyrk gün galdy. Warka kyrk günde Şeýbana ýetip barmalydygny aýdyp, ýene-de daýysyndan jogap sorap, bir söz aýtdy:

Eşitgil, jan daýy, size arzym bar,
Kyrk gün galdy, daýy, jogap sorar men.
Şa Helaldan üç aý möhlet karzym bar,
Kyrk gün galdy, daýy, jogap sorar men.

Şeýbanda jan enem ýola intizar,
Bile bilmen, o ýerlerde ne gam bar,
Bilmen, nähaldadyr onda Gülşa ýar,
Kyrk gün galdy, daýy, jogap sorar men.

Özüm munda, Şeýban ilde hyýalym,
Keçpelegiň işi biwepa, zalym,

Saralyp solmasyn gül dek jemalym,
Men gideýin, daýy, jogap sorar men.

Gülşa ýarym ýola garar Şeýbanda,
Ýumruk deý jan enem Taňryga bende,
Bu ýerde eglensem, galar ol gamda,
Men gideýin, daýy, jogap sorar men.

Jogap beriň, daýy, säher gideýin,
Görünmez beladan tiz-tiz öteýin,
Şu kyrk günüm tamam bolman ýeteýin,
Men gideýin, daýy, jogap sorar men.

Ölmesem, dünýäde döwran sürerin,
Takdyr kylsa, ýene sizi görerin,
Warka aýdar, uçup guş dek bararyn,
Men gideýin, daýy, jogap sorar men.

Warkanyň bu sözlerinden soň, Selim şa ýegeniniň eger ganaty bolsa, Şeýbana uçup gitjekdigini bilip:

— Bolýar, ýegenim, beýle bolsa saňa erte säher bilen jogap. Ýöne şu şerti bilip git. Baryp şa Helalyň gyzyna öýlenensoň, eneňi hem alyp, Ýemene göçüp gelersiň. Men seni goşuna serdar edip goýaryn. Bu ýerde Gülşa ýaryň bilen eneňi Erem bagynda goýup, özüň pälwanlar bilen ýörersiň – diýdi. Warka hem daýysynyň bu maslahatyna razy boldy. Şeýdip, Warka ertesi daň atyp, säher wagtynda, daýysy bilen hoşlaşdy. Selim şa:

— Ýegenim, Şeýbana barsaň, uýama salam diýgin – diýip, Warka garap bir söz diýdi:

Mundan gider bolsaň, gyrlardan aşa,
Eger barsaň, ol uýama salam diý.
Arabyň çöllerin eýläp tomaşa,
Eger barsaň, ol uýama salam diý.

Arabyň adaty ýamandyr, ýaman,
Başym bent, Ýemende bolup men soltan,
Neýläýin, kyrk günlük uzakda Şeýban,
Barsaň, ýegen, ol uýama salam diý.

Uýam Şeýban ilde naçar bolupdyr,
Ogly ýigit bolup, munda gelipdir,
Ýigit başyn pelek gowga salypdyr,
Barsaň, ýegen, ol uýama salam diý.

Günäkär men, siziň sary barmadym,
Halyňyzy bilip, habar almadym,
Bir gezek hem uýam ýüzün görmedim,
Barsaň, ýegen, jan uýama salam diý.

Sözläbersem, sözüň düri saçylar,
Gozgabersem, köp dertlerim açylar,
Kerem kylsa, sansyz günä geçiler,
Barsaň, ýegen, jan uýama salam diý.

Ilimizde bolup durdy kyýamat,
Şeýban ilde uýam kyldy keramat,
Warka pälwan gelip, galdyk salamat,
Selim şadan jan uýama salam diý.

Bu sözden soň, Selim şa gözden ýaşyny merjen dek döküp, ýegenine jogap berdi. Warka pälwan ýigrimi müň tyllany uly horjuna salyp, kyrk günlük azygyny alyp, Selim şa daýysyndan ak pata alyp, Ýemenden Şeýbana tarap ýola düşdi.

Agşam bütin ýemenliler

— Warka pälwan ýurduna gaýdyp barýarmyş – diýip eşidip, Warkany uzadyp galmak üçin ir säherden jaýlarynyň üstüne çykdylar. Jaýlaryň üstünde her bir juwan ýigitler, galam gaş gyzlar Warkanyň üstünden gül desselerini ýagmyr deý ýagdyryp:

— Ýene Ýemene geliň, siz gelýänçäňiz biz ýoluňyza gül düşäp goýarys – diýip galdylar. Şeýdip, Warka pälwan Ýemeniň derwezesinden çykyp, «Nirde sen, Şeýban ili» diýip, ýola rowana bolup, ýollarda aty bilen sözleşip gidiberdi:

Duşmanlaryň dadyn beren,
Ýa senmidiň, ýa menmidim?
Olary gamyş dek oran,
Ýa senmidiň, ýa menmidim?

Ol meýdanda gaýnap-joşan,
Niçe pälwan bilen urşan,
Gylyç parladyp, hetden aşan,
Ýa senmidiň, ýa menmidim?

Ýaplar, çaýlar gana dolan,
San-sajaksyz duşman ölen,
Jeňde galan Ýemen gelen,
Ýa senmiidiň, ýa menmidim?

Şeýban ile gaýtmak gerek,
Çölde aýdym aýtmak gerek,
Uzak ýoly kyrk gün ýöräp,
Geçjek senmi ýa menmidim?

Gözle Şeýban illerine,
Yzla dogry ýollaryny,
Öz ilimiň güllerine,
Ýetjek senmi ýa menmidim?

Warka aýdar, joşawerim,
Möhletim bolmasyn tamam,
Bu ýollary sag hem aman,
Geçjek senmi ýa menmidim?

Şeýle ýagdaýda, Warka atyny haýdadyp, sähra-çölleriň, dag-dereleriň arasy bilen kyrk gije, kyrk gündiz ýöränsoň, Şeýbanyň garasy görnüp ugrady. Warkanyň öz ilini görüp, bagry ezildi, enesi bilen Gülşany ýat edip, köňli bozuldy. Küren-küren obalary, hatar-hatar öýleri görüp, gözünden ýaşy monjuk deý düzülip, «Enem bilen Gülşa ýolumda intizarmyka?» diýip, bir söz aýtdy:

Bilbiller saýraşyp, uçar güllerden,
Biziň iller maňa intizarmykan?
Gaýdyp gelenimi aşyp ýollardan,
Bilip enem janym intizarmykan?

Men gidensoň gözi ýolda zarmykan?
Didarym görmäge intizarmykan?

Öz öýünde aman-esen barmykan?
Gülşa ýarym maňa intizarmykan?

Gülşa aýyň gözi ýolda dörtmikän?
Gaýgy-gamdan köňli doly gertmikän?
Ýa-da nesibesi özge ýurtmykan?
Bilmen, ýarym maňa intizarmykan?

Oýlasam köňlümni şeýtan azdyrar,
Şum pelegiň jepasyny ýagdyrar,
Şa Helal özüniň ähdinde durar,
Şeýban iller maňa intizarmykan?

Haýda sen, eý, hemram, araby tulpar,
Şeýbanlylyr meň ýolumda intizar,
Berlen wada möhletine ýetip bar,
Biziň iller maňa intizarmykan?

Haýda sen, eý, hemram, araby haýwan,
Golaýlap, ýakynlap galypdyr Şeýban,
Ýeteýin, köňülde galmasyn arman,
Biziň iller maňa intizarmykan?

At çapsa, ýarylar daglaryň daşy,
Jeň güni çapylar duşmanyň başy,
Giç galyp akmasyn Warkanyn ýaşy,
Biziň iller maňa intizarmykan?

Warka pälwan sözüni tamam edip, Şeýbanyň içi bilen geliberdi. Indi habary Şeýban ilinden aýdalyň.

Bu tarapda Warkany görübilmän ýören ilagasy Warka Ýemene gidensoň, bet hile edip, derrew Helal şanyň möhüri bilen Şam patyşasy Muhsyn şa şeýle hat ýazdy: «Eý, uly döwletiň eýesi Muhsyn şa, biziň döwletimiziň bagynda ösüp kemal bolan bir gülümiz bolup, oňa töwerekdäki şa-şazadalar hyrydar. Emma biz şol gülüň eýesi bolmaga sizi laýyk gördük. Çünki gülümiziň köňli sizde eken. Şu hat baran zaman eger hyýalyňyz bolsa, sawçy iberiň. Bolmasa başga patyşa we şazadalardan alan möhletim tamam bolup, kynçylyga galjak. Eger siz bu möhletden öň toý edip, alyp gitseňiz, başga patyşalaryň we şazadalaryň hiç biri ony alyp bilmän galybererler. Şeýban şasy Helal şa». Ilagasy bu haty özüne garaşly bir ilçiden iberdi

Ilçi ýel dek ýortup, kyrk gün diýlende Şama ýetip baryp, namany Muhsyn şa berdi. Muhsyn şa şol günüň özünde gelen ilçä özüniň ilçisini goşup, kyrk gatyry zerden-zewerden ýükläp, Şeýbana uzatdy. Bular kyrk gün diýlende Şeýbana gelip, Helal şa Muhsyn şanyň iberen namasy bilen sowgatlaryny gowşurdylar. Helal şa:

— Men Warka söz berip, togsan gün möhlet bilen Ýemene iberdim. Indi möhletimden on gün galdy. Soň wadamda durmasam, nähili bolar? – diýip, kellesi çişip, akylyndan azaşyp galdy. Şol wagt ilagasy ýerinden turup:

— Eý, Helal şa, Warka Ýemene barany bilen Selim şa oňa ýigrimi müň tylla berip ibermez. Selim şanyň üstüne duşmanlar leşger ýygyp gelen, belki, şu wagta çenli duşman goşnuna Selim şa ýesir bolandyr– diýdi.

Şol ýerde şanyň aýaly hem bir tarapdan çykyp:

— Şam ýaly döwletiň patyşasy bize giýew boljak diýse, Warkanyň näme geregi bar? Eger Warka ýüz müň tylla alyp gelse hem, Şam patyşasy ýaly bolup bilmez – diýdi.

Ilagasy onuň sözüni makullap:

— Hawa, ýeňňem dogry aýdýar. Warka bir ýetim, Şam patyşasynyň Şeýban ýaly birnäçe kybylalary bar. Elbetde, Muhsyn şanyň sözüni kabul etmek gerek – diýdi.

Mekir wezir bilen şerraý hatyn arasynda ejiz bolup galan Helal şa:

— Bolmasa näme ederis, eger Warka ölmän Ýemenden gaýdyp gelse, oňa näme jogap bereris? – diýdi.

Ilagasy derrew özüniň bozuk hilesini amala aşyryp, Helal şany nogtalap, Gülşany Muhsyn şa bermegiň aladasynda boluberdi. On günlük toý yglan edip: «Bu toý Warka Gülşanyň berişlik toýy» diýip, halky aldady. On günden soň, daň atsa, Warkanyň Şeýbana gelip ýetjek güni gijara Gülşany bezäp, saçlaryny darap, birnäçe kenizler we aksakallar bilen Şama uzatmakçy boldular. Birnäçe aýallar gelip, «ýar-ýar» aýdyp, Gülşany köýdürip, zar-zar agladyp, ýürek-bagryn dagladyp, kejebä mündürdiler. Şa Helal pata beren wagtynda Gülşa owal aýallaryň «ýar-ýar» aýtmaklaryna ýuwaşja aglaýan bolsa, indi gaty aglap, hem ýurdundan, hem ýaryndan, hem ata-enesinden aýrylyp barýanyna köňli juda weýran bolup, aglap-eňräp, ata-enesine garap, bir söz diýdi:

Men neýläýin, ata, bagry gara men,
Göz görmedik gaýry ýurda gider men.
Bir ýumruk deý naçar, köňli ýara men,
Alajym ýok, gaýry ýurda gider men.

Neýläýin, köňlümi gaplady duman,
Aýralyk gurasyn, juda bir ýaman,
Patyşadym, çory bolup barar men,
Alajym ýok, gaýry ýurda gider men.

Gamly güni zagpyran deý meňzim bar,
Şa Helal atajan, saňa arzym bar,
Bendi guşy halas etjek kimim bar,
Neýläýin men, ýat illere gider men.

Arabyň adaty gursun, atajan,
Ýumruk deý gyzlara bermeýär aman,
Huda ýazgydyna özüm hem haýran,
Neýläýin men, ýat illere gider men.

Dostlarymdan jyda bolup barar men,
Köýüp-ýanyp, eda bolup barar men,
Ajap matamzada bolup barar men,
Neýläýin men, ýat illere gider men.

Wagty ýetmän peýmanalar dolmaýar,
Ajaly ýetmese, adam ölmeýär,
Indi gaýdyp görmek mümkin bolmaýar,
Neýläýin men, ýat illere gider men.

Gülşa aýdar, zar-zar bilen ýyglar men,
Kysmatym şu bolsa näme kylar men,
Çäräm nedir, sizden pata dilär men,
Neýläýin men, ýat illere gider men.

Gülşa sözüni tamam edip, gyzlar bilen gujaklaşyp, razylaşyp, ata-enesinden pata alyp, şol pursatda bir jorasyna:

— Eger Warka Ýemenden ölmän gelse berersiň, menden ýadygär bolsun – diýip, elindäki ýüzügini berdi. Şeýdip, Gülşa zar-zar aglap, Şama gitdi.

Gülşa gidensoň ilagasy hile etdi. Ertesi «Gülşa öldi» diýip, bir goýny soýup kepenledi. Özi ýaly birnäçe betpäller bilen dil birikdirip, çäş wagty san-sajaksyz bihabar biçäre halkyň arasynda jynazasyny okadyp, goýny tabyda salyp, mazarystanlyga eltip gömdürdi. Adamlar giç agşam gam halynda oturan wagtynda Warka Şeýbana geldi. Warkany görüp hälki betpäller «Waý, jigerim» diýip, aglaşyberdiler. Warka Gülşanyň «öldi» habaryny eşidip, akyl-huşy çaşdy, asman ýere gapyşdy, agyr söwdalar başyna düşdi, giň jahan dar boldy, atyndan özüni ýere taşlady. Biri gelip, atyny baglady. Birnäçesi gelip, Warkanyň köňlüni awlady:

— Takdyryň şum eken, muňa çäre ýok. Kysmatyňa razy bol! – diýip nesihat etdiler. Warka bu gepler täsir etmedi. Gözýaşlary ýagmyr deý dynman, «ah» bilen Gülşa ýaryny ýat edip, aglap bir söz diýdi:

Men gidemde ýollaryma zarmydyň,
Gülgüzarym, Gülşa ýarym nirede?
Men gelemde garşy alyp durmadyň,
Gülgüzarym, Gülşa ýarym nirede?

Ýyglarmen, ýyglarmen, munda ýyglarmen,
Bagtym gara bolsa, näme kylar men,
Gülşa ýara ýene ömür dilär men,
Gülgüzarym, Gülşa ýarym nirede?

Başym gaplap aldy garaňky jahan,
Dat etsem, direlmez indi Gülşa jan,
Bu dertlere goýduň meni, eý, aman,
Gülgüzarym, Gülşa ýarym nirede?

Warka aglap, her ýan urdy başyny,
Sillere öwürdi gözde ýaşyny,
Iýmişem gam güni gamyň aşyny,
Gülgüzarym, Gülşa ýarym nirede?

Warka sözüni tamam edip, bir garasa, enesi bir tarapda gara geýnip, aglap dur. Warka enesiniň ahwalyny görüp, gamgyn bolup, enesiniň boýnundan gujaklap, zar-zar aglap, bir söz diýdi:

Men indi bolmuşam däli-diwana,
Ene jan, Şeýbanda saňa nä boldy?
Köňül beren dildarymdan bigäne,
Ene jan, Şeýbanda saňa nä boldy?

Her kimsäge ölüm duşsa nä çäre,
Indi menem bolup galdym awara,
Pelek arzym ýetirmedi ol ýara,
Ene jan, Şeýbanda saňa nä boldy?

Gözleriňden nuruň solup gidipdir,
Bilmen saňa kimden jebir ýetipdir,
Gam-gussa hasraty ýüzüň tutupdyr,
Ene jan, Şeýbanda saňa nä boldy?

Şa Helal gardaşym bir söz diýdimi?
Ýa başgadan gelen jepa edimi?
Ýa Gülşanyň wepatynyň derdimi?
Ene jan, Şeýbanda saňa nä boldy?

Ýetmezmidi ýalňyz balaň gurbaty,
Togsan gün saparda çeken hasraty,
Warka nätsin, indi täji-döwleti,
Ene jan, Şeýbanda saňa nä boldy?

Warka sözüni tamam etdi. Biçäre enesi ölüm halyndady, «Selim, Selim» diýen sözden başga hiç zat diýip bilmän, ýere ýykyldy. Adamlar ony göterip, öýüne alyp bardylar. Ertesi Warkanyň enesi wepat etdi. Warkanyň başyna gam üstüne gam indi. Şeýbanyň uly-kiçisi jemlenip, Warkanyň enesiniň jynazasyny okap, ony görüstana eltip jaýladylar. Mähriban enäni gara topraga tabşyryp, bularyň halyna aglaşyp, adamlar dargap gitdiler. Warka bolsa gündizini gijä, gijesini gündize çalşyp, aradan näçe gün geçenini hem bilmedi. Gülşa bilen enesiniň aşsuwuna daýysyndan getiren ýigrimi müň tyllasyny harçlady. Ana, şeýdip Warkanyň hiç zady galmady, öýlerini hem, atyny hem satyp, puluny dargadyp, özi derwüş bolup, enesiniň kyrkyndan soň, mazarystanlyga baryp, Gülşanyň mazary bilen enesiniň mazarynyň arasyny özüne mekan edip, «dünýäden geçdim» diýip ýatyberdi. Şeýbandaky Gülşa bilen Warkanyň enesi üçin tutulan ýas sowlandan soň, Gulşanyň ýüzügini beren kenizi pursaty jaý bilip, Warkanyň ýanyna geldi. Hal-ahwalyny sorap, amanat ýüzügi Warka berip, keniz bir söz diýdi:

Begim, gam çekmäň siz, gamly mekanda,
Gülşa gyzdan size habar bereýin.
Gülşa diri, häli bardyr jahanda,
Gülşa gyzdan size habar bereýin.

Şu ýüzügi size berdi ýadygär,
Özi gitdi Şam ýurduna bolup zar,

Size bola-bola intik, intizar,
Gülşa gyzdan size habar bereýin.

Ne iş geler gyz oglanyň elinden,
Çykabilmez ata-ene ýolundan,
Taparsyň, elbetde, Şamyň ilinden,
Gülşa gyzdan size habar bereýin.

«Muhsyn dek şadan sawçy geldi» diýip,
«Bagt guşy asan hemdem boldy» diýip,
Imanyny satdy «Gülşa öldi» diýip,
Gülşa gyzdan size habar bereýin.

Aam halkyň bular gözün güýdüler,
Gülşa ýerine bir goýny soýdular,
Kepenläp, ol goýny gömüp goýdular,
Gülşa gyzdan size habar bereýin.

Warka kenizden bu sözi eşidip, haýran bolup, howlugyp, derrew bir pili tapyp gelip, Gülşanyň mazaryny açyp görse, hakykatdan hem bir goýny gömüp goýan ekenler. Warkanyň gözi açylyp, indi hemme bolan işlere düşnüp, enesiniň mazarynyň başyna baryp:

— Ene, indi men bu ýurtdan gitdim, ak süýdüňe razy bol – diýip, zar-zar aglap, ýürek-bagryny daglap bir söz diýdi:

«Balam» diýdiň, rahatymy görmediň,
Ene jan, razy bol, beren süýdüňe.
Şeýban ilde sag-salamat ýörmediň,
Ene jan, razy bol, beren süýdüňe.

Açylmadyk güller hazan bolupdyr,
Bu iller başyn duman alypdyr,
Ýagşylar ölüpdir, ýaman galypdyr,
Ene jan, razy bol, beren süýdüňe.

Gam laýyna batan gamly başym bar,
Pelek jebrin çekdim, gözde ýaşym bar,
Ýolum ýitdi, ne aklym, ne huşum bar,
Ene jan, razy bol, beren süýdüňe.

Warka aýdar, bu ýerlerden gideýin,
Şamyň memleketin watan edeýin,
Mysapyrlyk ýollaryny tutaýyn,
Ene jan, razy bol, beren süýdüňe.

— diýip, Warka enesiniň gabryny gujaklap, enesi bilen şeýdip hoşlaşyp, pata alyp, «Nirde sen, Şam ili» diýip, paý-pyýada «hüw» diýip, ýola düşüp gidiberdi. Şol gidip barşyna şu sözi diýdi:

Menzil söküp, men bararmen,
Şam nirde sen, Şam nirde sen?
Gülşa aýy agtarar men,
Şam nirde sen, Şam nirde sen?

Bu menziller dünle çöldür,
Şamyň ýoly suwsuz ýoldur,
Ýar hijrany meni öldir,
Şam nirde sen, Şam nirde sen?

Aýagyma giren tiken,
Aşyga bu rahat eken,
Şam ýurdy bor maňa mekan,
Şam nirde sen, Şam nirde sen?

Taldan ýasap gola hasa,
Aşykda ýok şermi-haýa,
Bararyn men Gülşa saňa,
Şam nirde sen, Şam nirde sen?

Warka aýdar, men diwana,
Aýtma meni şa ýaryňa,
Syrlarym galsyn pynhana,
Şam nirde sen, Şam nirde sen?

Warka sözüni tamam edip ýöräberdi. Niçe-niçe daglardan, düzlerden ötdi. Şeýdip, kyrk günläp, dynman ýol ýöredi. Ahyry Şam şäherine ýetdi. Görse, Şam ili şeýle ajap, gül-gülälekler açylyp, ysy çar ýana ýaýrap, gyz juwanlar gül ýygyp ýörler. Guşlar saýraşyp, owazlary töweregi gaplap, daýhanlar ekin ekip, awçylar aw awlap ýörler. Warka bulary görüp, köňlüne:

— Bu Şam şäheri şeýle parahat şäher bolsa, patyşasy hem ynsaply adam bolsa gerek. Şeýle bolsa, onda näme üçin Gülşany Şeýbandan aldyrytdyka?! – diýip, her hili hyýallara gümra boldy.

Warka pälwanyň öňki pälwanlygyndan, görk-görmeginden nam-nyşan galmandy. Gözleri hokraýyp, ýüzüniň eti çekilip, dişleri dökülip, gulaklary bitip, şu halda Şama barypdy.

Şamda bolsa Muhsyn şa Gülşany getirip, ýedi gije, ýedi gündiz toý edip, agşam Gülşany nikalap, onuň bilen hylwat etmekçi boluberdi. Ana, şonda Gülşa hapa bolup, derdini aýdara

dertdeş tapman, pelekden şikaýat edip, zar-zar aglap, ýürek-bagryny daglap, özüni betbagtlyga baglap, bir söz diýdi:

Şum pelek elinden gaýry ýurtlara,
Öz başymdan bendi boldum, neýläýin.
Atam goýdy meni jebri-dertlere,
Güldüm, hazan urdy, soldum neýläýin.

Düşdüm men-ä näkesleriň goluna,
Takdyr bilen geldim Şamyň iline,
Bilmen, Warkaň näler geler diline,
Ýurdumdan bigäne boldum, neýläýin.

Atam meni ala dagdan aşyrdy,
Hyýalda ýok, bir kişige tabşyrdy,
Bu işleri söwerimden ýaşyrdy,
Ýurdumdan bigäne boldum, neýläýin.

Atam-enem dözüp, galdy Şeýbanda,
Şama gelip, boldum birewe bende,
Warka gelse, yzlap har bolar onda,
Ýurdumdan bigäne boldum, neýläýin.

Gülşa aýdar, mähribanym ýok munda,
Gaçaý diýsem, hiç imkanym ýok munda,
Warka atly mert pälwanym ýok munda,
Ýurdumdan bigäne boldum, neýläýin.

Gülşa sözüni tamam etdi. Şol wagt birnäçe aýallar onuň sözüne garaman, Gülşany hylwat jaýyna girizip, dokuz gat düşegiň üstünde oturtdylar. Muhsyn şany hem ýeňňeleri Gülşanyň

jaýyna girizdiler. Muhsyn şa gelip, Gülşany derrew bir desse gül ýaly edip, gujaklap almakçy boldy.

Gülşa uzyn boýly, ýaýbaň döşli, giň ýagyrnyly, eginlek, berdaşly bir gyzdy. Bu pälwan sypatlylygynyň üstüne her bir agzasy özüne gelşip duran, gyýma gaşly, hünji dişli, uzyn saçly, aý ýüzli zybady. Muhsyn şa onuň ýanynda bir arryk, ejiz kişidi. Gülşa Muhsyn şany egnine alyp, zyňyp goýberdi welin, ol «waý, janym» diýip, honda gütläp düşdi. Gülşa ýene alyp, zyňarman bolup turanda, Muhsyn şa jaýdan çykyp, gaçyp gitdi. Şeýdip, Muhsyn şanyň Gülşa bilen bolan hylwaty bikär ötdi. Aslynda, Muhsyn şa hem ýaşlygynda yşk-muhabbetiň derdini başyndan geçiren eken. Şonuň üçin ikinji gije hylwatda Muhsyn şa mähribanlyk bilen Gülşa garap, boýnuny burup, bir söz diýdi.

Döwletimden simu-zerler bereýin,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.
Şahyn şah men, hajatyňa ýaraýyn,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Menem ýaşlygymda jepa gören men,
Bir peri peýkere köňül beren men,
Niçe zaman derdin çekip ýören men,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Bildim, köňlüň bir kişige baglydyr,
Şeýdip munda ýürek-bagryň daglydyr,
Ol söýeniň haýsy şanyň ogludyr,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Ýa bolmasa bir ilata begzada?
Arapda köp asyl syýak azada,
Söýen ýaryň atlymy ýa pyýada?
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Aşyklyk derdini menem biler men.
Geçip günäleriň, ýardam kylar men,
Haklyk üçin saňa aga bolar men,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Uly şa men, ululygym bildireý,
Duşmanym mat edip, dostlam güldüreý,
Ýaryň gelse, toýuň özüm kyldyraý,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Kyýamatlyk siňli kyldym özüňi,
Köp aglap ýaş etme röwşen gözüňi,
Yzlap duşmanlaryň gelmez yzyňy,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Muny syr tut, duşmanlardan ýaşyrgyn,
Sap köňül tapylsa, siňlim, baş urgun,
Duşmanyň ýüzine gaty daş urgun,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Muhsyn şa diýr, dagy duman almasyn,
Ýagşy dursun, ýaman hergiz galmasyn,
Töweregiňi ýowuz duşman almasyn,
Herne derdiň bolsa aýtgyn, Gülşa gyz.

Muhsyn şa sözüni tamam etdi. Gülşa onuň sözlerinden dert gören adamdygyny bildi. Gülşa «Hä, indi bilsem, Muhsyn şa şeýbanly mekirleriň hilesi bilen meni bu ýere alyp gelen eken. Muhsyn şadan ýamanlyk ysy gelmeýär» diýip, muňa derdini sözlär boldy. «Eger Muhsyn şa meni aldap gürledýän bolsa hem, barybir men onuň elinde ýesir, näme bolsa hem tüýsi ýagşydan çekinme» diýip, zar-zar aglap, ýürek-bagryn daglap, başyndan ötüren söwdalaryny Muhsyn şa beýan edip, bir söz diýdi:

Arzymy eşitgin, hormatly şahym,
Enemiň külpeti başyma düşdi.
Hiç kime ýetmeýär naladyr ahym,
Enemiň külpeti başyma düşdi.

Atam eden söz-ähdinde durmady,
Men biçäräň hal-ahwalyn sormady,
Özüm söýen ýürekdeşe bermedi,
Aýralyk söwdasy başyma düşdi.

Enem baýlyk söýenini bildirdi,
Meň ýaryma uzak sapar kyldyrdy,
Balasynyň gunça-gülün soldurdy,
Enemiň külpeti başyma düşdi.

Atam meni ala dagdan aşyrdy,
Aşyranyn özgelerden ýaşyrdy,
Mekir wezir duzagyna düşürdi,
Weziriň hilesi başyma düşdi.

Takdyr şeýle eken, boýun bolaýyn,
Gülşa aýdar, seniň sözüň alaýyn,
Indi Şamda öz bagtymy synaýyn,
Aýralyk söwdasy başyma düşdi.

Gülşa sözüni tamam edip:

— Eý, patyşahym, sözüň rast bolsa, siz akyly dana, danyşment, köňül awlaýan şa ekeniňiz. Indi näumyt bolmaň. Siz meni öz akylyňyz bilen aldyrtman, hilä düşüpsiňiz. Siziň mertligiňiz ýüregimi boşatdy. Siz meniň köňlümi aldyňyz, Warka hem mertdir, ol hem razy bolar – diýdi.

Bu sözi Muhsyn şa eşidip:

— Dogry, siňlim, sen bu sözleri meniň saňa aýdan ýagşy sözlerim üçin aýdýarsyň. Hapa bolma, indi seni kyýamatlyk siňlim diýdim, şu sözümde ahyra çenli duraryn – diýip, Gülşa garap bir söz diýdi:

Gamgyn bolup, gözde ýaşyň akmasyn,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.
Husnuňa ýaryňdan özge bakmasyn,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Duşman bilip, melamatlar kylmasyn,
Siňlim, seň başyňa apat gelmesin,
Dostlaryň mat bolup, duşman gülmesin,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Dokuz gabat perde çekgin ýüzüňe,
Çöp düşmesin seniň şöhle gözüňe,
Aýdar men, dogrusyn Gülşa, özüňe,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Aryk suwy gözbaşyndan laýlanar,
Seýil güni senem gyzlar şaýlanar,
Seň daşyňdan perwanalar aýlanar,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Köňlüňde derdiň köp, siňlim, biler men,
Aýt, hajatyň bolsa, hasyl kylar men,
Warka diýip, ondan habar alar men,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Selim şaga dostlugymy bildirsem,
Warkany şa edip, munda aldyrsam,
Gowşuryp ýaryňa toýuň kyldyrsam,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Ara çölde çapan bedew galmasyn,
Hiç kime aýralyk derdin salmasyn,
Muhsyn şa diýr, arzyň dilde galmasyn,
Siňlim diýdim, aýtgyn, herne myradyň.

Gülşa bu sözi eşidip:

— Eý, patyşahym, eger maňa şeýle rehimiňiz gelse, Şeýban tarapdan şäheriňize girilýän derwezäniň dogrusynda bir köşk saldyryp beriň. Köşgüň sakçysy hemişe Şeýban tarapa garap dursun. Emma siz maňa siňlim diýmäň. Şeýbandan umyt bilen bu ýere getirdiňiz. Näme bolsa hem men siziň nikaňyzda duraýyn. Meniň Şeýbana garap duran köşkde oturmagymyň maksady, birden Warka bu şähere geläýse, ony çagyryp, bir didarlaşsam. Ondan soň näme bolsa, kysmatymdan görerin – diýdi.

Gülşanyň talabyny kabul edip, Muhsyn şa derrew ussa binagärleri çagyryp, Şeýban tarapa çykyp gidilýän derwezäniň dogrusynda Gülşa üçin belent bir köşk guruduryp berdi.

Gülşa bu ýerde özüniň kyrk kenizleri, hyzmatkär gulamlary bilen Şeýban tarapdan gelip, derwezeden girip, şäheriň içine ötýän galandarlary, derwüşleri, maýyp, kör garrylary köşgüne çagyryp, zyýapat edip, garynlaryny doýrup, geýindirip ibermegi özüne adat etdi. Bu habary eşidip, nebsi ýaman galandarlar aýlanyp, gaýtadan şu derwezeden giriberdiler. Günlerde bir gün Gülşa köşgüň derwezesinden garap duran wagty burnundan çekseň ýykyljak, saçlary bulaşan, çaňa batan, ýöränd ysgynsyzlykdan kellesi çaýkalyp duran, lebi teşne, gyzaryp giden arryk bir ýigit derwezeden girip geldi. Gülşa onuň şeýle ejiz hala düşüp üýtgäňliginden Warka ekenligni bilmedi. Şonda-da bu ýigit Gülşanyň gözüne yssy görnüp, rehimi gelip, gözünden ýaşy akyp, bir kenize garap:

— Bar, şol gelýän pakyr bendäni bu ýere alyp gel – diýdi. Keniz Warkanyň ýanyna baryp, saçbagyny arkasyna silkip taşlap, Warka garap:

— Ýöriň, sizi bibim çagyrýar – diýip, bir söz diýdi:

Köçe gezen pakyr bende-diwana,  
Ýöriň köşge, sizi bibim çagyrýar.  
Belki, akyl-huşy çaşan bigäne,  
Ýöriň köşge, sizi bibim çagyrýar.

Ýaşlygym gadyrlap, oýnap güler men,  
Melikäm emr etse, näme kylar men,  
Yhsan alyp, köşkde myhman bolar sen,  
Ýöriň köşge, sizi bibim çagyrýar.

Köp şäherler aralar sen, gezer sen,
Köňüllere doga-nama ýazar sen,
Barmasaň, melikäm köňlün bozar sen,
Ýöriň köşge, sizi bibim çagyrýar.

Gyz aýdar, melikäm size mähriban,
Yhsanyn görersiň, galyp bir zaman,
Garnyňy doýuryp, bolup biarman,
Ýöriň köşge, sizi bibim çagyrýar.

Keniz sözüni tamam etdi. Eger köşge barman ötüp gitse, melikesniň özüne gazap etjegini aýdyp, Warkany tirkeşdirip, Gülşanyň ýanyna alyp bardy. Warka içeri girenden gözüniň alnynda Gülşany görüp, bu wakanyň huşy ekenligini ýa düýşi ekenligini bilmän, akyly çaşyp, özünden gitdi. Derrew iki keniz ýelpewaç bilen ýelpäp, Warkany huşuna getirdiler. Warka gözüni açyp, huşuna gelse-de, bir söz diýip bilmän, dili lal bolup galdy. Onda Gülşa Warka garap:

— Kim sen, näge bihal bolar sen – diýip, bir söz diýdi:

Arap sährasyndan gelen diwana,
Beýan eýle, näge bihal bolar sen?
Näge sen aklyňdan aýry-bigäne,
Beýan eýle, näge bihal bolar sen?

Ýa degdimi döw-periniň eseri?
Ýa bagryň dildimi söýgi heseri?
Bolduňmy ýa bir bagtsyzyň göwheri?
Beýan eýle, näge bihal bolar sen?

Maýyp, pakyrlaryň gamyn iýer men,
Arap sähralarnyň baryn biler men,
Şeýdip senden ol tarapy sorar men,
Beýan eýle, näge bihal bolar sen?

Gara zülpüm ýaraşdyryp burar men,
Menem arap sährasyndan bolar men,
Adym Gülşa, gelenlere garar men,
Beýan eýle, näge bihal bolar sen?

Gülşa sözüni tamam etse-de, Warka hiç jogap bermän, diňe aglamakdan başgany bilmedi. Gülşa hem indi onuň Warka ekenligini anyk tanap, kenizleri daşary çykaryp, Warkanyň ýanyna gelip, elini tutup, zar-zar aglap, ýürek-bagryny daglap, Warka garap, Warka hem Gülşa garap, sowal-jogap bilen bir söz aýtdylar:

Gülşa: Gözüm çyksyn seni beýle görinçäm,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?
Ölsem bormy, saňa sowal berinçäm,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Ýöremezdim, meni jepa ýöretdi,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý!
Ine, indi zalym pelek guratdy,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý!

Gülşa: Gamly günüm gara şaly oradym,
Kimi görsem, senden habar soradym,
Köşk saldyryp, ýollaryňa garadym,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Dert düşdi ýüregme, çekdim ahy-waý,
Niçe gün mekanym boldy özge jaý,
Şama gelip şa bolupsyň, Gülşa aý,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý.

Gülşa: Uçabilmen, ganatymdan aýryldym,
Şalyk gursun, jepalardan maýryldym,
Melike men, ýöne senden aýryldym,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Dert çekip geler men, azap bu tende,
Saçlarym dökülen, üstümde jinde,
Wepa bolmaz eken aýal-hatynda,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý!

Gülşa: Sen Ýemen gideňde boldum intizar,
Pelek jebri boldy maňa juda zor,
Zalymlaň zulmundan etdim zary-zar,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Ýemenden gelýänçäm hasrat ýuwutdym,
Intik bolup wysalyňa göz tutdym,
Öleniň eşidip, huşum unutdym,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý!

Gülşa: Melike diýp, indi meni gynama,
Tapmadym men çäre zalym eneme,
Garadym munda hem seniň ýoluňa,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Hatyrjem bol, saňa dert bolmaz men,
Razy men, başga sözi bilmez men,
Zarym bar, zorum ýok, seni almaz men,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý!

Gülşa: Seniň üçin günde günüm ahy-zar,
Şu wagta çen boldum saňa intizar,
Muhsyn şa özüme berdi ygtyýar,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Muhsyn seni umyt bilen aldyran,
Söýünç bilen seniň toýuň kyldyran,
Il-ýurduna şöwkadyny bildiren,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý.

Gülşa: Gülşa diýr, bagyň gülün ýolarlar,
Güller üzre guşlar saýrap gülerler,
Muhsyn şa hem razy bolup galarlar,
Sözle Warka, söwer ýarym, nä boldy?

Warka: Päkize aşlara peşe gonmasyn,
Kişiniň nesibin özge iýmesin,
Gideýin men, köňle şeýtan inmesin,
Melikelik gutly bolsun, Gülşa aý!

Bular sözlerini tamam edenlerinden soň, Warka Gülşanyň tagamyndan hem datman, ornundan turup, daşary çykyp gidiberdi. Gülşa bu ýaman hadysadan lal bolup, barmagyny dişläp, gözüni ýaşlap, gam düşeginde ýatyp, daş deý gatap, kesel bolup, güler ýüzi zagpyran deý solup galyberdi. Bu habary

Muhsyn şa eşdip, Gülşanyň köşgüne ýetip gelip, Gülşanyň başujynda oturyp, boýnuny burup, ahwalyny sorap, bir söz diýdi:

Nireden gelipdir saňa peläket,
Sözle çekinmezden, siňlim nä boldy?
Haýsy zalymlardan degdi bu apat,
Sözle çekinmezden, siňlim, nä boldy?

Güler ýüzüň zagpyran deý solupdyr,
Gözüň nury gidip, ýaşa dolupdyr,
Güýjiň gidip, seni dertler alypdyr,
Sözle çekinmezden, siňlim, nä boldy?

Ýa bolmasa bu gün Warka geldimi?
Ýazgytdan dat edip, hapa kyldymy?
Ýa başga bir jepa bagryň dildimi?
Sözle çekinmezden, siňlim, nä boldy?

Kenizler etdimi ýa-da melamat?
Görer men ýüzüňde gaýgy alamat?!
Bu niçik külpetdir, niçik kyýamat,
Sözle çekinmezden, siňlim, nä boldy?

Muhsyn şaň dilegi, hergiz ölmesin,
Dostlarym şat bolsun, ganym gülmesin,
Ýaşyrma, içiňde düwün galmasyn,
Sözle çekinmezden, siňlim, nä boldy?

Muhsyn şa sözüni tamam edensoň, Gülşa zar-zar aglap,

— Bar zulumy özüňiz edip, maňa siňlim diýmegiňiz ýalan eken – diýip, bir söz diýdi:

Pelek kylan jepalary,
Indi bilsem, sizden eken,
Depämde zulum hanjary,
Indi bilsem, sizden eken.

Adyl men diýip, al salan,
Etjek işlerini bilen,
Bürgüt bolup penjä salan,
Indi bilsem, sizden eken.

Düşdi başyma elemler,
Kär etmez saňa kelamlar,
Şunça gaýgy, şunça gamlar,
Indi bilsem, sizden eken.

Patyşa dili mylaýym,
Köňlündedir zulmy daýym,
Batyran meň günüm-aýym,
Indi bilsem, sizden eken.

Gülşa, galmady dermanym,
Beýdenden, eý, Muhsyn zalym,
Gel, bogup al, hassa janym,
Indi bilsem, sizden eken.

Gülşa aglap, sözüni tamam etdi. Muhsyn şa näderini bilmän, akylyny ýitirip:

— Eý, siňlim, beý diýme, Warkany gözläp tapdyrar men, nirede bolsa alyp gelip, saňa gowşurar men. Sen sabyr et, özüňi ele al – diýip, Gülşa teselli berip, Gülşanyň köşgünden çykyp, öz köşgüne gelip, wezir-wekilleri bilen maslahatlaşyp:

— Kim Warkany tapyp gelse boýy bilen zer berjek – diýip jar çekdirdi. Bu habary eşiden kişiler Warkany gözläp, her tarapa gitdiler. Warka bolsa Gülşanyň köşgünden çykansoň, kellesi agan tarapa garap, näme bolanyny bilmän, däli-diwana, akylyndan bigäne bolup gidiberdi. Şol barşyna şu sözleri aýtdy:

Nä hallara düşdi başym,
Azaşdym men, nirde galdym?
Derýa deýin akdy ýaşym,
Azaşdym men, nirde galdym?

Giň sähraly Şeýban iller,
Sährasynda ösen ýeller,
Baharda açylan güller,
Azaşdym men, nirde galdym?

Adyrlarda koý-guzular,
Oýlansam köňlüm bozular,
Şeýban ilde şabazylar,
Azaşdym men, nirde galdym?

Çölde kabylam, mekanym,
Görmäge barmy imkanym?
Ýok munda gardaş-ýakynym,
Azaşdym men,nirede galdym?

Gülzar basyşan yzlary,
Oýnarlar şöhle gözleri,
Ýemeniň gözel gyzlary,
Azaşdym men, nirde galdym?

Açylmady köňül bahry,
Ajydyr aýralyk zähri,
Nirede sen, daýymyň şähri,
Azaşdym men, nirede galdym?

Batypdyr asmanyň aýy,
Şaha ýetmez pakyr waýy,
Jan enemiň ýatan jaýy,
Azaşdym men, nirede galdym?

Ýörmäge ýetmez mejalym,
Turarga galmady halym,
Eý, pelek, biwepa zalym,
Azaşdym men, nirde galdym?

«Alla» diýip, Warka gitdi,
Jellat ajal okun atdy,
Indi meniň kazam ýetdi,
Azaşdym men, nirde galdym?

Warka sözüni tamam edip ýöräberdi. Aryp-ýadap, ysgyndan galyp, ahyry bir dagyň üstüne çykdy. Warka garasa, bu ýerde uç-gyraksyz uly mazarystanlyk bar. Warka bu mazarystanlygy özüne mekan edinip:

— Gülşanyň yşkynda ölsem, şu ýerde ölüp galaryn – diýip, dünýäden goluny ýuwup, bu ýerde galyberdi. Emma Muhsyn şanyň habarçylaryndan birnäçe düýeli kişileriň gözleri bu daga düşüp, bir hor, awara ýigidiň dagdaky mazarystanlygy özüne mekan edip ýatanyny görüp galdylar. Warka ol habarçylara garap, şu sözi diýdi:

Warkanyň munda gelenin,
Gülşa hanym bilermikän?
Agyr hallarda galanyn,
Gülşa hanym bilermikän?

Astym toprak, başymda daş,
Köňlümde dert, gözümde ýaş,
Ne jepalar gören bu baş,
Gülşa hanym bilermikän?

Nury gidip, gözüm sönen,
Ýüzüme çybynlar gonan,
Gany gaçyp, ýüzüm tenen,
Gülşa hanym bilermikän?

Turaý diýsem, turabilmen,
Etrapymy göre bilmen,
Ýöreý diýsem, ýöre bilmen,
Gülşa hanym bilermikän?

Warka diýer, täleýim şum,
Tamam bolar şunda günüm,
Gözlerimi gapypdyr gum,
Gülşa hanym bilermikän?

Habarçylar Warkanyň bu sözüni eşidip, mazarystanlykda ýatanyň Warka ekenligini bilip, derrew çeşmeden bir küýze suw getirip, azrak owkat bilen Warkanyň ýanyna goýdular. Tizräk baryp, Muhsyn şadan söýünji almaga howlugyp, Şama rowana boldular. Birniçe menzil ýol söküp, Şama ýetdiler. Emma welin, bu habarçylar hem ýaşlykda az-maz yşkyň köçesin-

den öten, käsi myradyna ýeten, käsi ýetmedik kişilerdi. Şonuň üçinem olar ýolda maslahat edip, ilki Gülşa habar berip, soň Muhsyn şadan söýünjini almakçy boldular. Şeýdip habarçylar owal Gülşanyň köşgüne baryp:

— Pylan ýerdäki mazarystanda Warkany gördük, pikiri-hyýaly siz bilen bent bolup, mazarystanlykda ýatyr – diýip, habarçylardan biri şu sözleri aýtdy:

Mazardagda ýatar Warka diwana,
«Hüw» diýen bir şeýda eken, melikäm.
Çybynlar başynda bolmuş perwana,
Bagry köýen geda eken, melikäm.

Deşt ýüzünde ala goýun oýnagan,
Dag ýüzünde ýah deý bulak gaýnagan,
Tagam ýerne ot-çöpleri çeýnegen,
Bu dünýeden jyda eken, melikäm.

Mazarlykda tutmuş özüne mekan,
Gözüne görünmez bu pany jahan,
Yşkyň otlaryna jigerin ýakan,
Siz dek ýara wepa eken, melikäm.

Her zaman, her zaman huşundan gider,
Huşuna gelende sizi ýat eder,
Şu ahwalda bolsa älemden öter,
Yşk oduna pida eken, melikäm.

Kä özüni bilip, käte bilmeýär,
Ýanyna baraňda perwa kylmaýar,

Dünýäni bir şaýça göze almaýar,
Pikir-ýady sizde eken, melikäm.

Gülşa habarçylardan bu sözi eşidip, Warkany görmage howlukdy, akyl-huşy Mazardagyna uçdy. Habarçylar Muhsyn şanyň köşgüne gidenden, Gülşa zar-zar aglap, kenizlerine hem garaşman, derrew köşkden çykyp, derhal köçä düşdi. Köçeden geçen kerwenden bir düýäni özündäki şaý-seplerdir zynatlara satyn alyp, «Nirde sen, Mazardagy» diýip, hiç kime garaman «hüw» diýip, ugrap gitdi. Bu ahwaly gören kyrk keniz derhal kyrk ata atlanyp, Gülşa bilen garama-gara Mazardagyna gidiberdiler. Muhsyn şa bolsa owal habarçylara söýünjini berip, soň wezir-wekiller bilen bir gün geçirip, Mazardagyna garap, Gülşa we kenizleriň yzy bilen bular hem gitdiler. Warka bolsa mazarystanlykda töweregine garap, gözüni açyp, «Gülşa, Gülşa» diýip jan berdi.

Şol mahal Gülşa Mazardagyna ýetip bardy. Garasa, Warkanyň jany çykyp, tamam bolup ýatyr. Gülşa bu hadysany görüp, özüni düýeden ýere taşlap, «dat» diýip, pelekden şikaýat edip, zar-zar aglap bir söz diýdi:

Ne gamlara, elemlere duşuryp,
Garyp başym duçar eýlediň pelek,
Zulum, jepalary hetden aşyryp,
Bu dünýäden bizar eýlediň, pelek.

Bir güni hem köňül açyp ýörmedim,
Arman, ýarym bilen döwran sürmedim,
Jan beren wagtyny özüm görmedim,
Gamly synam bimar eýlediň, pelek.

Şeýbandan geldiň sen meni agtaryp,
Dertleşip bilmedim, köňlümi ýaryp,
Terk edip dünýäni, mazara baryp,
Munça meni ebgar eýlediň, pelek.

Gülden tikip, ýara donlar ýapmadym,
Yşkyňda örtendim, aram tapmadym,
Arman boldy, häk-paýyňy öpmedim,
Didaryna köp zar eýlediň, pelek.

Gülşanyň köňlüni peýwent eýledip,
Alyp geldiň ygtyýarym boýladyp,
Bu ýerlerde zaryn-zaryn söýledip,
Barlygymy bikär eýlediň, pelek.

Gülşa sözüni tamam etdi. Warkany mäkäm gujaklap, aglap-aglap, Gülşa hem jan berdi.

Şol pursatda kyrk kenizler hem ýetişip, bu agyr wakanyň üstüne geldiler. Kenizler hem özlerini atdan aşak oklap, Gülşa bilen Warkanyň matamyny tutup, yzlaşyp, aglaşyp, Mazardagynyň etegini matamhana öwürdiler. Ertesi ir bilen Muhsyn şa hem wezir-wekilleri bilen Mazardagyna ýetip gelip garasa, Gülşa bir ýigidiň jesediniň üstüne özüni taşlap ölüp ýatyr. Kyrk kenizler hem zar-zar aglaşyp otyrlar. Muhsyn şa derrew atdan düşüp, wezirleri bilen bu iki aşyk-magşugyň jesetlerini çeşmäniň başyna eltip, ýuwduryp, bu çeşmäniň başynda bir çadyr dikdirip, olary şol çadyryň içinde goýdy. Özüniň ýakyn adamlary bilen Gülşanyň hem Warkanyň jesediniň ýanynda galdy. Birnäçe kişä Şama baryp, bularyň mazarynyň üstüne gümmez salmak üçin ussalar we esbaplar getirmegi buýurdy. Muhsyn şanyň özi bolsa, gijesi bilen Gülşa bilen Warkanyň ýanynda

düýnäp ýatdy. Muhsyn şa daňa golaý irkildi. Edil şol wagt bir ajaýyp düýş gördi. Düýşünde goly hasaly, başy kulahly Hydyr sypat bir diwana mestan basyp geldi. Hasasy bilen öli aşyk-magşugy dürtdi. Gülşa bilen Warka syçrap turdular. Hydyr sypat diwana aşyk-magşuga bagt-döwlet diläp, doga edip, gözden gaýyp boldy.

Şeýdip, Gülşa bilen Warka gözlerini owkalap, direlip turup geldiler.

Muhsyn şa:

— Indi Şama ýöriň, sizi Şamda birek-biregiňize gowşuryp, myrat-maksatlaryňyza ýetireýin – diýende, Gülşa bilen Warka:

— Indi biz Şama barmaly, eger bize kömek etseňiz, şu dagyň üstünden jaý beriň. Biz bu ýerde günümizi ötürip ýöreli – diýdiler.

Muhsyn şa hem Gülşa bilen Warkanyň dilegini kabul edip, bu dagyň üstünden jaý berdi. Gülşa bilen Warka şeýdip, Muhsyn şa bilen razylaşyp, bu ýerde galyberdiler.

Bu dagyň üstünde suwy ýetik, howasy hoş bir tämizlik bardy. Şol ýerde jaý gurup, Gülşa bilen Warka onda ýaşaberdiler.

Bir gün Gülşa Warka garap, zülpüni darap:

— Gel, Warka jan, dagyň belent ýerinde durup, töwerege tomaşa edeli – diýdi. Warka hem öz ýarynyň sözüni makul gördi. Şu ýerde Gülşa:

— Indi barça dert, külpetlermiz rahata aýlandy – diýip, bir söz diýdi:

Ümler bilen göz oýnadyp,
Ýören günler ötüp gitdi.
Uçraşmaga intik bolup,
Ýören günler ötüp gitdi.

Näçe serwinäzler bilen,
Kowalaşyp gyzlar bilen,
Yz alyşyp, yzlar bilen,
Ýören günler ötüp gitdi.

Gözümden ýaşlar atylyp,
Gaýry ýurtlara satylyp,
Şama garap uzadylyp,
Ýören günler ötüp gitdi.

Her bir günler ýyl deý ötüp,
Köşk üstünden gözüm satyp,
Şeýbandan gelşiňi güýdüp,
Ýören günler ötüp gitdi.

Gel, ýarym, gülüp oýnaly,
Wagtynda gül dek ýaýnaly,
Dag çeşmesi dek gaýnaly,
Agyr günler ötüp gitdi.

Daş galdy Şeýban illeri,
Şat edip bu köňülleri,
Müşk berer Erem gülleri,
Agyr günler ötüp gitdi.

Köpdür bu jaýyň rahaty,
Bolsa bolsun az nygmaty,
Nesip etdi jaý jenneti,
Agyr günler ötüp gitdi.

Gülşa sözüni tamam edensoň, Warka hem Gülşa garap, bir nama diýdi:

Patyşalygyň malu-dünýä zerinden,
Bu dagyň nygmaty bize ýagşydyr.
Zer üstüne ýükläp beren zaryndan,
Bu dagyň nygmaty bize ýagşydyr.

Bize jebir eden gara ýüzlerden,
Oýnaklagan otdan, ýyldyz gözlerden,
Ýemendäki kereşmeli gyzlardan,
Bu dagyň nygmaty bize ýagşydyr.

Gül-gunçasy, naz-nygmaty köp boldur,
Menzilimiz hiç bir ýerden kem däldir,
Bu ýerde dert ýok, hiç kim gam däldir,
Bu dagyň nygmaty bize ýagşydyr.

Dagyň üsti boldy jenneti mekan,
Warka aýdar, hoş bolarys her zaman,
Alla müşgülimizi edewer asan,
Bu dagyň nygmaty bize ýagşydyr.

Gülşa bilen Warka bu dagy watan edinip, rozygär kylyp, her zamanda Şam, Şeýban, Ýemen ýurtlaryna baryp-gelip, toý-tomaşalara gatylyp ýaşaberdiler. Olar ýene kyrk üç ýyl ömür sürüp, bala-çagaly bolup, myrat-maksatlaryna ýetdiler.

# WARKA — GÜLŞA

## (Dessanyň halk agzeki nusgasy)

Öňki zamanda Ýemen şäherinde iki sany dost bolupdyr. Olaryň biriniň adyna Helal, beýlekisiniň adyna Hemam diýer ekenler. Helal han, Hemam hem onuň weziri bolupdyr. Kyrk ýaşyna çenli bularyň perzentleri bolmandyr.

Bir gün bular maslahatlaşyp, çöle çykypdyrlar. Olaryň ýollary bir gabrystanyň üstünden düşüpdir. Şol gabrystanda gije ýatmaly bolupdyrlar. Gije gürrüň edişip, ukulary gaçyp, maslahat edipdirler:

— Eger bize Hudaý perzent berip, olaryň biri ogul, biri gyz bolsa, jübüt bolsun. Eger ikisem ogul bolsa, dost bolsun – diýip, ähti-peýman baglaşdylar. Ähti-peýmana Helal möhür basyp, Hemama beripdir. Bular begenişip, ertir öýlerine gaýdyp, aýallary bilen mejamyat edipdirler.

Elkyssa, dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat geçenden soň, Helalyň aýaly gyz dogrupdyr, Hemamyň aýaly hem ogul dogrupdyr. Ogluň adyna Warka, gyzyň adyna Gülşa goýupdyrlar. Olary ulalýança bir sallançakda saklapdyrlar. Soň mekdebe beripdirler. On üç-on dört ýaşlaryna çenli mekdebe bile baryp, bile okapdyrlar. Olar on dört ýaşlaryndaka Hemam biçäre ölüpdir. Waraka ýetim galypdyr. Ondan soň Helal:

— Ýetim oglana gyzymy berjek däl – diýip, Gülşany mekdepden alyp galypdyr. Soň Warka birnäçe gün mekdebe ýeke baryp, ahyr barmasyny hem goýupdyr. Gülşadan aýrylanyna Warkanyň yşk-muhabbeti zor urup, keselläp başlapdyr. Ondan soň, Gülşa bir hat ýazypdyr. Helalyň beren ähtnamasyny hem şonuň içinde goýupdyr.

Hatynda: «Biz ikimiz dogulmazdan burun biri-birimize ähti-peýman baglaşylan ekenimiz. Bu günki günde atam seni menden aýyrdy. Indi mundan beýläk seniň jemalyňa müşerräp bolar gün barmy eken ýa seniň derdiň bilen ölüp gidermenmi?!» diýip ýazyp, Döwlet diýen kenizinden iberipdir.

Döwlet biçäre Warkanyň hatyny alyp, Gülşa eltip berdi. Gülşa haty okap, huny-girýan ýyglapdyr. «Warka jan, seniň hemme ýazanlaryň dogry, hakykat weli, atam «Ýetim oglana gyz berjek däl» diýip, ähtini bozup dur. Her zat bolsa hem, sen iliň ýaşululary bilen birlikde atama maslahat sal. Ondan soňuny görüberermiz» diýip, Döwlet kenizden hat iberipdir.

Ondan soň Warka obanyň birnäçe ýaşulularyny Helalyň ýanyna maslahata iberipdir. Ýaşulular baryp, Helal bilen Hemamyň ähti-peýmanynyň bardygy barada gürrüň edipdirler. Helal:

— Atasy ýok ýetim oglana gyz berjek däl. Ähti-peýman etsem edipdirin-dä – diýip, sözünden dänipdir. Soň ýene Warka garap:

— Sen toý enjam, mal tapsaň, saňa gyzymy bersem hem, ejap emes – diýipdir.

Warka biçäre mal-puly nireden alyp, nireden tapsyn?! Ol derýada gark bolan gämi ýaly bolup, ukusy gaçyp ýatypdyr. Düýşüne Warkanyň Kyýan şäherindäki daýysy Kasym şa girýär. Ol:

— Eý, Warka, meniň başyma şunça iş düşende sen näge arkaýyn ýatyp sen? – diýipdir. Warka ertir ornundan turup, jiger-bagry örtenip, Gülşa bilen hoşlaşyp, bir hat ýazyp, bir ýüzügi bilen haty Döwlet kenize beripdir.

Hatynda: «Eý, Gülşa jan! Ynha, şul ýüzük menden saňa ýadygär. Haçan meni isteseň, şu ýüzügi gözüňe sürtersiň. Men daýym bolan Kasym şanyň ýanyna ugradym. Üç aýdan gaýdyp gelip, seniň toýuňy eder men. Eger üç aýdan gelmesem, «ölüpdir» diýip, meniň ýasymy tutar sen. Eger tä kyýamat ahyr bolýança menden başgany diýseň, men senden razy däl» diýip ýazypdyr.

Soňra Warka ýanyna bir hyzmatkärini alyp, «Nirede sen, Kyýan şäheri?» diýip ugrapdyr. Kyrk bäş gün diýende Kyýan şäherine barypdyr. Görse, daýysynyň galasynyň daşyny başga bir goşun tutup ýatyr. Warka bir dilmajy tutup:

— Bu niräniň goşuny? – diýýär.

Dilmaç:

— Mahmyt şa diýen patyşa goşun ýygnap, Kasym şanyň ýurduny weýran edip, halkyny gul edip aljak bolup gelipdir – diýip jogap berýär.

Warka biçäre:

— Kömek etmeli wagty gelipdirin – diýip, goşuna sabahun urup, aç gyrgy ýaly goşuny gyryp başlapdyr. Daň atýança şu ýatan goşunyň ýarsyna golaýyny gyryp, goşuny aralap, Kasym şanyň derwezesine ýetip barypdyr. Derwezebanlar:

— Sen kim? – diýip, gygyryşyp soraýarlar.

Onda Warka:

— Men Kasym şanyň ýegeni Warkadyryn. Hany, açyň derwezäni – diýipdir.

Ondan soň bu habary Kasym şa ýetiripdirler. Kasym şa derrew tebili şadyýana kakdyryp, derwezeleri açdyrýar. Üç günläp, Warkanyň ýadawlygyny çykaryp, şatlyk, toý-meýlis edipdirler. Dördünji güni şol meýdanda gelen duşman goşuna garşy Warkanyň adyna uruş jaňyny kakypdyrlar. Iki tarapdan sap düzülip, Kasym şa tarapdan Warka meýdana çykyp, ýekme-ýek söweş sorapdyr. Ol tarapdan gelen pälwanlaryň Warka başyny üzüp zyňyberipdir. Gijä çenli söweş bolup, duşmanyň on bäş-ýigrimi pälwanyny öldüripdir. Bu tarapda Kasym şa Warka mejlis düzüp oturybersin.

Iki keleme sözi ol meýdandaky goşundan eşidiň. Olar maslahat düzdüler.

— Bu Warka görnüp gelen bir bela eken. Munuň bilen ýekme-ýek uruş edip, mundan biz ýeňleris. Hany, wezirler, bir masalahat tapyň, ertirden gijikdirmän Warkany gola düşürmeli. Eger ertir Warkany gola düşürmeseňiz, deriňizi soýduraryn – diýip, patyşa buýruk berdi.

Wezirleri, ekabyrlary:

— Uruş meýdanynda uly hendek gazmaly. Şol hendegiň üstüni hem gamyş köpri edip basyrmaly, ýüzüne suw sepip, päkizeläp goýmaly. Ertir Warka uruş meýdanyna geleninde, biz tarapdan bir kişi çykyp, Warka garap abaý ursun. Şonda Warka biziň adamymyzy kowalan bolar-da, hendege düşer gider. Ondan soň hemmämiz köpleşip, daş bilen urup, mejruh edip, baglap alarys – diýip, maslahat edýärler. Meýdan ara hendek gazyp, aýdyşlary ýaly edip, taýýarlap goýdular.

Ertir daň atdy. Uruş meýdanynda Warkanyň adyndan jaň kakyldy. Iki tarap sap ýasap, meýdana çykdylar. Warka salahlaryny dakynyp, uruş meýdanynda häzir bolup, pälwan diledi.

Duşman tarapdan bir şekgak betbagt çykyp, hendek boýuna gelip:

— Eý, Warka, bu günki ajalyň meniň golumdadyr – diýip, abaý edip başlady.

Warka biçäre bu betbagtyň sözlerine gaharlanyp, sagdagyny goluna alyp, üstüne garap atyldy. Üç-dört gadam ýörän badyna çukur hendege düşdi gitdi. Iki tarapdan jeňgi-maglup bolup, düýt pelege çykdy. Duşmanlar her tarapdan daş atyp, Warka biçäräniň gol-aýagyny baglap, bent edip, Mahmyt janyň bargähine alyp gaýtdylar. Ol tarapdan Kasym şa biçäre Warkanyň derdi-eleminden gaçyp, şähere girip, galanyň derwezelerini berkitdi.

Indi iki keleme sözi Warkany gola düşüren Mahmyt patyşadan eşidiň. Warkany gola düşürenden soň, göwnüni bire baglap, «Häzir Warkanyň başyny kesdirerin, ondan soň Kasym şany weýran etmäge başlaryn» diýip:

— Hany, jellat nirede? – diýip gygyrdy.

Şol wagtda adam derisinden hapakan edip geýen, hanjarlaryny dakynan bir jellat:

— Hany, tagsyr, patyşaýym! Kimiň ajal peýmanasy doldy? – diýip, häzir boldy.

Patyşa:

— Hana, al, betbagt Warkanyň dirileýin derisini soý, kellesini hem alyp, maňa aýdar sen – diýdi.

Ol aýýar gol-aýagy baglanan Warka biçäräni ölüm meýdanyna alyp bardy. Warka biçäre gözünden ýaş ornuna ganlar döküp, jellatdan gol-aýagyny çözüp goýmaga az salym pursat diledi. Jellat onuň gol-aýagyny çözüp, pursat berdi. Biçäre Warka täretini täze edip, iki rekagat namazyny okap, göwni bozulyp, Gülşa tarapa garap, iki keleme söz aýtdy:

— Eý, Gülşa jan! Indi men bu dünýäden sowuldym, didar kyýamata galdy, indi menden razy bolgaý sen.

Şobada huşundan gidip, başyny ýere goýdy.

Bu biçäre jellat Warkanyň ahy-nalasyny eşidip, Gülşanyň perişan bolup, Warka gelermikän diýip, gözüni ýola dikip oturjagyny göz öňüne getirip, hanjary golundan düşdi. Ol:

— Eý, Warka jan! Başyňy göter, şu hanjar bilen meniň başymy kes, meniň seniň alnyňda ýüzüm gara boldy – diýdi.

Ondan soň Warka başyny göterip:

— Dur hany, eý, jellat, sen kim, ne beýle maňa mähriban bolduň?! – diýdi.

Jellat:

— Men seniň şol bile gelen hyzmatkäriň ahyry, sen Mahmyt şanyň goşnuna sabahun uranyňda şol betbagtlaryň bendine düşdüm. Şondan soň hem: «Bu ýagşy hyzmatkär eken» diýip, maňa jellatlyk wezipesini berdiler. Ine, indi bolsa maslahat sende – diýip, sözüni gutardy.

Soň Warka bilen jellat ikisi bir bolup, Mahmyt şanyň pasybanyny öldürip, Mahmyt şanyň bargähine hanjary ýalaňaçlap girip bardylar.

— Hany Mahmyt, itden azan it ogly, ka ýeriň gijeýär, haýsy Warkany sen öldürmeli bolduň? – diýip, oturan ýerinden Mahmydyň başyny kesip aldylar. Ondan soň galan ekabyrlary, wezir-serdarlary Warkadan elaman dilediler. Bularyň hemmesini öňlerine salyp, Kasym şanyň galasyna sürdüler. Şol sürüp baryşlaryna derwezä baryp, Mahmyt şanyň kellesini şäheriň içine garap zyňyp goýberdiler. Kasym şanyň derwezebanlary habar tapyp, bu hoş habary oňa ýetirdiler. Ýaş ornuna gan ýyglap oturan Kasym şa aýakýalaň, başaçyk bolup, derweze tarapa ugrady. Gelip, Mahmyt şanyň kellesini görüp, günäkärleri zyn-

dana buýrup, tebil şadyýanlar kakdyryp, şäheriň içine çyraglar ýakdyryp, Warkany ordaga girizdi. Onuň depesinden bir kança tyllalar nisar kyldy. Warkanyň sebäbinden birniçe bendileri azat etdi. Soň bir hepde, on gün toý esbaplaryny taýýarlap, Warakanyň adyna toý-meýlis gurady. Bularyň bu şadyýan toýlary kyrk güne çekdi. Emma bu toý, bu mejlis, bu saz-söhbetler Warkanyň gözüne hiç ilmedi. Bu biçäräniň Gülşanyň Warka gelermikän diýip, ýoluna göz dikip oturany göz öňüne gelip, hiç taby-takaty galmady. Ahyry söhbet tamam bolandan soň, daýysy Kasym şa:

— Eý, Warka jan, näme üçin hiç weç bilen seniň köňlüň açylmaýar? – diýdi.

Onda Warka:

— Eý, daýy, niçik meniň köňlüm açylsyn, meniň magşugym Gülşa biçäre meni geler diýip, ýoluma göz dikip oturandyr – diýdi.

Ol Gülşa bilen nähili ähti-peýman edilendigini, Gülşanyň atasynyň ýetim bala diýip ähti-peýmanyny bozandygyny, pul-mal tapsaň gyzymy bersem bererin diýenini we üç aýlyk möhlet bilen gaýdanyny daýysyna birin-birin gürrüň berdi. Elgaraz, bu arada alty aý geçip barandygyny aýdyp, gözüni ýaşlap başlady.

Ondan soň Kasym şa biçäre ýagşy oý-pikir bilen, toý esbaplary bilen, serpaýy-malu-känler bilen we kyrk hatar hara tylla-teňňeleri ýükläp, kyrk sany guly hyzmatyna berip, nirede sen Warkanyň şäheri diýip ugratdy.

Bular ýolda gelibersinler. Indi iki keleme sözi Gülşanyň atasyndan we Keýwan şäheriniň patyşasyndan eşidiň.

Elkyssa, Warkanyň üç aý möhlet bilen gidenine alty aý geçdi. Gülşanyň atasy Helal her hili aldaw sözler bilen gyzyny aldap:

— Gyzym, indi Warkadan köňül üz, indi ol ölen bolsa gerek. Ölük arslandan dirik syçan gowy diýenleri, sen indi öz bagtyňa özüň gara çekme – diýip, Warkadan gyzynyň göwnüni sowatmaga ýol açdy.

Keýwan şäheriniň patyşasy şahy Senganyň bir weziri bardy. Ol her şäherlerde gezişdirip, ahyry güzeri Helalyň şäherine düşüp, köçe syýahatynda ýören wagtynda Gülşanyň kenizleri bilen tomaşa edip ýörenine gözi düşdi. Hiç närsä alajy ýetmezden, Gülşanyň waspyny, jemaly jahan erasyny kagyza ýazyp, Keýwan şäherine ugrady. Baryp şahy Sengan bilen söhbet kylandan soň, Helal şanyň gyzynyň waspyny, jemaly jahan erasyny orta taşlady:

— Eý, tagsyr, şahym! Siziň hiç tarapdan kemçiligiňiz ýok. Emma bir kemçilik, ol hem Helal şanyň gyzy Gülşa dek melikäňiz ýok. Emma hazynaňyza tutup, puly-dünýäňize zor berseňiz, şunuň deý melikäniň goluňyza girişi kyn emes.

Elkyssa, şahy Sengan ýol esbabyny taýýarlap, birnäçe düýelere tylly-teňňeleri ýükläp, Helal şanyň şäherine ugrady. Iki kem kyrk gün diýlende Helal şanyň şäherine dahyl boldy. Şäherden bir hüjre alyp, üç-dört günläp, şonda ystykamat geçirip başlady. Üç-dört gün aradan ötenden soň, şu jaýyň aksakaly bilen söhbetleşip, Helal şanyň gyzyna sawçy iberdi. Sawçylar Helal şanyň gyzy, şahy Senganyň gyza aşyk bolup, birnäçe ýurtlardan aşyp gelşi we onuň zerdarlygy, puly-maly köplügi hem patyşalygy barada söz açdylar. Emma şahy Helal gyzynyň hiç kime göwnemesligini hem Warkanyň zeberdest pälwan ekenligini yzhar etdi. Hiç bir weç bilen Warkadan gorkunjyn-

dan gyzyny bermäge boýun bolmady. Ahyry sawçylar näumyt bolup gaýdyp, şahy Sengana bolan wakalary beýan etdiler. Emma şahy Sengan özüniň patyşalygy bilen gury gaýdyp gidişine köp namys etdi.

Aradan iki gün ötenden soň, bir garry aýgak, ýurtbozugy kempiri tapyp, Gülşa barada söz açdy. Ol garry kempir köp wagtlap, pikirlenip:

— Bir läli tylla berseň, bu işiňni men ýola goýjak – diýip, boýun aldy. Şol jaýdan çykyp, bir läli tyllany alan kempir her hili pirim-hile sözler bilen Gülşanyň enesiniň ýanyna bardy. Bir gysym tyllany hem alyp, uzak ýerden gelen galandardan saňa töhbe diýip, onuň enesiniň aldyga oklady. Gülşanyň enesi:

— Bu niçik sowgat? – diýende, Gülşany şahy Sengana satmak barada gürrüň açdy. Köp gürrüň geçensoň, Gülşanyň enesi:

— Bir wagty bilen Warka bir ýerden çykyp galsa, näme jogap bereliň? – diýdi.

Garry kempir:

— Onuň ýoly asan. Patyşanyň puly-malyny alyp, gyzyňy berip iberesen, gyzyň gidenden soň, bir goýny gizläp soýup, kepene orap, «Gülşa öldi» diýip, ile habar edip, ahy-zar edip, eltip gabrystana gömersiňiz. Haçan Warka geläýse: «Ine, Gülşa seniň ýoluňda öldi» diýip, bolan wakany beýan etseňiz, şu bilen gutardy – diýýär.

Ahyry Gülşanyň enesini boýun edip, şahy Senganyň bar puly-mallaryny alyp, gijeläp Gülşany berip ibermäge karar tapdylar. Bu habary Gülşa eşidip, Döwlet kenizi ýanyna çagyryp, bolan işleriň hemmesini birme-bir beýan etdi. Golundaky Warkanyň tylla ýüzügini Döwlet kenize berip aýtdy:

— Ynha, meni atam bilen enem şahy Sengana satypībererler. Belki, Warka geläýse, bu bolan işleri şeýle aýdarlar: «Gülşa seniň derdiň bilen öldi, eltip göre goýduk». Emma görer sen, Warka birniçe gün ahy-waý eýläp, zor eňrenip, bäş-üç gün ýörip, öz zowky-şowkunynda bolarmy ýa bolmasa, meniň derdim bilen gün-günden haly beter bolarmy? Eger hakykatda ýaramaz ýagdaýa galsa, sen: «Eý, Warka, başyňny göter, Gülşa hakynda bir-iki agyz söz aýtmakçy men» diý – diýdi.

Gülşa şu tabşyryklary berip, Döwlet kenizi bilen hoşlaşyp, şol gije şahy Sengan bilen ugrady. Birniçe gün ýol ýöräp, Keýwan şäherine ýetişip, üç gije, üç gündiz toý-tomaşa berip, toýuň ahyrynda şahy Sengan Gülşanyň huzuryna girdi. Giren badyna Gülşa ornundan turup:

— Men bir ýigide wepaly men ýa bolmasa nikaly men, haçan şol ýigit bilen uçramagynçam, maňa sen nämährem. «Ýok» diýseňiz, şu hanjar bilen owal seni urar men, ikinji özümi urar men – diýip, sözüni tamamlady.

Şu arada şahy Sengan:

— Beliazamat, seniň ähti-wepaňa, sen maňa kyýamatlyk siňli bol! – diýdi-de, çykyp gitdi.

Indiki galan sözi Warkadan eşideliň. Warka biçäre birniçe ýol ýöräp, gije ýatman, gündiz Helalyň şäherine ýetip geldi. Munuň gelenini eşidip, nysaby giden Gülşanyň ata-enesi:

— Seniň derdiň bilen Gülşa köýüp-ýanyp, ahyry keselleýip öldi. Biz onuň aş-suwuny berdik. Ine, indi bolsa, sen özüne bir laýygyňy taparsyň-da – diýip, hatyrlaryny jemlediler.

Ynha, indi Warkadan söz aňlaň. Kyrk hatar gatyrda alyp gelen tylla-teňňelerini, serpaýy-malu-känlerini, toý esbaplaryny — hemmesini özi bilen gelen gullaryna paýlap berip, gullary hem azat edip ugratdy. Özi bolsa Gülşanyň derdi-pyrakynda

köýüp-örtenip, ýürek-bagry ezilip, bir hüjreýi has-hanasynda ahy-wah bilen ýatybersin. Bäş-alty gün ýatdy, dokuz gün ýatdy, munuň halyndan habar alan kişi bolmady. Ahyry bir gün biçäre Döwlet keniz gelip baksa, heläk bolmaga ýetipdir.

— Eý, Warka, başyňny göter, Gülşa hakynda saňa iki agyz aýtjak sözüm bar – diýdi.

Emma Warka kenize dem urmady. Keniz Warkanyň başyny göterip:

— Sen Gülşaga hakyky aşyk emes eken sen. Eger hakyky bolsaň baryp, Gülşanyň görüni açyp, jesedini zyýarat ederdiň. Ine, saňa Gülşanyň galdyran salamnamasy – diýip, Gülşanyň goýup giden ýüzügi biren hatyny çykaryp berdi.

Biçäre Warka Gülşanyň adyny eşidip, ýüzügi gözlerine sürtüp, hatdan bolan wakalary aňlady. Gülşanyň ata-enesiniň ýanyna baryp:

— Hany, ýöriň, Gülşanyň gabryna zyýarat edip geleris – diýdi.

Bular Warkadan bu sözi eşiden badyna gorkunjyndan «Eden işlerimiz paş boljaga ogşyr» diýip, janlary tumşugyna geldi.

Elkyssa, gabrystana baryp, Gülşanyň gabry şu diýip açsalar, bir goýny öldürip, gömen ekenler. Warka söze girip:

— Eý, binamyslar, şermendeler, halkdan uýalmadyňyzmy? Gülşany satyp iberip, beýle akmaklyk edipsiňiz. Indi menden gerek ki, är-hatyn ikiňizi şu goýun gömlen gabra gömsem. Emma men muny etmes men. Sizler jezaňyzy taparsyňyz – diýdi.

Galandar sypatynda bolup: «Şahy Senganyň ýurdy ka ýerde sen» diýip ugrady. Birniçe gün ýol ýöräp, şähere üç çakrym galan ýerde bir gorgana duşdy. Bu jaý kyrk sany ogrynyň

mekany eken. Nähas duýdansyzlyk bilen kyrk ogry bilen tutuşdy. Ahyrynda kyrk ogra galyp gelip, hemmesiniň başyny kesdi. Özi hem agyr ýaraly bolup, atyň ýalyny gujaklap, baryp şahy Kenganyň çarbagynyň aşagyndan ötülýän ýolda atdan ýykyldy. Ötegçiler muny görüp, patyşa habar berdiler. Patyşa derrew buýrup, ony aldyrdy. Tebiphanasyna eltdirdi. Munuň ýaralaryny daňyp, däri-derman edişdirdiler. Şu arada bu biçäre gözüni açsa, birniçe tebipler oňa mähribanlyk edip oturypdylar. Tebipler:

— Näge sen bu ahwala düşüp ýaraly bolduň? – diýende, bu biçäre kyrk ogra duşup, olaryň başyny kesendigini aýdyp berdi. Tebipler bu habary patyşa ýetirdiler. Patyşa derhal haly-ahwal sorap, bolan hadysaýy-wakany sorady. Emma patyşa munuň bir özi şol kyrk ogra galyp geleninine ynanmazdan, baryp habar aldyrsa, hakykatdan hem dogry. Patyşa derrew syzyp, şol Warka şumykan diýen hyýala gidip, Warkany özüniň keselhanasyna tabşyrdy. Şol keselhanada birniçe günde düzelenden soň, Warkany ýanyna çagyryp, Warka ekenligini hakykatlap:

— Biziň perdeýi-ismetimizde bir siňlimiz bar, şony saňa toýlap berip, özüňe hem patyşalygymy tabşyryp, saňa gul bolup, öňüňde hyzmat etsem – diýip, sözüni tamamlady.

Emma Warka biçäre köp ryzatga we kynçylyga galyp, pikire gitdi. Emma şol gyzy bir nazar görmegi patyşadan sorady. Patyşa hem Warkany ýagşy geýindirip, hammama salyp, yzzatekramlar bilen Gülşanyň bolýan öýüne alyp bardy. Gülşanyň Warka nazary düşmek bilen ikisi hem huşundan gidip ýykyldy.

Elkyssa, Warka bilen Gülşa üç gije, üç gündize çenli bir-biriniň başyndan öten wakalary aýdyşyp, biri-birleriniň didaryndan ganmadylar. Patyşa hem bularyň ýanyna gelip, Warka köp nesihatlar etdi. Emma Warka gulak asmady:

— Meniň Gülşany bir görmek maksadym bardy. Şol maksada ýetdim, indiki galan döwran seniňki, patyşahym – diýip, ornundan turdy.

Gülşa hem Warkanyň boýnundan asylyp turdy. Ýene üç gije-gündiz bir-birleriniň boýunlaryndan asylyp ýyglaşdylar. Ahyry Warka Gülşadan daýysy Kasym şanyň ýurduna baryp gelmek üçin üç aý möhlet sorady. Emma Warkanyň maksady daýysynyň ýurduna baryp gelmek däldi.

Ol patyşany meýdana çykaryp diýdi:

— Eý, patyşaýym, siz birniçe azap-jepalar bilen tylla-teňňeler berip, Gülşany alyp gelipsiňiz, emma näumyt galmaň, men Gülşadan geçdim.

Emma patyşa munuň sözlerini kabul etmedi:

— Sen gitmeli bolsaň, Gülşa rugsat berse gidersiň, bolmasa ýok – diýdi.

Warka gidip, Gülşadan rugsat sorady. Köp ýyglap, zary-töwella ediberensoň, üç güne möhlet berdi. Hoşlaşyp, ýola rowana boldy. Şol özüniň jellat dostuny bir daragtyň saýasynda goýup, arykdan täret edeýin diýip, arygyň boýuna bardy-da:

— Eý, Gülşa jan! Seniň bilen döwran sürmek miýesser bolmady – diýip, hanjary dik goýup, ýüregini hanjaryň üstüne oklady. Hanjar arkasyndan parran ötdi. Jany behak teslim etdi.

Özüniň dosty gelip habar alsa, eýýäm şehit bolupdyr. Özi şu ýerde galyp, bir ötegçiden:

— Patyşanyň bagynyň aldyndan ötüp, Warka öldi diýip gygyr – diýip, aýdyp iberdi.

Şol ötegçiniň owazyny eşiden Gülşa dik eýwanyň üstünden özüni taşlap, başaçyk, aýakýalaň baryp, habar alsa, eýýäm Warka dünýäden ötüpdir. Gözüni ýaşa dolduran Gülşa:

— Eý, Warka jan! Sen men diýip, ahyry şu hala galdyňmy?! Men indi senden galyp, döwrany kim bilen süreýin?! Saňa giren hanjar maňa girmesmi?! – diýip, hanjary goluna alyp, bu hem hanjaryň üstüne özüni oklady. Bu-da öldi.

Şu arada şahy Sengan habar tapyp, olara köp rehimi gelip, iki aşyk-magşugyň gabryny bir ýerden gazyp, tagtyny göçürip, şularyň gabrynyň ýanynda mekan tutdy. Soň patyşaýy Sengan bularyň gabrynyň töweregine diwar saldyryp, üstlerine şehitlik baýdagyny dikdi. Aradan üç-dört gün ötensoň, Hydyr-Ylýasyň şol ýerden ýoly düşüp:

— Bu älem kandaý şehitleriň älemi eken – diýip soradylar.

Patyşa Hydyr-Ylýasa şu iki aşyk-magşugyň köp azaplar çekip, hiç hili myratlary hasyl bolmandygyny, ýaş ölüme sezewar bolandyklaryny yzhar etdi. Emma Hydyr-Ylýas köp wagtlap pikire gidip, ahyry Hudaýa nala etdiler:

— Ylah-a, Hudaý-a! Şu iki aşyk-magşuk dünýäniň lezzetini görseler, özleriniň çeken muşakgatlaryna görä – diýip, doga gol açdylar. Dogasy kabul bolup, aşyk-magşuklara Hudaýtagala gaýtadan jan berdi. Bular gabyrdan baş çykaryp, Hydyr-Ylýasa salam etdiler. Şol wagtda Hydyr-Ylýasyň huzurynda iki aşyk-magşugyň toý-tomaşalaryny edip, patyşalygy hem Warka tabşyryp, patyşanyň özi daryl-penadan daryl-bakyga ryhlat etdi.

Bu iki aşyk-magşuk patyşanyň aş-suwuny berip, kyrk ýyl patyşalyk döwrüni sürüp, nan diýene nan berip, don diýene don berip, maksat myradyna ýetdiler.

# «WARKA — GÜLŞA» DESSANY WE ONUŇ TÜRKMEN NUSGALARY

***Adamzat döredijilige meýil edip, dileki hem ýazmaça eserler döredip başlany bäri, onuň döredýän ähli eserleriniň ondan dokuzysy söýgi eserleridir.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy.**

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda türkmen halkynyň ruhy gymmatlyklary we ony öwrenmegiň zerurlygy barada şeýle diýilýär: «Türkmen Oguznamalary – bu beýik eserler ajaýyp türkmen dessanlary, gaýtalanmaz şygryýet, türkmen sopuçylyk pelsepesi, çuňňur türkmen sazy – bu ruhy gymmatlyklaryň baryny türkmen müňýyllyklaryň dowamynda döredipdir. Şeýle ruhy gymmatlyklaryň taryhy durmuş bilen baglanyşyklylykda manysyny açmak, olary türkmeniň taryhy ýaşaýyş ukybynyň ýüze çykmasy hökmünde düşündirmek zerur işdir»[1]. Şu zerurlykdan ugur alyp, öň kem-käs öwrenilen ýa-da düýbünden öwrenilmedik, halka ýetirilmedik geçmiş edebi eserlerimizi okyjylara yetirmek, olaryň üstünde ylmy-barlaglary alyp barmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Çünki halkymyzyň asyrlarboýy

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 68 sah.

döreden edebi eserlerinde ynsanyň ruhy kämilligi üçin zerur bolan ýokary ahlak sypatlar, belent adamkärçilik, halallyk ýörelgeleri, haýyr we ýagşylyklar jemlenendir. Ynsan bezegi bolan bu häsiýetler we sypatlar Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň kämillik eýýamy bolan Altyn asyrda ýaşaýan her bir adam üçin nusgalyk görelde bolmalydyr. Beyik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan binýat edilen, täze kämil ruhly türkmen jemgyýetiniň şu güni we geljegi ata-babalarymyzyň ynsanperwerligini, tämiz ahlagyny,dünýewi pelsepesini, ynsan we durmuş hakdaky iň ajaýyp pikir-garaýyşlaryny özüne siňdiren medeni mirasymyzdan, edebi eserlerimizden gözbaş almalydyr. Hut şonuň üçinem Beýik Serdarymyz edebi mirasy öwrenmek işiniň wajyplygy barada: «Bu diňe bir ata-babalarymyzyň taryhy belentligini we şöhratyny dikeltmek üçin däl, eýsem, beýik geljegimiziň esasy hökmünde aňlamak üçin hem zerurdyr»[1] diýýär.

Edebi mirasymyzda aýratyn orun tutýan türkmen dessanlary ruhy gymmatlyklarymyzyň bir bölegi bolup durýar. Olaryň köp bölegi ylmy taýdan öwrenilip, neşir edilip, halka ýetirilenem bolsa, entek halk köpçüligine mälim bolmadyk dessanlar hem bardyr. Ýurdumyzyň Garaşsyzlyga eýe bolmagy netijesinde we Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň edebi mirasy öwrenmek baradaky taglymaty esasynda öň dürli sebäplere görä ýüze çykarylmadyk dessanlary öwrenmeklige we halka ýetirmeklige ugur alyndy. Şeýle dessanlaryň biri hem «Warka – Gülşa» dessanydyr. «Warka – Gülşa» dessany has irki döwürlerden bäri Gündogar halklarynyň arasynda ýazuwly çeşmeleriň üsti bilen giňden ýaýran we dilden aýdylýan halk döredijilik eseri hökmünde meşhur bolupdyr. Warka bilen Gülşanyň atlary

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 68 sah.

dünýeden öten ýedi aşyk-magşugyň biri hökmünde halkyň kalbynda mynasyp orun alypdyr. Bu dessanyň mazmuny, Warka we Gülşa baradaky gussaly hem gyzykly hekaýatlar gadymdan bäri türkmen halkynyň arasyna hem giňden ýaýrapdyr. Türkmen akyldarlary «Warka – Gülşa» dessanyny gadymy ýazuw çeşmelerinden okap, onuň mazmunyny öz eserlerine siňdiripdirler, aýdyjylar, rowaýatçylar, bagşylar ony halk arasynda aýdyp, dilden-dile, nesilden-nesle geçiripdirler.

Munuň şeýledigine nusgawy edebiýatymyzyň şahyrlarynyň döreden goşgularyna, dessanlaryna, halk döredijilik eserlerimize ser salanymyzda aýdyň göz ýetirmek bolýar. Magtymguly, Şabende, Mollanepes, Kemine we beýleki şahyrlarymyzyň eserlerinde Warka bilen Gülşanyň atlary, olar hakyndaky dessanyň mazmuny belli bir derejede orun alypdyr. Akyldar Magtymguly birnäçe goşgusynda Warka bilen Gülşany biri-birine wepaly aşyk-magşuklaryň, ölmez-ýitmez ynsan söýgüsiniň nusgasy hökmünde ýatlaýar. Söýginiň güýjüniň belentligini beýan edýän pursatynda şu aşyk-magşugyň söýgüsini hem mysal alýar.Şahyr «Söýmüşem seni» atly goşgusynda Ýusup bilen Züleýhanyň, Mejnun bilen Leýliniň, Perhat bilen Şiriniň, Seýpelmelek bilen Methaljemalyň, Nowruz bilen Gülüň, Wamyk bilen Uzranyň, Ganbar bilen Arzynyň, Tahyr bilen Zöhräniň, Garyp bileh Şasenemiň atlary bilen birlikde Warka bilen Gülşanyň atlaryny hem tutýar. Bütin Gündogarda atlary meşhur bolan, yzynda at goýup giden bu aşyk-magşuklaryň söýgüsi şahyryň ruhy dünýäsinde mukaddeslik we nusgalyk bolup orun alypdyr. Goşguda:

Basdy muhabbet nyşany,
Keşt eýledim çar köşäni,

Ýemende Warka Gülşany
Söýen dek söýmüşem seni[1]

– diymek bilen, şahyr Warka bilen Gülşanyň söýgüsinden söz açýar. Öz şahyrana gahrymanynyň söýgüsini Warkanyň Gülşa bolan mukaddes hem nusgalyk söýgüsiniň derejesinde goýýar. Magtymguly juda giň mazmuny öz içine alýan «Aşyk bolmuşam» diýen bäşlemesinde hem Warka bilen Gülşany ýatlaýar:

Mejnun kibi sährada ýyglaý-ýyglaý gezdigim,
Gözüm ýaşyn merjen deý düzüm-düzüm düzdügim,
Warka kimin Gülşadan ölüp umyt üzdügim,
Joşgun berip yşk ody,gaýnap-gaýnap gyzdygym,
Şibli kimin bir dagy ýandyrdygym bilmezmiň?[2]

Goşgudaky Warka bilen Gülşa degişli setiriň mazmuny bu aşyk-magşugyň söýgüleriniň, ykballarynyň keç tamamlanandygyndan habar berýär. Magtymgulynyň bu mazmuny öz goşgusynda beýan etmegi onuň «Warka – Gülşa» dessany bilen doly tanyş bolandygyna, dessanyň çeper eserlik gymmatyna, mazmun-pikir baýlygyna uly ähmiýet berendigine güwä geçýär.

XVIII asyr türkmen şahyry Şabendäniň döredijiliginde hem «Warka – Gülşa» dessanynyň yzlaryny görmek bolýar. Şahyr «Gözelim» atly ajaýyp şygrynda:

---

[1] Magtymguly. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat, «Türkmenistan»,1982, 77 sah.
[2] Şol yerde, 157 sah.

Seýle çyksaň, nigärim, bezenip ýaşyl-aly,
Her sözüň müň tümendir, bakyşyň hun bahaly,
Şirin bilen ol Perhat çekdi ençe webaly,
«Leýli» diýip, ol Mejnun boldy diwana-däli,
Warka aşyk «Gülşa» diýp, ötdi jöwri-jepaly,
Zöhre, Tahyr çyrmaşyp, çykdy serwi nahaly,
Arzy bilen ol Ganbar bir-birine wepaly,
Ýusup bilen Züleýha geçdi zowky-sapaly,
Seýpelmelek alypdyr söýüp Methaljemaly,
Bizden owwal goýupdyr ýedi aşyk bu ýoly,
Ýatsam – gijeler düýşüm, gündiz – köňlüm hyýaly,
Älem görki-guwanjym, serwi - rowan, Gözelim[1]

– diýmek bilen, ýedi aşyk-magşugyň, şolaryň arasynda Warka bilen Gülşanyň söýgi başdangeçirmelerini özüniň şygyr bagyşlan Gözeline, okyjylara birme-bir beýan edýär. Şahyr «Gül – Bilbil» dessanynda hem Bilbiliň adyndan beýan edýän goşgusynda Warka bilen Gülşany ýatlaýar:

Leýli – Mejnun geçdiler, ançа çekip jöwri-jepa,
Ol Şirin – Perhady gör, bir-birege eýläp wepa,
Warka – Gülşa, Wamyk – Uzra isteýip zowky-sapa,
Ýaryň waslyn isterem men, bolsa diýp, derde şypa,
Bilmenem men, Gül ýüzün-görmek jemalyn barmydyr?[2]

XIX asyr şahyrlary Mollanepesiň, Keminäniň, Misgingylyjyň döredijiliklerinde hem bu aşyk-magşugyň atlary päk söýginiň, wepalylygyň nusgasy hökmünde ýaşap gelipdir. Mollane-

---

[1] Şabende. Lirika. Gül – Bilbil. – Aşgabat, «Ylym» ,1978, 19 sah.
[2] Şol yerde, 108 sah.

pes «Serbeser» bäşlemesinde Warka bilen Gülşa ýaly birnäçe aşyk-magşuklaryň biri-birine gowşup bilmändiklerini ýatlaýar:

Diýr Nepes, dünýä guwandy, genji-karun geçdiler,
Wamyk ol Uzraga aşyk boldy, mahzun geçdiler,
Zöhre diýip Tahyr ýanyp, gözýaşy jeýhun geçdiler,
Warka – Gülşa, Şirin – Perhat, Leýli – Mejnun geçdiler,
Köýmedi hiç birisi men natuwana serbeser.[1]

Şahyr bu mazmuny özüniň «Zöhre – Tahyr» dessanynda hem:

...Warka, Gülşa tapmady yşkyň derdine derman,
Myrat hasyl bolmady, ötdi arman içinde[2]

– diýip, Tahyryň dilinden beýan edýär.

Kemine «Arzym aýdaýyn» diýen bäşlemesinde: «Warka – Gülşadan beter hunabalar içdim bu gün»[3] diýip, Warka bilen Gülşanyň biri-birine ýetmek üçin çeken muşakgatlaryny beýan etse, Misgingylyç «Gerek» bäşlemesinde: «Warka – Gülşa yşk içinde sanamyş aý-günleri»[4] diýip, Warkanyň Gülşanyň galyňy üçin onuň atasyndan möhlet alyp, daýysynyň ýanyna gidende sanalan aý-günlerden habar berýär. Bulardan başga-da türkmen şahyrlarynyň arasynda Warka – Gülşany ýatlanlary, olaryň söýgülerini öz goşgularynda beýan edenleri köpdür.

«Warka – Gülşa» dessanynyň yzlaryny yzlap, türkmen edebiýatynyň taryhyna eden syýahatymyz boýunça giňräk söhbet

---

[1] Mollanepes. Ýar, oýanmadyň. – Aşgabat, «Ruh», 1992, 64 sah.
[2] Mollanepes. Eserleriniň bir tomlugy. – Aşgabat, 1961, 182 sah.
[3] Kemine. Güleniň galar. – Aşgabat, 1991, 25 sah.
[4] Misgingylyç. Goşgular. – Aşgabat, TMGI, 1999, 31 sah.

etmegimiz ýöne ýere däl. Şu anyk mysallaryň üsti bilen «Warka – Gülşa» dessanynyň türkmen halkyna ýat däldigini, onuň mazmunynyň türkmen akyldarlarynyň kitaplarynda ýaşap gelendigini ýene bir gezek delillendirmek isledik. Bu dessan diňe bir akyldar şahyrlaryň arasynda belli bolup, onuň mazmuny diňe ýazuwly edebiýatymyzyň sahypalarynda ýaşap gelipdir diýsek, bärden gaýtdygymyz bolar. Ol dessan ýönekeý halk köpçüliginiň arasynda hem meşhur bolupdyr. Onuň türkmen topragynda bagşylar, aýdyjylar tarapyndan hemişe ýerine ýetirilip, nesilden-nesle geçirilip gelinendigini okyjylara hödürlenýän bu dessanyň il arasyndan ýazylyp alnan halky nusgalary hem aýdyň subut edýär. «Warka – Gülşa» dessanynyň türkmen topraklarynda, türkmen halkynyň kalbynda hem dilinde uzak döwrüň dowamynda ýaşap gelendigini aýdyň görkezýän ýene bir degerli maglumata duş geldik. «Sistan ertekileri we legendalary» atly kitapda Türkmenistanyň Sarahs etrabynyň ilatyndan ýazylyp alnan ertekilerdir rowaýatlar rus diline terjime edilip berlipdir. Şolaryň arasynda «Warka – Gülşa» dessanynyň bir nusgasy legenda hökmünde ýerleşdirlipdir. Kitabyň sözbaşysynda ýazylyşyna görä, bu nusgany ýygyndyny taýýarlaýjylar A. L. Grýunberg bilen I. M. Steblin - Kamenskiý 1975-nji ýylda Sarahsda ylmy saparda bolanlarynda şol ýerli Ysmaýyl Ýarmämmedowdan ýazyp alypdyrlar. 1915-nji ýylda doglan Y. Ýarmämmedow halkyň döreden eserlerini çuňňur bilýän, ýokary medeniýetli adam bolup, aýdýan halk eserlerini öz atasyndan öwrenipdir.[1] Şeýle-de bolsa, Y. Ýarmämmedowdan ýazylyp alnan «Warka – Gülşa» dessanynyň bu nusgasy anyk türkmen halkyna degişli edilmän, umumy sistan folklory hök-

[1] Сказки и легенды Систана. – Москва. Главная редакция восточной литературы, 1981, 9–11 стр.

münde kitapda ýereleşdirilipdir. Ýogsam, onuň mazmuny dessanyň biziň taýýarlan nusgalarymyzyň birinjisine doly diýen ýaly gabat gelýär.

Şeýlelikde, ady edebi mirasymyza siňen, halk arasynda meşhur bolan «Warka – Gülşa» sowet ýyllarynda neşir edilip, okyjylara ýetirilmeg-ä beýlede dursun, eýsem, onuň türkmen halkyna degişlilik meselesi dogrusynda hem gürrüň edilmedi. Munuň hem sebäbi sowet ýyllarynda türkmen halkynyň döreden edebi-medeni gymmatlyklaryna kembaha garalmagydyr. Sowet döwrüniň aňyýeti türkmen halkynyň dünýä medeniýetiniň ösüşine goşan gymmatlyklaryny görmezlige salýardy. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Mukaddes Ruhnamasynda türkmen halkynyň gazanan taryhy gymmatlyklarynyň köpüsiniň sowet döwründe başga halklara degişli edilişi dogrusynda şeýle diýýär: «... käbir taryhçylar öz gelip çykyşlary, dil toparlary arap-eýran toparlaryndan bolansoň, taryhyň islendik gazanan beýikliklerini eýran, arap, soň tapylan umumylaşdyrylan türk ady bilen baglanyşdyranyny kem görmeýärdiler... Biziň sowet mekdebinden çykan taryhçylarymyz meýilparaz taryhçylaryň buky pikirini bilmezden, şol mekdebiň ýöreden pikirini esasy pikir hökmünde tekrarlaýardylar»[1]. Beýik Serdarymyzyň aýdan bu sözleri gös-göni edebi mirasymyza hem degişlidir. Sowet ýyllarynda türkmen halkynyň geçmiş edebiýaty garyp diýlip görkezildi, halkymyzyň döreden birnäçe edebi gymmatlyklary başga halka degişli edildi. «Warka – Gülşa» dessany hem şol syýasatyň pidasy bolup, türkmen halkyndan, türkmen edebiýatyndan çetleşdirildi.

«Warka – Gülşa» dessany öz döreýiş gözbaşyny «Ýusup – Züleýha», «Leýli – Mejnun» dessanlary ýaly arap edebiýatyn-

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 210 sah.

dan alyp gaýdýar. Ylmy edebiýatlarda «Warka – Gülşa» dessanynyň mazmunyna meňzeş birnäçe hekaýatlaryň Gündogarda gadymdan gelýändigi dürli çeşmelere salgylanyp beýän edilýär. Arap halk döredijiligindäki we ýazuwly edebiýatyndaky Antar, Murakgaş we Urwa atly şahyrlaryň gussaly söýgi başdangeçirmeleri hakyndaky hekaýatlar «Warka – Gülşa» dessanynyň mazmunyna gabat gelýär. Emma şolaryň arasynda arap şahyry Urwanyň öz agasynyň gyzy Afra bolan söýgüsi we oňa ýetmek üçin çeken muşakgatlary hakyndaky hekaýatyň mazmuny oňa has ýakyn bolup, X asyrdan öň ol «Urwa we Afra» ady bilen özbaşdak eser hökmünde ýaýrapdyr. Soňra bu ýordum esasynda birnäçe şahyrlar eserler ýazyp başlapdyrlar. Olardan «Warka – Gülşa» ady bilen ilkinji eser ýazan Mejdeddin Aýýuky atly şahyrdyr. Bu şahyr XI asyrda Mahmyt Gaznalynyň döwründe Dehistanda ýaşap geçipdir. Aýýuky öz eserini pars dilinde şygyr bilen mesnewi görnüşinde ýazypdyr. Aýýukydan soň XVI asyrda ýaşan Ýusup Meddah, XVII asyrda ýaşan Rukneddin Mesihi atly şahyrlar türki dilde «Warka – Gülşa» poema-dessanlaryny ýazýarlar. Bulardan başga-da, dessanyň ýazary näbelli bolan pars we türki dillerdäki ýazuwly hem dilden aýdylýan şygyrdyr kyssa görnüşindäki dürli nusgalary Gündogar halklarynyň arasynda meşhur bolupdyr.

Şulardan görnüşi ýaly, «Warka – Gülşa» dessany uzak taryhy döwrüň dowamynda birnäçe halklaryň arasyna dürli görnüşde, dürli dillerde ýaýrapdyr. Aslynda, dilden aýdylýan rowaýatlyk-hekaýatlyk mazmun belli-belli şahyrlar tarapyndan işlenilip, ýazuwly edebiýatda orun alypdyr. Köpüsiniň ýazarlary ýatdan çykarylyp, halky nusga hökmünde hem ýazuwly edebiýata giripdir. Şunuň bilen ugurdaşlykda dessan bagşylar, aýdyjylar tarapyndan aýdylyp, nesilden-nesle geçirilip, dilden

aýdylýan halk döredijilik eseri bolup, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ilkibaşda «Warka – Gülşa» dessanyna esas bolan, halk arasynda aýdylyp ýörlen hekaýatdyr rowaýatlaryň dürli dilde ýazuwly edebiýata geçmegi, ondanam ýene dilden aýdylyp, halk arasyna ýaýramagy ýaly ýagdaýlar netijesinde dessanyň köp nusgalylygy emele gelipdir, köpüsiniň ýazarlary ýatdan çykarylypdyr. Haýsydyr bir eseriň ýordumynyň köp dillere ýaýramagy, dürli halklaryň ýazuwly we agzeki edebiýatlaryna girmegi, köp nusgalylyga eýe bolmagy şol eseriň dünýä derejesindäki gymmatyny görkezýär. Şu jähtden garanyňda «Warka – Gülşa» dessanyny hem bütin Gündogar we dünýä ähmiýeti bolan edebi ýordumly eser hasaplamak bolar. Bilşimiz ýaly, hiç bir zamanda hem türkmen edebiýaty dünýä edebiýatynyň umumy ösüşinden çetde bolmandyr. Türkmen halkynyň döreden eserleriniň köp bölegi dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna goşant bolupdyr. Şunuň bilen birlikde, türkmen akyldarlary umumadamzat gymmatlygyna eýe bolan dünýä edebiýatynda ýörgünli edebi ýordumlary döredijilikli işlemegi, şolaryň esasynda türkmen halkynyň milli duýgusy, häsiýeti, durmuşy, dünýägaraýşy, pelsepesi bilen aýratynlandyrylan düýpden täze eserleri – dessanlary döretmegi başarypdyrlar we türkmen edebiýatyny baýlaşdyrypdyrlar. Şoňa görä hem «Warka – Gülşa» dessanynyň türkmen şahyrlary tarapyndan döredilen birnäçe nusgalary, bagşylar, aýdyjylar tarapyndan timarlanyp, köp nusgalylyga eýe bolan birnäçe görnüşleri biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şeýlelikde, ýazuw we dil üsti bilen dürli dillerde bize gelip ýeten «Warka – Gülşa» dessanynyň nusgalarynda umumy taraplar bilen birlikde käbir aýratynlyklar hem bardyr.

Biz «Warka – Gülşa» dessanynyň nusgalary boýunça gözlegleriň netijesinde onuň üç sany türkmen nusgasynyň bardygyny ýüze çykardyk. Olar barada biz «Mukaddes Ruhnama we

Gündogar halklarynyň medeni ösüşi» atly ylmy maslahatda çykyş edipdik.[1] Şu kitaba girizilen «Warka – Gülşa» dessanynyň ýazuwly nusgasy diýlip atlandyrylan birinji nusgasy Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan 978, 1025, 1453 belgili bukjalardaky nusgalar esasynda taýýarlanyldy. Bu nusga 1908-nji ýylda Daşkentde daşbasma usulynda çap edilipdir. Belli alym A. Ýazberdiýewiň türkmen kitaplarynyň neşir edilişi hakynda ýazan kitabynda beýan edilişine görä, «Warka – Gülşa» dessanynyň neşir edilen döwründe Daşkentde nusgawy şahyrlarymyzyň eserleri bilen birlikde «Melike – Dilaram», «Hüýrlukga – Hemra», «Şasenem – Garyp», «Asly – Kerem», «Saýatly – Hemra» ýaly türkmen dessanlarynyň birgideni ençeme gezek neşir edilipdir.[2] «Warka – Gülşa» dessanynyň gürrüňi edilýän bu nusgasy hem türkmen edebiýatynyň köpçülikleýin neşir edilen şol tapgyryna degişli bolup durýar.

Arap hatyndaky, köne türkmen dilindäki bu nusganyň ýazary näbelli bolup, ony molla Abdylla hajy Mirkerim ogly diýen adam neşir edipdir. Dessan kyssa görnüşinde bolup, onda Gülşanyň adyndan aýdylýan diňe bir gazal gabat gelýär. Onuň dili geçmiş edebiýatymyza mahsus bolan köne türkmen diline, kitaby dile kybap bolup, Andalyp, Azady ýaly birnäçe şahyrlarymyzyň, köp sanly dessanlarymyzyň dilinden tapawutlanmaýar. Ol ýazuwly edebiýatyň däplerini, aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Bu aýratynlygy dessanyň başlanyşyndan görmek bolýar. Dessan Gündogaryň edebi däplerine laýyklykda Alla öwgüler, dilegler bilen başlanýar. Wakalaryň Muhammet pygam-

---

[1] Seret: Seýidow N. «Warka – Gülşa» dessanynyň türkmen nusgalary. *II* Kitapda: Mukaddes Ruhnama we Gündogar halklarynyň medeni ösüşi. – Aşgabat, TMGI, 2003, 73–75 sah.

[2] Ýazberdi A. Köne türkmen basma kitaplary. – Aşgabat, 2004, 154–155 sah.

ber zamanynda bolup geçendigi beýan edilýän wagtynda ýazuwly edebiýata mahsus bolan jümleler getirilýär. Dessany musulman dininden, yslam ylmyndan, Gündogaryň edebi däplerinden doly habarly, ylymly kişi ýazypdyr ýa-da göçüripdir. Dessana dini äheňler, dini mazmun güýçli siňdirilipdir. Wakalaryň bolan ýeriniň Arabystanyň topraklarynda, wagtynyň Muhammet pygamberiň zamanynda diýlip görkezilmegi, wakalara Muhammet pygamberiň, Hezreti Alynyň we sahabalaryň gatnaşdyrylmagy muňa şaýatlyk edýär. Wakalar beýleki nusgalardaka garanda has ýaýbaňlandyrylyp görkezilýär.

Dessanyň esasy mowzugy söýgi-gahrymançylykdyr. Aşyk ýigit Warka birnäçe uruşlary başdan geçirýär, gahrymançylyk görkezip, ýeňişlere ýetýär. Harby-gahrymançylyk meselesiniň özi dessanda turuwbaşdan ýaýbaňlanyp başlanýar. Helal bilen Hemam taryp edilende goşunbaşylykda, at münmekde, ok atmakda hemmelerden ökdeligi beýan edilýär. Warka bilen Gülşa hem ýaşlykda harby hünärleri öwrenip, uruş tilsimlerine ökde bolýarlar. Dessanyň dowamyndaky Beni Amr, Mälik Antar, kyrk ogry bilen bolan söweşlerde Warka ökde urşujy, edermen, pälwan ýigit bolup orta çykýar. Dessandaky harby-söweş sahnalary, bir tarapdan, Warkanyň edermenligini ýüze çykarsa, beýleki tarapdan, wakalaryň garşylygynyň güýçlenmegine täsir edýär, Warkanyň maksada okgunlylygynyň, işjeňliginiň görkezijisi bolup durýar.

«Warka – Gülşanyň» gürrüňi edilýän nusgasy kyssa görnüşinde bolsa-da, onuň beýan edilişi, äheňi, mazmuny pikir taýdan agramy dessanlyk ýüki göterýär. Edebiýaty öwreniş ylmynda dessan edebi görnüşiniň aýratynlygy kyssa bilen şygryň gatyşyp gelmegi bilen kesgitlenenem bolsa, biz ony köp ýagdaýda şertli we çäkli hasaplarys. Halk arasynda gadymdan bäri uly bir ýordumly epiki eser, ol diňe şygyr ýa-da kyssa görnü-

şinde bolsun, ýa-da kyssa bilen şygyr gatyşyp gelsin, tapawudy ýok, dessan diýlip atlandyrylypdyr. Ýogsam, «Warka – Gülşa» dessanynyň köp sanly ýazuwly nusgalary mesnewi-poema şekilinde ýazylandyr. Şonda-da halk arasynda bu esere dessan diýlipdir.

Dessanyň daşbasma ýazuwly nusgasynyň dili onuň ýazylan ýa-da göçürilen döwrüniň edebi diliniň gurluşyna laýykdyr. Onuň dili sözlük düzüm, morfologik we sintaktik aýratynlyklar tarapdan häzirki zaman türkmen dilinden tapawutlanýar. Şonuň üçin dessan çapa taýýarlananda onuň dilini häzirki zaman türkmen diliniň kadalaryna laýyk bermäge çalyşdyk. Düşnüksiz hasap eden käbir sözlerimiz üçin işiň ahyrynda umumy düşündirişli sözlük berdik. Şunuň ýaly çemeleşmelere garamazdan, dessanyň edebi miraslyk gymmaty, diliniň edebi mirasa mahsus şiresi saklanyldy.

Dessanyň bagşy nusgasy diýlip atlandyrylan ikinji nusga belli edebiýatçy we halk döredijiligini öwreniji alym B. Mämmetýazowyň şahsy arhiwinden ýazylyp alyndy. Bu nusga kyssa bilen şygryň (aýdymyň) gatyşdyrlyp beýan edilen görnüşinde bolup, saz bilen, aýdym bilen ýörite dessançy bagşylaryň aýdyş tärlerine, däplerine laýyk gelip dur. Umuman, bu nusganyň durky, mazmuny, tebigaty bagşylar tarapyndan aýdylan «Göroglynyň» aýry-aýry dessanlaryny, «Saýatly – Hemra», «Hüýrlukga – Hemra», «Şasenem – Garyp», «Nejep oglan» ýaly tüýs halky dessanlary ýatladýar. Ondaky wakalaryň beýan edilişi, şygyrlarynyň görnüşiniň milliligi türkmen bagşyçylyk-dessançylyk däpleriniň önümidigini görkezýär.

Dessanyň okyjylara hödürlenen halk agzeki nusgasy diýlen üçünji nusga Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan 2940 belgili bukjadaky nusga esasynda taýýarlanyldy. Bu nusgany hem

alym B. Mämmetýazow 1964-nji ýylda Lebap welaýatynyň Farap etrabynda ýaşaýan Hezretguly Baýnazarowdan ýazyp alyp, golýazmalar hazynasyna tabşyrypdyr. Bu nusga sap kyssadan durup, ol bagşy tarapyndan däl-de, aýdyjy, kyssaçy tarapyndan aýdylypdyr diýip hasaplamak mümkin. Bu özüniň çaklaňlygy, ertekiçilik äheňlerini özünde saklaýanlygy bilen beýleki nusgalardan tapawutlanýar.

Dessanyň dilden aýdylan iki nusgasynda-da milli aýratynlyklar mese-mälim ýüze çykýar. Meselem, sawçylyk, däbe görä öleniň aş-suwuny bermek, Hydyr we Ylýasyň wakalara gatnaşmagy ýaly ýagdaýlar bu nusgalaryň has halkylaşandygyny görkezýär.

«Warka – Gülşa» dessanynyň gürrüňi edilen türkmen nusgalarynyň umumy mazmun we esasy ýordum ugry bir bolsa-da, olarda görnüş, gurluş, dil, wakalaryň beýan edilişi, ýer-ýurt we adam atlarynyň berlişi, milli aýratynlyklar jähtden belli bir derejede tapawutlar bardyr. Şonuň üçin dessanyň elimizde bar bolan üç nusgasyny jemgyýetçilige ýetirmegi zerur hasapladyk. Köp nusgaly şol bir dessanyň hemme nusgasyny jemläp, bilelikde neşir etmegiň tejribesi türkmen edebiýaty öwreniş ylmynda bar. A. Rahmanowyň toplap, çapa taýýarlan «Şasenem – Garyp» dessanynyň ýedi nusgasyny öz içine alýan neşiri muňa mysaldyr.[1] Bu kitaba dessanyň öň belli we belli bolmadyk «Aýsenem – Garyp», «Helelaý – Garyp», «Aý Peri», «Baýsenem – Garyp», «Handaz gyz», «Uzperi» atly aýratyn nusgalary girizilipdir. Mundan başga-da, «Gorkut ata» şadessanynyň dürli nusgalarynyň hem jemlenip neşir edilendigini görkezmek bolar.[2] Bu kitapda şadessanyň A. Aşyrow tarapyndan taýýarla-

---

[1] Seret: Şasenem – Garyp. – Aşgabat, 1992.
[2] Seret: Gorkut ata. – Ankara, 1999.

nan Drezden we Watikan nusgalary, M. Kösäýew tarapyndan taýýarlanan nusgasy we A. Rahmanow tarapyndan taýýarlanan halky nusgalary berilýär. Şeýlelikde, «Gorkut ata» şadessanynyň öň okyjylara mälim bolmadyk dürli nusgalary köpçülige ýetirildi. Köp nusgaly dessanlar şeýle usul bilen çapa taýýarlanyp, neşir edilende şol dessanyň nusgalarynyň umumylyklaryny, aýratynlyklaryny doly görüp bolýar we olaryň üstünde ylmy barlag alyp barmakda amatly şert döreýär. Dessanyň döreýiş, kämilleşiş, dürli çäklere ýaýraýyş, köp nusgalylyga eýe boluş meselelerini, çeperçilik, mazmun, millilik babatdaky aýratynlyklaryny ýüze çykarmakda belli bir netijeler almak bolýar.

Şundan ugur alyp, «Warka – Gülşa» dessanynyň hem nusgalaryndaky umumy we aýratyn taraplary görkezip geçmek maksada laýykdyr. Dessandaky wakalaryň bolup geçen ýerleriniň Arabystan ýurtlarydygy üç nusgada hem beýan edilýär. Şu ýerde bir meseläniň üstünde aýratyn durmak gerek. Türkmen dessanlarynyň köp bölegi arap dünýäsi bilen baglanyşykly bolup, wakalar köplenç arap ýurtlarynyň çäklerinde ýa-da şolar bilen baglanyşykda ýaýbaňlanýar. Şuňa esaslanyp, şeýle dessanlaryň ol ýa-da beýleki halka degişliligi dogrusynda bir zat aýdylsa, meselä ýüzleý çemeleşildigi bolar. «Warka – Gülşa» dessany hem şeýle dessanlaryň toparyndan bolup durýar. Dessanyň mazmuny arap dünýäsi, yslam dini bilen baglanyşykly. Bu ýagdaýyň ýüze çykmasynyň sebäpleri, birinjiden, şeýle topardaky dessanlar öz ýordum gözbaşlaryny, esasy mazmunynyň çeşmelerini köplenç arap edebiýatyndan, halk döredijiliginden alýar. Umumy Gündogar üçin ortalyk bolan şol edebi çeşmeler dürli ýurtlara, dürli dillere, şol sanda türkmen edebiýatyna hem geçýär. Şol ýordum esasynda eser döreden dürli halkdan bolan şahyr-ýazyjylar milli dillerinde, öz halkynyň

ruhuna, durmuşyna laýyklap aýratyn eser döredýärler. Şeýlelikde, ol eserlerde-dessanlarda arap ýer-ýurt atlary, adam atlary galsa-da, umumy mazmun, pikir we many gymmatlyklar şol halkyň ruhuny hem durmuşyny beýan etmäge, ýüze çykarmaga hyzmat etdirilýär. Ikinjidenem, yslam dini özüniň ýaýran ýurtlary bilen arap ýurtlaryny syýasy, ykdysady, medeni babatlarda mäkäm baglanyşykda saklaýar. Gündogar ýurtlarynda arap medeniýeti, hat-ýazuwy, ylym-bilimi güýçli ornaşýar. Yslamyň ylmy merkezlerindäki medreseleri bitiren türkmen alymlary öz işlerini köplenç arap dilinde ýazypdyrlar, olaryň arap edebiýaty, yslam taryhy bilen tanyşlygy döreden edebi eserlerinde arap durmuşynyň, yslam dininiň yzlaryny goýupdyr. Olaryň yslama, yslamy esaslandyran Muhammet pygambere hormaty ýazan eserlerinde öz beýanyny tapypdyr. Eserleriň başynda Allatagala we Muhammet pygambere mynajat etmek we öwgüler aýtmak edebi däp bolupdyr. Wakalary mümkin bolan ýerinde Muhammet pygamber, çaryýarlar, sahabalar we yslamyň beýleki keramatly şahslary bilen baglanyşdyrypdyrlar. Hatda yslamyň ilki başlangyç döwürlerinde ýa-da ondan hem öň dörän hasap edilýän «Gorkut ata» şadessanyny göçürijiler, aýdyjylar eseriň başynda: «Resul aleýhyssalam zamanyna ýakyn baýat boýundan Gorkut ata diýrler bir är gopdy»[1] diýen jümläni goşup, Muhammet pygamberi ýatlaýarlar. Edil şonuň ýaly, «Warka – Gülşa» dessanynyň ýazuwly nusgasynyň başynda hem wakanyň Muhammet pygamber zamanynda bolandygy şeýle beýan edilýär: «Sagadat kitabynyň eýesiniň, älemiň jenabynyň on sekiz müň älemden saýlanynyň, «Pelekleri seniň üçin ýaratdym» diýleniň zamanynda beni şeýban atly bir

[1] Kitaby dädem Gorkut we hekaýaty Oguznamaýy Gazan beg we gaýry. – Aşgabat, TMGI, 1997, 28 sah.

kabyla bardy». Bu ýerde gürrüňiň Muhammet pygamber hakyndadygy öz-özünden bellidir. Dessanyň ahyryndaky wakalara Muhammet pygamber bilen Alynyň gatnaşmagy bu eseri ýazanyň yslam dinine çuňňur hormatyny äşgär edýär. Türkmen dessanlarynyň arap dünýäsi bilen baglylyk meselesinde ýene bir üns bermeli zat bar. Taryhyň belli bir döwürlerinde türkmenler dünýäniň köp ýerlerinde, şol sanda arap topraklarynda hem öz döwletlerini gurup, türkmen medeniýetini dünýä ýaýdylar, halklaryň medeniýetleriniň gatyşmagyna, bir-birlerini baýlaşdyrmagyna şert döretdiler. Şonuň bilen birlikde, türkmenler yslamyň goragçylary we yslam taglymatyny ýaýradyjylar boldular. Şu şertler netijesinde ýordum gözbaşlaryny arap halk döredijiliginden alyp gaýdan «Leýli – Mejnun», «Ýusup – Züleýha» ýaly türkmen dessanlarynyň hatarynda yslam dini bilen berk baglanyşkly bolan «Warka – Gülşa» dessanynyň türkmen akyldarlary tarapyndan türkmen topragynda tüýs milli häsiýetli nusgada döredilmegi doly kanunalaýykdyr. Ýene bir bellemeli zat, türkmen dessanlarynyň haýsy birini alsaň-da, olarda bolup geçýän wakalar köplenç ata Watanymyzyň çäklerinden alysda edilip görkezilýär. Munuň özi diňe bir ýokarda beýan edilen syýasy-taryhy, durmuşy-medeni ýagdaýlar bilen hem bagly däldir. Dessanlarda Arabystan, Rum, Gürjüstan, Töwriz, Balh, Bagdat, Tatar, Turan, hyýaly dessanlarda Kap dagy, periler ýurdy... diýlip, umumy we anyk ýer-ýurt atlarynyň getirilmegi, wakalaryň şol ýerlerde bolan edilip görkezilmegi ýa-da şol ýerler bilen baglanyşykda beýan edilmegi kabul edilen umumy edebi däbiň, çeperçilik usuluň netijesidigini hem aýtmak gerek. Dessanlary dörediji şahyrlar wakalary alys ýurtlar bilen baglanyşykda beýan etmekden ötri, öz eserlerindäki wakalary has täsirli, gyzykly edip görkezýärler, eseriň ýordum gurluşyny, wakalaryň ulgamyny çylşyrymlaşdyryp, hereketiň

garşylyklaryny güýçlendirýärler. Şonuň bilen birlikde, şahyrlaryň dessanlardaky käbir şalara, beglere degişli ýaramaz häsiýetleri, ýakymsyz beýan etmeleri ýerli şalaryň, begleriň özlerine çekäýmeklerinden hem ähtiýaç eden bolmaklary mümkindir.

Dessanyň nusgalaryndaky ýer-ýurt, adam we tire-taýpa atlary, wakalara gatnaşýan edebi gahrymanlar ulgamy, olardaky tapawutlar barada gürrüň etmek zerurdyr. Ýazuwly nusgada dessanyň başynda wakalaryň anyk bolýan ýeri görkezilmän, onuň beni şeýban kabylasynyň arasynda bolandygy beýan edilýär. Ýöne dessanyň umumy mazmunyndan, dowamyndaky beýan etmelerden wakalaryň Mekge töwereklerinde bolup geçýändigini görmek bolýar. Wakalaryň bolýan ýeri bagşy nusgada Arabystan ýurdunda, şeýban kabylasynda diýilýän bolsa, agzeki nusgada ýöne Ýemen şäherinde diýlip berilýär. Magtymgulynyň:

Ýemende Warka  Gülşany
Söýen dek söýmüşem seni

– diýen setirleri şahyryň dessanyň biziň gürrüňini edýän şu agzeki nusgamyzyň gözbaşynda ýatan haýsydyr bir ýazuwly nusga bilen tanyş bolandygyny görkezýär. Ýazuwly nusgada beni sap diýen kapyr kabylanyň serdary Beni Amr beni şeýbanlylaryň üstüne çozup, Gülşany ýesir alyp gidýär. Bu wakalary beýan edýän sahna beýleki iki nusgada ýok. Warkanyň atasy Hemam Beni Amra garşy söweşde wepat bolýan bolsa, soňky iki nusgada ol öz ajalyna ölýär. Warkanyň daýysynyň ýurdy ýazuwly we bagşy nusgalarda Ýemen, ady bolsa Selim şa diýilýär. Agzeki nusgada bolsa bu Kyýan şäheriniň şasy Kasym şa bolup gelýär. Warka daýysynyň ýurduna baranda ol

ýurduň üstüne uruş etmäge gelen şa ýazuwly nusgada Mälik Antar, agzeki nusgada Mahmyt şa, bagşy nusgada bolsa ady berilmän ýöne duşman patyşa diýip gelýär. Gülşa aşyk bolup, ony öz ýurduna alyp giden şa ýazuwly we bagşy nusgalarda Şam patyşasy Muhsyn şa diýlip berilse, agzeki nusgada ol Keýwan şäheriniň patyşasy şahy Sengan diýlip berilýär. Ýazuwly we agzeki nusgalarda Gülşanyň Warkadan aýra düşmeginde aýýar kempir esasy bolup hereket edýän bolsa, bagşy nusgada bu meselede Hemamyň ýerine bolan ilagasy çykyş edýär. Gülşanyň keniziniň ady agzeki nusgada Döwlet keniz diýlip berilýär, beýleki iki nusgada onuň ady getirilmeýär. Dessanyň ahyrynda Warka bilen Gülşanyň direlmegine sebäp bolýanlar ýazuwly nusgada Muhammet pygamber bilen Aly, bagşy nusgada Hydyr sypat diwana, agzeki nusgada bolsa Hydyr-Ylýas diýlip görkezilýär.

Dessanyň ýazuwly nusgasynyň başlanyşynda patyşa bilen weziriň perzentsizlik dagyny çekişleri dogrusynda hiç zat aýdylmaýar. Warka bilen Gülşa bir gijede doglanlygy üçin, şol kabylanyň adatyna görä, olary adagly edýärler. Bagşy we agzeki nusgalarda bolsa patyşa bilen wezir perzentsizlik dagyny çekip, entek çagalary bolmanka olary adaglamak hakynda ähti-peýman edýärler. Bu ýagdaý birnäçe türkmen dessanlarynyň başlanyşyna mahsus edebi däpdir. Dessanyň üç nusgasynda hem pajygaly ýagdaýda wepat bolan Warka bilen Gülşa keramatly şahslaryň ýardamy bilen direlýär. Bu hem türkmen dessanlaryna mahsus bolan göwnüçökgünligiň garşysyna ruhubelentligi, ýaşaýşa ynamy, söýgüni öndemek bilen bagly dünýewi pelsepäniň ýüze çykmasydyr.

Edebi mirasymyzyň hak howandary ylym ussadymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 13-üne bolan mejlisiniň çä-

ginde Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň alymlary bilen duşuşyk geçirdi. Institutyň 10 ýyllygy mynasybetli geçirilen bu duşuşykda Beýik Serdarymyz edebi mirasy, golýazma çeşmelerini öwrenijilere gymmatly ylmy maslahatlar berdi. Şonda Beýik Serdarymyz «Warka – Gülşa» dessany hakynda hem gyzyklanyp, bu dessanyň türkmen halkynyň taryhy ykballary, musulman dini bilen baglanyşygy, dünýä halklarynyň arasyna ýaýraýşy dogrusynda iňňän gymmatly pikirler aýtdy. Umuman, musulman dini bilen bagly dessanlara çemeleşilende: «Türkmenler Mekge bilen Rimiň arasyndaky dini gapma-garşylyklaryň ortasyndan böwsüp geçip, musulman dinini gorapdyrlar. Şonuň üçin hem dessanlara baha berlende çuňňur ylmy nukdaý nazardan çemeleşmek gerek. Hakyky ylmy maglumatlardan ugur almak gerek»[1] diýip öwretdi. Beýik Serdarymyzyň bu sözleri «Warka – Gülşa» dessanyny öwrenmekde ýolgörkeziji nazaryýetidir. Geljekde biziň öňümizde şu nazaryýetden ugur alyp, bu dessanyň türkmen halkynyň taryhy ykballary hem musulman dünýäsi bilen baglanyşygyny aýdyňlaşdyrmak, onuň türkmen nusgalaryny beýleki Gündogar halklarynyň arasyna ýaýran nusgalary bilen deňeşdirip, olaryň umumy we aýratyn taraplaryny ýüze çykarmak, milli aýratynlyklaryny, beýleki türkmen dessanlary bilen dürli jähetden arabaglanyşygyny hem tebigy birligini kesgitlemek, edebi keşplerini, çeperçiligini we beýleki meselelerini ylmy taýdan seljermek wezipeleri durýar. Olary netijeli çözmäge Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň täze ruhly milli ylmy mekdebi we Mukaddes Ruhnamada jemlenen medeni-edebi mirasy öwrenmek baradaky taglymaty aýdyň ýol görkezýär.

[1] Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy: Milletiň ruhy we taryhy galkynyşynyň bähbitleriniň ugrunda *II* «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň Nowruz aýynyň 31-i.

«Warka – Gülşa» dessanynyň okyjylara ýetirilmegi türkmen edebiýatynyň dessan baýlygyny artdyrar. Şonuň bilen birlikde Beýik Serdarymyzyň edebi mirasymyzy öwrenmek we okyjylara ýetirmek baradaky aladalarynyň hem sargytlarynyň ýerine ýetirilmesi bolar.

**Nury SEÝIDOW,**
***Türkmenistanyň milli medeniýet***
***«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri***

# SÖZLÜK

## A

*Aam* – habarsyz, gapyl.
*Ajam* – araplardan beýleki halklar.
*Arkan* – tanap, ýüp.
*Asan* – aňsat, ýeňil.
*Ataş* – ot,yalyn.
*Awara* – sergezdan, il-günden aýrylan.
*Aýgak* – hilegär, aýýar.
*Aýýar* – aňtawçy, içaly,erbet adam manysynda.
*Azada* – märiban, mähirli, hormatly, mertebeli.

## B

*Bady-saba* – säher şemaly, daň şemaly.
*Bähre* – peýda.
*Bakemal* – kemally.
*Bargäh* – şalar üçin ýörite dikilyän çadyr.
*Bawepa* – wepaly.
*Baz* – oýun.
*Bedryg* – ýarag ady.
*Behak teslim etmek* – Hudaýa gowuşmak.
*Behiştde gulman* – behiştdäki ýigit, hyzmatkär oglan.
*Beliazamat* – berekella.

*Betkerdar* – erbet iş bilen meşgul bolýan, bozuk ahlakly, betgylyk.
*Bigäne* – keseki, ýat.
*Bitap* – hassa, ýarawsyz.
*Burun* – öň, öňürti, yz.
*Byradar* – dogan,garyndaş, gardaş.

**Ç**

*Çory* – hyzmatkär, keniz.

**D**

*Danyşment* – alym, bilimli, akylly adam.
*Daryg* – wah, arman, haýp, ahmyr, ökünç.
*Daryl- penadan daryl-bakyga ryhlat etdi* – bu dünýäden o dünýä gowuşdy.
*Derhal* – tiz, çalt.
*Dest* – el, gol.
*Deşt* – sähra.
*Dilefgär* – köňli ýaraly, gaýgy-gamly.
*Düýt* – duman, çaň.
*Düýtmek* – garaşmak.

**E**

*Eda* – ýerine ýetirme, kanagatlandyrma, aýdyş, aýtmak.
*Efsun* – jady.
*Ejazat* – rugsat.
*El-aman* – aman dilemek, kömek soramak.
*Elem* – azap, dert, agyry, gaýgy, gam-gussa.
*Esir* – ýesir, bendi.
*Etagat* – boýun bolmak.

## Ä

*Älem* – baýdak, nyşan.
*Älem panydan älem baka ryhlat kylmak* – bu dünýäden o dünýä gitmek.

## G

*Gaýnamak* – çogup çykmak manysynda.
*Gazal, mugamma* – şygyr görnüşleri.
*Gert* – çaň, tozan, tot.
*Gorgan* – gala, bu ýerde ogrular mekany.
*Gözün güýtmek* – gözüni baglamak, aldamak.
*Gülgüzar* – gül ýüzli, görkli, söýgüli.
*Güýtmek* – garaşmak.
*Güzer* – düşleg.
*Gylyçbaz* – gylyç oýnatmaga ökde.

## H

*Habyp* – ýakyn ýoldaş, ýakyn adam. Muhammet pygamberiň bir lakamy.
*Hallak älem* – älemi ýaradyjy, Huday
*Hamd* – öwgi, taryp, wasp, ýagşylyk bilen ýatlama.
*Hapakan* – telpek.
*Har* – eşek.
*Harem* – aýal maşgalanyň bolýan jaýy, haremhana.
*Haýat* – dünýä, ýaşaýyş.
*Hazan* – güýz, sowuk, tupan, galagopluk.
*Hemdem* – hakyky dost, çyn ýürekden dost, ýoldaş.
*Hemhana* – bir öýde bolmak, ýoldaş bolmak.
*Hemşire* – aýal dogan, uýa.
*Hesep* – hasap.
*Häk-paý* – aýak tozy.

*Hijran* – aýralyk.
*Hilal gaşly* – täze dogan aýa meňzeş owadan gaşly.
*Hoşlyka* – owadan, görmegeý ýüzli.
*Hudawende* – Hudaý, Taňry.
*Huny-girýan* – ganly gözýaş bilen.
*Hursant* – şat.
*Husun* – görk, gözellik, owadan.
*Hylwat* – gizlin, ýekelik,gizlin ýer.
*Hyşan* – kowum gardaşlar, garyndaşlar.

## I

*Ilagasy* – köşkde ýokary dereje, wezir.
*Imkan* – mümkinçilik, sebäp.
*Intik, intrizar* – garaşmaklyk.
*Irişde* – sapak.
*Işigaga* – sakçylaryň başlygy.

## J

*Jahandar* – dünýäniň eýesi, jahanyň hojaýyny, älemi öz elinde saklaýan.
*Jasus* – içaly, aňtawçy.
*Jeňgi-maglup* – gazaply söweş.
*Jinde* – ýyrtyk, sal-sal geýim, derwüşleriň eşigi.
*Jöwherzada* – aýal doganyndan bolan,ýegen.

## K

*Kabyla* – taýpa, tire, il.
*Käkil* – zülp, çogdam saç.
*Kat* – boý.
*Kelam* – söz.
*Kemal* – ýetişmek, boýy ýetmek.
*Keniz* – hyzmatkär gyz, gyrnak.

*Kerem* – sahylyk, jomartlyk, bagyşlamaklyk.
*Kiparat* – günäden arassalanma, sadaka.
*Kör nemek* – bu ýerde iýen duzuna kast edýän diýen manyda.
*Kulah* – derwüşleriň geýýän telpegi, börügi.

**L**

*Lagyn* – näletlenen, şeýtan.
*Läli* – tabak.
*Lazym* – zerur.
*Leb* – dodak.

**M**

*Maglup* – eňlen, ýeňlişe sezewar bolan.
*Mahbup* – söýgüli, ýar.
*Mahzun* – gamgyn, gaýgyly, gussaly, hasrat çekýän.
*Mejamyat* – jübütlik.
Mejnun – däli,telbe.
*Mejruh* – maýyp.
*Mekkarlar* – mekirler.
*Melamat* – käýinç, teýene, hyjalat.
*Melike* – hökümdar aýal.
*Memleket* – döwlet, ýurt.
*Mübtela* – bir zada duçar bolmak, bela duşmaklyk, bir zada uçramaklyk.
*Muddaga* – niýet, hyýal, päl, meýil, isleg.
*Mugazzym* – beýik, uly.
*Mükerrem* – hormatly.
*Münewwer* – nurly, ýalkymly, yşykly.
*Müşerrep* – görmek.
*Müşgül* –kynçylyk, kyn.
*Mysapyr* – ýolagçy, pahyr, biçäre, goldawsyz.

## N

*Natuwan* – güýçsüz, biçäre, hor, ejiz, bitap.
*Nazm* – çeper eser, şygyr.
*Neda* – ses, owaz.
*Nesep* – asyl, gelip çykyş.
*Nähas* – birden.
*Nämährem* – ýat,bigäne,keseki.
*Nisar kylmak* – sepmek.
*Nowazyş* – söýgi, mähir, mylaýymlyk, hoşniýetlilik.
*Nowjuwan* – ýaş, ýaş ýigit.
*Nysap* – örtgi.

## O

*Orda* – bu ýerde öý, köşk manysynda.

## P

*Parsaň* – 6 km. barabar uzynlyk ölçegi.
*Pasyban* – garawul.
*Peläket* – biçärelik, betbagtlyk, agyr ýagdaý.
*Perdeýi-ismet* – asyllylyk perdesi.
*Permaýyş* – haýyş, tabşyryk.
*Perwa kylmak* – alada etmek, esewan etmek, çekinmek.
*Perwana* – kebelek, bir zadyň ugrunda gezmek.
*Perwaz* – uçmak, uçuş.
*Perweriş* – alada etmek, idetmek.
*Peýmana* – ajal, ölçeg, ömür, ölmek.
*Peýwende* – bag, berkitme, birleşdirme.
*Peýwent* – ýüp bilen baglanan, birleşen.
*Pyrak* – aýralyk, jyda düşme.

## R

*Raks* – tans.
*Rakyp* – bäsdeş, keseki, bigäne, ýat.
*Rawy* – gürrüňçi, rowaýatçy, aýdyjy.
*Rekagat* – namaz okalanda bir gezek egilip galmak.
*Rozygär* – ýaşaýyş, durmuş.
*Ryzat* – razy, minnetdar bolmak.

## S

*Sabahun urmak* – daň bilen duşmanyň üstine duýdansyz çozuş.
*Sagadat* – bagt, şowlulyk, rowaçsyzlyk.
*Sagdak* – ok salynýan torba, okdan.
*Sahyp-yhsan* – sahy,yhsan eýesi.
*Salah* – ýarag.
*Salawat* – pata berme, Allanyň merhemeti, alkyş.
*Sap* – goşun, urşujylaryň hatary.
*Sap düzmek* – hatar düzmek.
*Saraý* – köşk.
*Sena* – doga okamak, wasp etmek, alkyş etmek.
*Serasyma* – aljyraňňy, özüňi ýitirmeklik.
*Sernegüwn* – başaşak, ýykylan.
*Serwinäz* – söýgüli, gözel, gözeliň boýy.
*Simi-zer* – gyzyl-kümüş, pul, baýlyk.
*Siňli* – aýal dogan, uýa.
*Suzan* – ýandyryjy, ýanan, köýen, ýakyjy.
*Sypagärlik* – esgerlik,
*Sypah* – esger.
*Syýak* – tertipli, oňat gylykly.

## Ş

*Şabaz* – 1. laçyn, bürgüt. 2. batyr, edermen, şöhratly.
*Şal* – mata.
*Şekgak* – şek getirji, erbet.
*Şekil-şemaýyl* – görnüş, gylyk-häsiýet.
*Şeşmir* – ýarag ady.
*Şeýda* – däli, hetdenaşa aşyk.
*Şir-jiýan* – aýylganç sesli jeňňel gaplaňy.
*Şöwket* – dabara, mertebe, ululyk.
*Şowuk* – meýil, höwes, yşk, güýçli arzuw.

## T

*Tebili şadyýana* – dabaraly, şatlykly saz.
*Teblehana* – at daňylýan ýer, athana.
*Töhbe* – sowgat.

## W

*Weç* – zat.

## Ý

*Ýah* – sowuk, buz ýaly.

## Y

*Ybrat bolmak* – nusga bolmak.
*Yhsan* – ýagşylyk, bagyşlanan zat.
*Ystykamat* – görüşmek
*Yştan* – balak.
*Yzhar etmek* – beýan etmek, mälim etmek.

## Z

*Zagpyran* – sary reňkli oňat ysly ösümlik, şafran.
*Zary-binowa* – aglaýan biçäre, gözýaş dökýän betbagt.
*Zaty* – bir zadyň asly, esasy, eýe, şahsyýet.
*Zeberdest* – batyr, gahryman, edermen.
*Zeňňi* – gara, garaýagyz adam.
*Zerdarlyk* – altyn-kümüş, zer eýesi.
*Zer-zewer* – altyn, gyzyl, gymmatbaha daşlar.
*Zyba* – owadan, gözel, arassa.
*Zyýapat* – myhmançylyk, toý-meýlis, üýşmeleň.

## MAZMUNY

Warka – Gülşa (Dessanyň ýazuwly nusgasy) ............................9

Warka – Gülşa (Dessanyň bagşy nusgasy) ..............................63

Warka – Gülşa (Dessanyň halk agzeki nusgasy) ...................115

*N. Seýidow*. «Warka – Gülşa» dessany we onuň
türkmen nusgalary ..................................................................129

Sözlük ........................................................................................150

# Warka 兰Gülşa

**(Türkmen halk dessany)**

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Esenow**
**Korrektor M. Amanowa**

Çap etmäge rugsat edildi 01.12.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 10.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 2 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14626

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.